Abdulsetdar Kazy

# JEŇNAMA

# جنگ نامه

GAÝTADAN IŞLÄN:

ARNE GOLI

SWEDEN 2022

MERKEZI ÖWRENIŞ MERKEZIŇ NEŞRI

# LATYN

# HEM-DE

# ARAP-PARS ELIBIBSINDE

**TITLE:**
**THE TURKMEN'S BATTELE AGAINST IRAN 1858—1861**
**PRINT HOUSE: TISK OD 1 KS.CZ. PRAGUGE. CZECH RUPUBLIC**
**PUBLISHED BY: TURKMEN STUDY CENTER. SUMMER 2022**



ИЗДАНІЯ
ФАКУЛЬТЕТА ВОСТОЧНЫХЪ ЯЗЫКОВЪ
ИМПЕРАТОРСКАГО С.-ПЕТЕРБУРГСКАГО УНИВЕРСИТЕТА.
№ 34.

Абду-с-Саттаръ казы

КНИГА РАЗСКАЗОВЪ О БИТВАХЪ ТЕКИНЦЕВЪ

ТУРКМЕНСКАЯ ИСТОРИЧЕСКАЯ ПОЭМА XIX ВѢКА

ИЗДАЛЪ, ПЕРЕВЕЛЪ, ПРИМѢЧАНІЯМИ И ВВЕДЕНІЕМЪ СНАБДИЛЪ
А. Н. Самойловичъ

(съ одной таблицей)

С.-ПЕТЕРБУРГЪ.
ТИПОГРАФІЯ ИМПЕРАТОРСКОЙ АКАДЕМІИ НАУКЪ.
Вас. Остр., 9 лин., № 12.
1914.

تکه‌لارینک اوروش قصّه کتابی

جنکنامهٔ عبد السّتار قاضی

طبع

فی مدینة سانکت بطربرغ المحروسة
بمطبعة دار العلوم
سنة ۱۹۱۴ المسیحیة

**Jeňnama kitaby 1914-njy ýylda rus alymy Samoýlowiçiň tagallasy bilen ilkinji gezek Sankt-Peterburgda çap edildi. Şol eserden görnüşler.**



**Eseriň golýazma görnüşinden bir sahypa**

*19-njy asyr Türkmen şahyry Abdulsettar Kazynyň bu eseri uly taryhy wakany suratlandyrypdyr. Eseriň golýazmasy birnäçe gezek göçürlip, ýazylypdyr. Soňky gezek Myratberdi ogly Hojaly mollanyň göçüren golýazmasy meşhur Kyýat hanyň agtygy Nikolaý Ýomudskiý-Han Ýomudyň erkinden bolup, şol nusga esasynda baryp 1914-nji ýylda meşhur rus gündogarşynasy Samoýlowiç Sankt-Peterburgda ilkinji gezek Jeňnamany çap etdiripdir.*

*Samýlowiç bu eser hakynda şeýle maglumat beripdir: «50 sahypadan ybarat bolan bu golýazma 15×22 santimete möçberinde, rus kagazynda, "Sergeý" fabrikinda N.5 bellik bilen çap edilipdir. Golýazmanyň daşy geçiniň hamyndan bolup, her sahypasynda 11 setir ýerleşdirilipdir.*

# Sözbaşy

19-njy asryň 2-njy ýarymynda Eýranyň gajar patyşasy Naseretdin iki gezek türkmen topragyna agyr goşun bilen çozýar, türkmenleriň berk gaýtawul bermegi netijesinde olaryň ikisi-de yza serpikdirlýar. 1858-nji ýylda patyşanyň permany bilen Astrabat häkimi Japarguly han (Şadlu-kürt) Garrygala ýöriş gurnaýar, ýöne ol ýeňlip yza çekilýar we Eýrana ýetip-ýetmänkä öldürülýär. 1860-njy ýylda Horasanyň häkimi Hemze mürze 40 müň sany esgeri bilen Mara hüjüum edýär, olam ýeňlip Tahrana gaçyp atýar.

Bu iki waka barada şol döwürde ýaşan we Hywada kazylyk bilen meşgullanan Abdysetdar kazy özüniň "Jeňnama" poeýamasynda gyzykly maglumat beripdir. Magtymlardan bolan Abdysetdar Gökdepäniň "Kelete" obasynda önüp-ösüpdir, ýaşlygy şol ýerde geçipdir, başlangyç sowady hem şol ýerde alypdyr. Şahyryň doglan we aradan çykan wagty belli däl. 1820—70-nji ýyllar diýilýän çaklama bilen goýlaý senelerdir.

• • •

Klassyky edebiýatymyz goşgy/ poema arkaly taryhy tragediýa waklary açmakda doly ýetişmedi, ýöne Misgingylyjyň «Batyr Nepes», «Düýe Gurban», Dowan şahyryň «Teke-gajar», Muhammetrahymyň (Mollanepesiň ogly) «Uruş» dessanlary, Abdysetdaryň «Jeňnama» mazmunyny gaýtalaýardylar, olar 1858—61-nji ýyllaryň uruş

wakalaryny janlandyrýardylar. Jeňnamanyň gahrymanlary — Gowşut han, Hemze Mürze, Gara Sertip we Eýran hem türkmen goşunbaşylary. Emma bu eserler döwrüň syýasy we watançylyk ruhuny, bitewi bir millet we döwlet bolmak ugrundaky göreşleriň asyl maksadyny açyp bilmeýärdiler, olara dogry baha berip bilmeýärdiler, aslynda ideýalary çigdi hem egsikdi.

Türkmen halky 19-njy asyrda dört sany aýylganç uly harby hasratly pidasyny çekipdi. Buhara emiri Mir-Haýdaryň 1823-nji ýyldaky Lebaba çozuşynyň poetiki taryhyny Seýdi ýazyp beripdi. Şonuň üçin biz oňa watançy şahyr adyny goýduk. 1855-nji ýyldaky Hywa hany Mädeminiň Mara çozuşyndaky halkyň çeken azaby diňe Hywa taryhçylarynyň ýazgysynda taryha girdi. Eýran şasy Nasreddiniň 1858-nji we 1861-nji ýyllardaky Gürgene we Mara çozuşlarynyň (40 müň goşun bilen) ýazgylary hem eýranlylar tarapyndan ýazylypdy. Şeýle taryhy ýazgy bize-de gerekdi. Her kim özüni aklamaşak bolsa, biz hem öz hereketlerimiziň hakdygyny faktlar bilen subut etmelidik, iki tarapyň ideýa pozisiýasyna özümizçe baha bermelidik. Diýmek, taryhy ýazga mätäçlik döräpdir. Halkyň öz taryhy ýeňişlerini ýazgysyz goýasy gelmändir. Ine, halkyň şu islegini Abdysetdar ýerine ýetiripdir. Şol islegi hem poemanyň hut özüne salypdyr. Poemanyň ýazylmagynyň düýp sebäpkäri halkyň özi bolupdyr. Halkyň haýyşçylary (mültemesler) arz bilen Abdysetdara ýüz tutupdyrlar:

«Kim ol şahy-gyzylbaş ah tartyp,
Adamçy ner kibi gözün alardyp.

Ýetip geldi düzäp kerru-ferini,
Huda imdady birle leşgerini.

Şikest eýläp, hemme ýegsan kyldyk,
Ýykyp, ýenjip hemme bijan kyldyk.

Ki elkyssa, bularyň kyssasydan,
Beýan eýläp bular dil gussasydan.

Ki nazm içre zehi JEŇNAMAIÝ — hup,
Bular ahwalydan kim bolsa mektup».

Şu setirlerden türkmen halkynyň Eýran şasyna we onuň pygyllaryna garaýşy açyk görünýär. Nasreddiniň bar maksady türkmenleri baknaçylyga öwürmek. Halk wekilleri ýürek (dil) gussasyny taryha salmak, gahrymançylygy ebedileşdirmek babatda Abdysetdara ynam bildiripdirler. Şahyr şuny hem poema salypdyr. Ol nazm bilen (şygyr) ýazmagy maksat edinse-de, özüni örän oňaýsyz duýupdyr, belki, şygyr ýazmak entek gören zady däldir. Onda ýazyp bilmen diýen gorky bar:

Ki andan soň tefekkür pişe kyldym,
Kylalmas men diýban endişe kyldym.

«Tefekkür kylmak» (pikire batmak) aňlatmasy şu ýerde örän köp manyda gelýär. Biziň pikirimizçe, onuň söweşe baha bermek diýen manysy hakykata laýykdyr. Urşy beýan etmegi her bir çeper sözüň eýesi başaryp biler. Oňa baha bermek üçin bolsa syýasatçylyk, diplomatik ukyp, giňişleýin gözýetim gerek, oňa belli bir ideýa pozisiýasynda durup, netije çykarmak gerek.

Abdysetdar sowatly taryhçy we zehinli şahyr hökmünde hem Eýranyň hem, türkmeniň syýasy pozisiýasyna baha bermegi başaryp bildi. Ol Nasreddini basybalyjy hökmünde görkezdi, onuň ähli gara maksadyny, harby taktikasyny çuňluk bilen açyp berdi hem-de zannyýaman syýasatynyň galp perdesini sypyryp goýberdi. Onuň basyp bilmeýän ýagysynyň tekeler hem ýomutlardygyny şahyr gaty gowy duýupdyr. Şu töwerekdäki türkmenleriň bu iki tiräniň daşynda jemlenip, uly harby güýje öwrülendigini şa bilip durdy. Şu ikisiniň arasyna, juda bolmanda, haýsy hem bolsa başga bir ownuk tireler arasynda agzalalyk döretmese, türkmenleriň pes garşydaş bolup döremejegini bilip durdy. Abdysetdar, Nasreddiniň obrazyna, ine, şu gara maksady salmagy ussatlyk bilen başaryp bildi. Şu hem poemanyň iň gymmatly ideýa aýratynlygy bolup durýar.

Türkmen halkynyň taryhyna, ar-namysyna, rahat durmuş ugrundaky göreşlerine köşk taryhçylary tarapyndan göz-görtele şyltak atylyp durka, onuň gaýraty, mertligi, ruhy beýikligi barada

döretmegiň nähili ähmiýetiniň bolandygy öz-özünden düşnüklidir. Halky töhmetden goramak uly bir graždan duýgynyň alamatydyr.

Abdysetdaryň «Jeňnamasy» ynjalygy alnan, degnasyna deglen, gan ýuwutdyrylan halkyň göreş hyjuwynyň hiç wagt kemelmändigini, öz azatlygy ugrunda mydam kuwwatly gaýratynyň bolandygyny nygtanlygy bilen gymmatlydyr.



**Akademik Aleksander Nikolaýewiç Samaýlowiç**

**(1880-1938)[1]**

[1] Gündogary öwreniş alym, Türkolog, SSSR ylymlar Akademiýasynyň agzasy. Nižniý Novgorod institutini we Sankt-Petersburg uniwersitetiniň Gündogary öwreniş fakultetinde, Arap-Pars-Türk-Tatar bölüminde okuwuny tamamlady. 1922-1925 ýyllarynda Leningradyň Gündogary öwreniş Institutiniň rektory, 1929-1933 ýyllary arasynda SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Sosýal ylymlar bölüminiň Sekreteri, 1934-1937 ýyllarynda SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Göndogary öwreniş Institutiniň Müdüri boldy. Staliniň repressiýasyna düşdi, 1937 ýylynda Ýaponýa içalylykda we terorrçy guramany gurmakda aýplanyp tussag edildi we 1938 ýylyň fewral aýynda Stalynyň buýrugy bilen atyldy.

Abdysetdar Kazynyň durmuş ýoly hakda maglumat juda ujypsyz. Akademik A. N. Samoýlowiçiň 1914-nji ýylda Gyzylarbatly Hojaly molla Myratberdi oglunyň iberen edebi salamnamalary boýunça jemläp beren maglumatlarynyň üstüne edebiýaty öwreniş ylmymyz heniz hem hiç zat goşup bilenok. Şahyr barada alada-da edilmedi, öwreniljek hem bolunmady.

Abdysetdar Kazynyň ömrüni we döredijiligini dikeltmekde we öwrenmekde akademik A. N. Samoýlowiçiň (1880—1938) Gyzylarbatly şahyr hem pristaw/ mürzesi- **Hojaly molla Myratberdi oglunyň** (1860—1920) hyzmatlary uludyr. Olaryň edebi hyzmatdaşlygy 1902-nji ýyldan, ýagny A. N. Samoýlowiçiň Türkmenistana ilkinji ylmy syýahatyndan başlanýar. Şonda alym Hojaly molladan örän köp edebi maglumatlar alýar, Abdysetdar kazynyň «Jeňnama» atly kitap ýazandygyny eşidýär.

Hojaly molla 1903-nji ýylda alyma ýazan birinji hatynda şeýle maglumat berýär:

> «...şol «Tekeleriň uruş kyssa kitabyny[2]» düzgüji we ýazgyjy müsennef- (awtoryň) ady Abdysetdar Kazy. Özi Magtym taýpasyndan bolar. Ýedi ýyl Hywada kazylykda olturypdyr. Köp ýagşy molla (alym) kişi imiş. Häzir onun dört ogly bar. Anlar hem Hywada bolur. Ulug ogullary

[2] Bu eserde A.Kazy ýomut, gökleň, tekäniň Eýrana garşy göreşini suratlandyrýar, bu esere "tekeleriň..." kitaby diýmek ýalňyşdyr. A.Goli

> ady Seýidahmet işan diýerler. Bu hem molla, ýagşy işan diýerler. Başga artyk habarlary bilmek çetinräkdir. Haçan eneden boldy we haçan dünýäden ötdi we nä ýerler, ýurtlary gezdi, zerur bolsa, soňra ýene sorap ýazarmen. Gökdepede garyndaşlary bar imiş. Bir näçe ýyl hem Gökdepede olturypdyrlar»[3].

Şundan başga şahyr barada hiç hili takyk maglumat ýok. Hojaly molla-da soňra öňkä goşmaça material toplap bilmändir. Şahyr Gökdepäniň "Kelete" obasynda önüp-ösüpdir, ýaşlygy şol ýerde geçipdir, başlangyç sowady hem şol ýerde alypdyr. Şahyryň obadaşlary onuň ideg-soragyna çyksalar, belki, täze faktlar taparlar. Abdysetdaryň medrese bilimini alandygy barada şübhe ýok. Çünki kazy bolmak- onda-da Hywa ýaly ösen feodal şäherde şu wezipede işlemek üçin ylm sowadyň ykrar edilmegi esasy şertdir. Muny A. N. Samoýlowiç has gowy nygtapdyr. Biz onuň medrese sowadyny başga fakt bilen subut etmek isleýäris. Bu onuň syýasy gözýetimi, dünýägaraýşy bilen bagly mesele. Dar gözýetim, çalasowat adam iki uly feodal döwletiň — Eýranyň we Hywanyň türkmenler baradaky syýasatynyň wagşyýana häsiýetini duýup, ony çeper sýužete salyp bilmezdi. Abdysetdar türkmeniň içki we daşky syýasy durmuşy bilen çuň gyzyklanan, milli duýgusy gaty taplanan şahs bolup görünýär.

[3] Самойлович А. Н : Книга рассказов о битвах Текинцев, СПБ, 1914, s.7

Türkmeniň ykbalyndan onuň başy çykýar, «goňşularyň» niýetini duýup dur.

Abdysetdaryň arap-pars dillerini, dini-düşünje ylmy biliş derejesi poemadan görnüp dur. Elbetde, şahyr öz ene diliniň çunluklaryna tarap giden bolsa, poemasyny hem arassa şu dilde ýazan bolsa, onuň halkylygy bir gezek ýokary galardy. A. N. Samoýlowiç «Maňa mälim bolan türkmen ýazyjylarynyň içinde sowatlylygy boýunça şonuň bilen bir hatarda, belki, ondanam has ýokarrak orunda diňe Magtymgulynyň kakasy Döwletmämmet Azadyny goýardym»[4] diýýän wagtynda hem onuň dini sowadyny, arap-pars dillerini biliş derejesini göz öňünde tutan bolsa gerek.

Abdysetdaryň şygyr sowady hem onuň medresäni gutarandygyna şaýatlyk edýär. Bilimsiz edebi zehinler hiç wagt Gündogar şygrynyň sungat tilsimlerine girip bilmeýärler. Şygryň içi durşy bilen sistemalaýyn tehnika. Oňa aruz diýilýär. Aruz, şahyrdan ýokary kämilligi talap edýär. Abdysetdaryň eseri hem aruzyň poema ölçeginde, ýagny alty **stopaly** doly däl **hezeç** formasynda ýazylandyr.

Şahyryň doglan we aradan çykan wagty belli däl. 1820—70-nji ýyllar diýilýän çaklama bilen goýlaý senelerdir.

• • •

«Jeňnamanyň» ýazylan döwri türkmen halkynyň Eýran şasyna we Horasan beglerine garşy aýgytly göreşe galkynan döwri bolup

[4] Самойлович А Н , şol eser s.08-09

häsiýetlenýär. Eger-de asyryň başlarynda Kaspi/Hazar deňzinden başlap, Murgap oazisi[5] aralykda heniz mäkäm oturymlylyga geçip, sosial-ykdysady taýdan berkemedik halkyň syýasy erki Hywadyr Buhara hanlyklaryna bagly bolan bolsa, 40-njy ýyllardan başlap aýgytly syýasy öwrülişikler halkyň aňynda özbaşdaklyk ugrundaky milli duýgusyny oýarypdy. Murgap, Tejen, Gürgen oazislerinde we Ahal etraplarynda oturymlylygyň köpçülikleýin häsiýete öwrülmegi hanlyk hakdaky pikiri has hem ösdüripdi. Maryda Gowşudyň, Ahalda Nurberdiniň hanlygy güýjäp başlapdy. Ownuk tire hanlyklarynyň özakymlaýyn suratda merkezleşip barýan bitewi hanlyklaryň daşyna jebisleşmek prossesi gidýärdi. Döwür harby jebislik diýen ideýany orta çykarypdy. Şol jebisligiň kuwwatyny halk öz gözi bilen gördi. Ol 1855-nji ýylda Hywa hany Mädeminiň 30—40 müň esgerli goşunyny Marynyň eteginde derbi-dagyn etdi. Indiki mesele Ahal we Mary hanlyklaryny birikdirmekden ybaratdy. Şeýlelikde, döwlet döretmegiň syýasy esasy tutulyp bilinjekdi. Şu ýagdaýy goňşy hökümdarlar—Eýran şasy Nasereddinem, Hywanyň täze hany Seýit-muhammedem görüp otyrdylar. Üstesine-de, aralykda duran ummasyz giden ykdysady baýlygy iki hökümdaryň hem elden gidiresi gelenokdy, biri-birinden gabanýardylar. Şeýlelikde, uruş gutulgysyz çykalga bolup durdy. Şol urşy hem ilki bolup Eýran başlady. Nasreddin hersi 40 müň esgerden ybarat bolan iki ýöriş

---

[5] Jülge.

geçirdi. Olaryň birinjisi 1858-nji ýylda Garrygalanyň üstüne sürüldi. Oňa Bujnurtly kürtlerden Astrabat häkimi Japarguly goşunbaşylyk etdi. Ikinji ýöriş Nasereddin şanyň agasy Hemze mürze tarapyndan 1861-nji ýylda Marynyň üstüne geçirildi. Ýörişleriň ikisi hem Eýran üçin şowsuz gutardy. Eýran agyr ýitgiler çekip, it masgarasy bolup ýeňildi. Şol söweşlerden soň Nurberdi han Marynyň hem hany diýip yglan edildi. Göräýmäge bitewileşmek prosesi gutaran ýaly. Emma jebislik prosesi şol ýeňişler bilen hem diňe isleg bolup tamamlanypdy. Geleňsizlik we biagyrylyk halky ýene-de Hywanyň garamagyndaky welaýata öwrüpdi.

«Jeňnama» poemasynyň mazmunyny, ine, şu iki urşuň wakalary düzýär. Abdysetdar şu iki jeňiň döwründäki halkymyzyň söweşjeňlik ruhuna syýasy taýdan baha beripdi, şahyrana güýjüniň ýetdiginden janlandyrypdy.

• • •

Taryhy poemanyň öz çeperçilik talaplary bar. Ol taryhy faktlardan gatybir daşlaşmaýar. Ýöne diňe bir faktlaryň ýygyndysyna hem öwrülmeýär. Ol taryhy söweşleriň belli, aýgytly pursatlaryny faktlaryň hem çeper fantaziýanyň utgaşygy bilen janlandyrýar. Eseriň gahrymany taryhy şahslar bolup, şahyr şolaryň belli bir pursatdaky gahrymançylygyny ýa tipleşdirýär, ýa-da ideýallaşdyrýar. Olar çeper obraza öwrülýärler. Getirilýän taryhy faktlar bolsa, gury hasabat bolman, obrazyň häsiýetini açmaga

hyzmat edýärler. Abdysetdar taryhy poemanyň şu çeperçilik däbini kemsiz özleşdiren şahyr bolupdyr.

Nasreddiniň iki ýörişiniň dokumentleri-buýruklary, permanlary, harby görkezmeleri, uruş strategiýasy, garaz, şuňa meňzeş resmi faktlar bilen Abdysetdaryň asyl işi ýok. Tersine, şahyr agyr taryhy hasraty öz ruhy dünýäsinden geçirmek bilen, Nasreddin, Japarguly, Nurberdi, Gowşut han ýaly taryhy şahslary çeper obrazlar hökmünde poema salmagy maksat edinipdir. Şolaryň obazlary arkaly döwrüň wajyp ideýalaryny açmaga synanypdyr.

Poema žanrynyň klassyky poeziýada möwritini geçirip ýören döwründe onuň şeýle ägirt nusgasynyň döremegine näme sebäp bolup biler? 19-njy asyryň ortalarynda Günorta Türkmenistan hut şu žanryň döremegine sosial-taryhy şert döretdi. Garrygaladan başlap tä Murgap oazisi aralykda ýaşaýan türkmenleriň erkinlik, baknaçylykdan çykmak ugrundaky aýgytly göreşiniň etapy başlandy.

Eýran bilen Hywa aralygynda iki taraplaýyn talaňa düşen halkyň göreş hyjuwy, watançylyk duýgy ýokary kaddyna ýetdi. Degnasyna deglen halk gahrymançylykly ruha ýugruldy. Şeýdip, edebiýatyň önki žanrlary täzeden janlanmaly boldy. Ýa eposçylyk däp, harby-gahrymançylyk dessany ýa-da taryhy poema döremelidi. Bu, biziň pikirimizçe, wagtlaýyn zerurlyk däl-de, hut taryhy zerurlykdy. Göreş, batyrlyk, gaýduwsyzlyk, zalymlyk, basybalyjylyk, baknaçylyk, köşk hilegärligi... ýaly döwruň öňe çykaran häsiýetlerini, ideýalaryny diňe

şu iki žanr arkaly açyp boljakdy. Ine, «Jeňnamanyň» döremeginiň taryhy sebäpleri şundan ybaratdy.

Poemanyň gahrymanlarynyň hersiniň öz gulluk edýän ideýasy bar. Eseriň baş ideýasy basybalyjylygy, ganhorlugy, baknaçylyk syýasatyny ýazgarmakdyr. Şu ideýany açmak üçin şahyr Nasreddiniň obrazyny örän janly işläpdir.

Pedagok alym W. G. Belinskiý «Taryhy durmuşyň mazmunyny faktlar däl-de, ideýalar düzýär» diýip belleýär. Şu jähtden seredilse, «Jeňnamanyň» döredilen döwründe türkmen halkynyň durmuşynda haýsy ideýalar meşhurdy we poema taryhy faktlar giripmi ýa-da taryhy ideýalar diýen kanuny soragy goýup bolar. Bu döwürde durmuşda düýpli syýasy gapma-garşylyk köpdi hem-de halkyň öňünde çözmeli mesele köpelipdi. Ine, şol meseleler hem wajyp ideýalary keserdip goýupdy. Keseki feodal döwletleriň— Eýranyň hem Hywanyň arasynda raýatlyk barada syýasy dawalaryň güýjän döwründe türkmen üçin baş ideýa bolup watany goramak, agzybirlik we bitewi harby güýç edinmek orta çykypdy. Bu ideýa gutulgysyzdy hem-de gaty çalt çözülmegini talap edýärdi. Çünki baknalyk ýa-da gul bolmak howpy abanyp durdy. Ine, Abdysetdaryň poemasynyň gymmaty şu ýerden gözbaş alyp gaýdýardy. Ol taryhy wakalary bolşy-bolşy ýaly edip gaýtalap berýän, ideýasyz bir taryhy ýa-da ylmy eser ýazmady-da, hut türkmeniň durmuşyndan syzylyp çykýan ideýalary açmaga üns beripdir.

«Jeňnamada» taryhy wakalaryň yzygiderliliginiň saklanmagy köp okyjyny we alymy aldady, oňa guraksy taryh diýip baha bermäge getirdi. Emma şol yzygiderlilik şahyra wakalary çeper gurnamakda artykmaç päsgel bermändir. Wakany we häsiýeti bolşuna görä yzarlamakda eserde logiki bitewiligiň bardygyny asla inkär etmek bolmaz, ol ýokardaky agzalan ideýalary açmak üçin şol wakalary ýerli-ýerinde goýmaga aýratyn üns beripdir. Eger şahyr diňe faktlara daýanan bolsady, onda taryhy şahslaryň, umuman döwrüň ruhy çeper açylmazdy, Nasreddiniň ganhorlugy, Japargulynyň şöhratparazlygy, Nurberdiniň agzybirlik paýhasy, Gulten batyryň ýaýdanjaňlygy, Hemze mürzäniň mekirligi, halk batyrlarynyň göreş hyjuwy açylmazdy.

Eserde bitewi sýužetiň bardygyny hem inkär etmek bolmaz. Abdysetdar bolup geçen wakany özuçe «sahnalaşdyrypdyr». Bu sýužet Nasreddin şanyň Türkmenistanyň öz ýurdy bilen serhetdeş ýerlerini Hywadan gabanmak we basyp almak baradaky pyglyny açmakdan ybarat. Eseriň butin konflikti, ine şu maksadyň töwereginde jemlenipdir. Ähdiýalanlyk we duýdansyzlyk bilen öz gara niýetini durmuşa geçirmek isleýän Nasreddin Garrygala goşun çekýär, Mara bolsa çapawul iberýär. Maryny ysgyndan gaçyrmak üçin ol mülkler ustündäki göreşi öjükdirmegi maksat edinýär. Japargulynyň goşun toplamasy, Mazanderan jeňňelinde agyr goşun bilen maslahat etmegi we Gürgene gelmesi bilen konflikt ösýär. Bu

ýygyn barada türkmenlere habar gelmesi, olaryň Garrygala galasyna onarmasy, öz dogan tirelerine habar göndermesi, maryly türkmenleriň Ahal hanyna ýüz tutmasy, uruş sahnasy ýaly wakalaryň içinde konflikt barha ýitileşýär. Ilkinji çaknyşygyň Eýran üçin şowsuz bolmagy konfliktiň psihologiki planda has dartgynlaşmagyna getirýär. Japarguly öz etini özi iýýär. Agyr goşunyň emelsizligi, patyşa beren sözüniň puç bolmagy, gije ýatyp bilmän urunmasy, ine şu psihologiki sahnalarda gapma-garşylyk ýitileşýär. Japargulynyň ölümi, goşunyň başly-barat dargamagy bilen, bu dartgynlyk ýokary çägine ýetýär. Indi Nasreddiniň soňky hereketi bilen ol çözülip başlanmaly. Basybalyjy amana geläýmeli ýaly welin, ol barha öjügýär, dälilik kaddyna ýetýär. Bu ýeňlişi ol namysyna degildigi hasap edýär. Japargulynyň ýeňlişi barada habar getireniň gulagyny-burnuny kesdirip zyndana atyp otyr. Ähli gaharyny Japarguludan çykarjak. Emma onuň hem öldi habary gelýär. Goşunyň Maryda synmagy bilen bolsa konflikt doly çözülýär. Uly şalyk agzybir halkdan asgyn gelýär, agzybirligiň güýji dabaralanýar.

Abdysetdaryň feodal şa baradaky pikir-düşünjesi uzak döwrüň dowamynda harby wakalaryň içinde bişişipdir, kämilleşipdir. Onuň ýedi ýyllap Hywada, köşge golaý ýagdaýda ýaşamagy han we şa psihologiýasyna gaty belet bolmagyna getiripdir. Şahyr Hywa bilen Eýranyň poemadaky wakalaryň döwründe alyp baran syýasy oýunlarynyň içindedi, türkmene gurulýan duzagy Hywada oturyp

synlaýardy. Bu meselede Hywanyň tutýan pozisiýasyny hem şahyr görüp otyrdy. Emma ony açmak şahyr üçin howply bolany üçin poema salmakdan saklanypdyr. Şonuň üçin Nasreddiniň obrazyny şahyr diňe Eýran şalygynyň türkmenler baradaky syýasatyny açmaga jemläpdir. Hywa problemasy gapdalda galypdyr. Nasreddin bary-ýogy üç epizodda hereket edýänem bolsa, şahyr onuň obrazyna türkmene edilýän syýasy we harby sütemiň düýp mazmunyny siňdirmegi başarypdyr.

Mälim bolşy ýaly, 19-njy asyryň 50—60-njy ýyllarynda Eýran bilen türkmenleriň başga-başga syýasy gurluşy bardy. Eýranda resmi döwlet bardy, syýasy taýdan bitewidi. Türkmenleriň bolsa, dagynyk feodal düzgünde ýaşap, şol syýasy bitewnligi ýokdy. Ownuk hanlyklar biri-birinden üzňedi, hatda özara dawa-jenjeller häli-şindi tutaşyp durýardy. Şeýle ýagdaýda Eýran-türkmen goňşuçylyk gatnaşyklarynyň näderejede boljakdygy görnüp durdy. Ine, şu syýasy ýagdaýy duýan Abdysetdar Eýranyň türkmene nähili garaýandygyny açmak üçin Nasreddini wakalara kän gatnaşdyrmaýar-da, köplenç oňa monolog okadýar. Şol monologlarda bolsa şalyk Eýranyň goňşy döwletlere bolan gatnaşygy aýdyňlaşýar.

Nasreddin Eýran bilen serhetdeş ýurtlaryň ählisinden öz welaýatyny ýokarda goýýar. Türkmenler hakda bolsa ol diýseň kemsidiji pikirde, asla ony ýurt we halk hökmünde ykrar hem etmeýär. Türkmenler onuň üçin goňşy däl-de, bermeli hyraç-

salgydyny wagtly-wagtynda berip oturmaly sadyk gul, ony islän wagtyň basyp alyp, gyryp ýa-da ýok hem edip bolar!

Biler men teke ili bir bölekdir,
Gelip kim köl era düşgen jöwlekdir.

Görnüşi ýaly, şa türkmenleri deňziň içine düşen bir damja (jöwlek) diýip atlandyrýar. Ony ykrar edenok, äsgerenok, Ýöne Nasreddiniň bir hakykaty göz öňünde tutasy gelenok. Watan, toprak, il-halk ykbaly hakda mukaddes gürrüň gidýärkä, feodal hanlyklarynyň harby bitewilige öwrülmegi mümkindi. Ýeke-täk häkimlik, güýje buýsanmak endigi bilen gözi gyzaran şa halkyň ar-namys, gahar-gazap ruhunyň bardygyny unudýar.

Poemada Nasreddiniň hakimsöýerlik, buýsanjaňlyk hem men-menlik häsiýeti örän çuňdan açylýar. Abdysetdar onda gündogar Despotlaryna, monarhlaryna mahsus bolan häsiýetleri jemläpdir. Onuň özüne gaty göwni ýetýär, öwünjeň hem buýsanjaň. Onuň şu häsiýetleri kem-kemden gazaply ganhorluga, rehimsiz süteme we zuluma öwrülýär.

Nasreddin öz aýak ýetýän ýerinde garşydaş häkimiň we güýjuň ýokdugyna öz-özüni ynandyrypdyr. Özüni legendar Rüstemiň, Peridunyň, Isgenderiň deňinde görýär:

Hyruç etsem eger her bir diýara,
Alurmen ýer ýüzüni bara-bara.

Poemanyň baş konflikti köşkde bolan bir meýlisden başlanýar. Bu meýlisde syrly äheň bolup, Nasreddiniň goňşy tekeler barada köşgüň «pikirini» diňläsi gelýär. Ol özüni köp wagt bäri ynjalykdan aýran türkmenleriň ykbalyny belli-külli çözmegi maksat edinýär. Şonuň üçin ol mekirlik we şelaýynlyk bilen türkmeni ýanjap başlaýar, olaryň bibaş- lygyndan, kemhormatlygyndan zeýrenýär, Alamana ýa-da salgyt ýygymyna giden nökerleriň eli boş gelşine, it masgarasy bolup ýeňlişine ýüregi awan kişi bolup, köşgüň taryna kakýar. Aslynda ol yrsaraýardy. Tekeleriň bu bolşuny, agyr döwleti kemsitmek, boýnuýogynlyk, Eýrany äsgermezlik ýaly many berýär!

Ýygyp leşger iberdim kim seraser,
Niçe sertib-u serheň birle ýawer.

Tekeden basylyp, eýläp syrym paş,
Gelerler bihaýa ähli gyzylbaş.

Bu mekir sözleriň astynda gara maksat ýatyrdy. Nähilidir bir bahana bilen türkmenleriň ýerini Hywanyň elinden gaňryp almakdy. Şu maksat poemada anyk aýdylmasa-da, taryhy faktlar şony açyk tassyklaýar. Şa üçin baş maksat — territoriýa. Halkyň ykbaly ony asla gyzyklandyrmaýar. Şu günki meýlisi hem diňe türkmeni gyryp tüketmelimi, göçürmeli ýa-da tabyn etmeli diýen maksat bilen tutupdy. Abdysetdar, Nasreddini aýylganç ganhoryň sypatyna salýar. Ol köşgi gysyp-gowrup barýar:

Kylyp erkänige[6] meşweretni,
Tapyňlar geneş eýläp maslahatny.

Pygly bozuk köşgüň hapysa hem ýaranjaň wekilleriniň häsiýetini şahyr gara niýet weziriň şu pursatdaky hereketi bilen açýar. Abdysetdar türkmenler baradaky «maslahaty» hem şoňa tapdyrýar. Wezir şanyň meýlini duýup dur. Şonuň üçin tekelere bolan ýigrenji has hem güýçlendirmek üçin mekirlige ýüz urýar. Galp taryhy maglumatlary getirmek bilen şany gjyndyrýar, dälilik kaddyna ýetirýär: «Tekeleriň häzirki oturan ýeri aslynda Eýranyň merhemetli şalarynyň-begleriniň ýeri bolmaly, Nedir şa ölenden soňra başyna giden tekeler ýerli halky eýranlylary gyryp, öz ýurdundan Horasana tarap awara edip goýberdiler»—diýmek bilen, Nasreddiniň basybalyjylyk meýlini duýýar hem aklaýar:

Gadyman şäherhaýy[7] — abadanlar,
Sorap ötgen any köp şähriýarlar.

Ki Nedir soňydan kim ähli teke,
Kim ol şährlerni alyp ýeke-ýeke.

Kim anyň ilini taraç ediban,
Esir eýläp, basyp, ýenjip, satyban.

---

[6] Hökümet ýolbaşçylary
[7] Şäherler

Kim baky karyýalarny[8] bara-bara,
Horasan sary kim kyldy awara...

Tutup mesgen any emläk edipdir,
Niçeler bagryny kim gan edipdir.

Nasreddin üçin şu sözleri eşitmek ýeterlik. Ol weziriň «Ahal sary iberseň leşgeriňni» diýen sözüni bada-bat goldaýar. Şeýdip, köşkde uruş etmeli diýen mesele çözülýär. Abdysetdar, Nasreddiniň şu pursatdaky keşbini örän şahyrana çekipdir. Onuň kabulhanasynyň, şalyk kürsüsiniň suratlandyrylyşyndan, şanyň ýakymsyz gopbamlygyndan, mekir şelaýynlygyndan, tagam-şeraplaryň goýluşyndan erbet alamatyň-urşuň tutumy görünýär. Nasreddiniň şeýle meýlisde şerap doly jam bilen guşuň kebabyny ortada goýmak endigi bolupdyr. Şunuň bilen ol guş kebaply meýi orta goýdurýar hem bütin maksadyny yglan edip, monolog okaýar. Abdysetdar şu monologa onuň bütin niýetini—basybalyjylyk, talaň, ganhorluk, sütem we beýleki pygyllaryny siňdirýär. Ol durşy bilen adamçy ner ýaly gözi gyzaran ganhora öwrülýär:

Ki barmydyr bu arada päliwany,
Şejagatly[9] besi-sahypkyrany[10].

---

[8] Obalar
[9] Batyr
[10] Offiser

Alyp içse bu jam ile şeraby,
Baryp kylsa ol ilge yhtysaby[11]...

Kylyp taraç ýene ähli-aýalyn,
Ki merdümlerni kylsa katly-a:myn[12].

Kylur men kim any waly Horasan,
Berer men kim ýene engamu-yhsan[13].

Onuň ar-namysa bukulyp aýdýan sözleriniň aňyrsynda gyrmak, boýun egdirmek, özüne tabyn bolmadyk halky göçürmek we namysyny depelemek niýeti bar. Onda ylalaşmak, goňşy sylagy, rahatlyk, aragatnaşyk etmek, baryş-geliş diýen häsiýet asla ýok, diňe basyp almaly. Şu maksat bilen ol Astrabat häkimi Japargulyny kyrk müň goşuna baş edip, Garrygalanyň ustüne iberýär. Onuň harby pikiri tekeleriň günbatar çetinden başlap, tä Mara çenli gyryp gaýtmakdy we imperiýanyň Hywa tarapyny berkitmekdi. Ol ýerde özbaşdak Horasan begligini döretmekdi.

Abdysetdar basybalyjylyk, ganhorluk ideýasynyň synmak prosesini Nasreddiniň däliremek, jynlanmak, has wagşy sypata girmek ýaly dartgynly ruhy-emosional[14] duýgularynyň üsti bilen yzarlaýar.

[11] Jeza
[12] Gyrgyn
[13] Sylag-halat
[14] Duýgyçyl



**Solda: Naseretdin şa.**
**Ortada: Hasan Kaşi lakamly Mirza aga han Nury, baş wezir**

**Solda: Maryny basyp almak üçin iberilen we ýeňileni üçin şa tarapyndan “Nejis” (pis) adyny alan, patyşanyň doganogly, Horasanyň häkimi Hişmet ut dowle lakamly Hemze mürze**.

Harby agressiýasyiyň[15] isleginiň tersine bolup çykmagy, islese-islemese, Nasreddini çuň oýlanmaga mejbur edýär. Ýöne birbada ol şalyk buýsanjyna bäs gelip bilenok. Ol adam ýaly gürleşip, diňläp bilmän, sandyrap otyr. Agyr şalygyň «ýumruk ýaly» halkdan basylyşyna ynanyp bilenok. Ony öz serkerdeleriniň gorkaklygyndan, biwepalygyndan görýär. Özüniň azatlygy ugrunda göreşýän halkyň ruhy güýjüniň talaňçynyň ruhundan beýikdigine heniz hem akyl ýetirenok. Şonuň üçin ýeňlen Japargula jeza bermek üçin köşkde garaşyp otyr. Habarçylary serkerdäniň ýeňlendigini we ölendigini habar berenlerinde bolsa, olary masgara edip, gulak-burnuny kesdirýär, soňra bolsa dardan asdyrýar.

15 Basybaljylyk

Şa gazabynyň iň dartgynly derejä ýeten pursatyny Abdysetdar örän çeper açypdyr. Japargulynyň ölümi ony asla gynandyrmaýar. Tersine, oňa jeza berip, içini sowatmanyna gynanyp, özünden gidýär, nalajedeýin hem gözgyny ýagdaýa düşýär:

Bolup bihuş ýykyldy jalkasydan,
Rowan boldy niçe el arkasydan.

Şu kartina özüne aşa baha beren, gopbam, ganhor şanyň synmasyny aňladýar. Onuň şu ýerde okaýan buýsançly monologi biçäreligi, ruhy ejizligi, ýeňlenini boýun alasy gelmeýän alaçsyz, emma tekepbir şanyň urunmasy aňladýar. Onuň täze urşa bolan höwesi diňe halys gözden düşmekden özüni goramak üçin edilýän bialaç çykalga bolup görünýär. Ol aglaýjak aglaýjak bolýar, şerap içip, meý-mes bolup, özüni köşeşdirýär. Şahyr ony şeýle bir azarly, gazaby gaýnap duran «namysjaň» edip görkezýär:

Bolup kim dergazap çün ol şahy-dun[16],
Tekepbirden tutup özün Feridun[17].

Ol boýun egdiren golasty ýurtlaryny sanaýar: Ispyhan, Şiraz, Häzirbeýjan, Mazendaran, Astrabat, Tun, Tebes, tamam Eýran, gel-gel indi teke-türkmen kim? Onuň täze goşunbaşysy Hemze mürzä beren sargyt-tabşyryklaram Japargula aýdanlaryndan has üýtgeşik.

[16] pis
[17] Eýranyň mifiki patyşasy

Hiç hili hoşamat, süýji söz ýok. Diňe gyrmaly, öç almaly, Maryny ýer bilen ýegsan etmeli. Edip bilmeseň, ýok bolup gitmeli:

Gamap, gabsap[18], ol ilni har kylgyl,
Ajyrgadyp any efkär kylgyl.

Eger kylman bu sözlerni, bil any,
Ýok bolgul, gelmegil bu sary ýagny.

Şundan soň Nasreddin wakalara gatnaşmaýar. Şu buýrugy alan serkerdäniň hem Maryda ýeňlip, Tährana tarap masgara bolup gaçyşyny aýtmak bilen Abdysetdar zalymlygyň synmagyny doly güýjünde esaslandyryp bilipdir.

«Jeňnamanyň» ýazylan döwri feodallaryň göreşiniň ýitileşdirilen döwrüdi. Türkmenistanyň häzirki territoriýasyna gaýtadan dolanyp gelen türkmenler (XVI asyryň ahyry) öňki bitewiligini saklap bilmän, ummasyz giň serhetlere dargamaly, ondan-oňa göçüp ýörmeli bolupdy. Kethudalaryň, tire aksakallarynyň, mülk başylaryň aladasy köpelipdi. Nirä barylsa hem tirelere baknaçylyk durmuşy howp salýardy. Alaman, özara agzalaçylyk ýokary kaddyna ýetipdi. Eýran, Hywa, Buhara häkimdarlarynyň her haýsy Türkmenistanyň bir burçuny öz tabynlygyna alypdy. Ine, şu syýasy ýagdaý hanlyga, döwlete bolan ymtylyşy oýarypdy. Ýöne şol hanlyklar hem mülkiýet, urug-tire hanlygyndan daşa çykyp bilmändi.

[18] Gabamak

Abdysetdaryň döwründe lebaply türkmenleriň hanlyk hem baknaçylykdan azat bolmak ugrundaky göreşi Mirhaýdar tarapyndan syndyrylypdy. Daşhowuzly türkmenleriň Atamyrat hem Amanýaz serdaryň ýolbaşçylygyndaky şol mazmunly göreşi Hywa hanlary Mädemin hem Seýit-Muhammet tarapyndan basylyp ýatyrylypdy.

Han hakdaky pikir Günorta Türkmenistanda barha ösýärdi. Hojamşükür ýaly halkyň garaz, bir günemasyny aýlap, gyrdyrmasam bolýar— diýip, oňa-muňa ýapja bolup ýören hany indi döwür göterenokdy. Umuman bitewileşmek ideýasynyň bişişip başlamagy bilen hanyň öňünde täze talaplar goýulýardy. Öz ordajygynyň-tiresiniň daşyny dolap oturan han däl-de, ilini, ýurduny goraýan, sosial hem syýasy aktiwligi güýçli hana talap güýçlenipdi. Han hakdaky pikir barha kämilleşýärdi. Edebiýat hem hanyň ideal obrazyny işläp başlady. Garaoglan han bilen bagly odaçylyk serdaryň döremegi tötänden däldir. Ownuk hanlyklar syýasy erkini uly hanlyga bermeli bolupdy. Şeýdip, Ahal (Nurberdi) we Mary (Gowşut han) hanlyklary döredi.

Şu prosese Abdysetdar dar manyda garapdyr. Bitewi hanlyklaryň döreýiş prosesine tireleriň özara dawasy hem agzalalygy diýip düşünipdir. Dogry, onuň kalby agzalalygyň tarapynda däl. Şu hasrata ýüregi bilen gyýylýar. Olaryň doganlygyny gaýta-gaýta nygtaýar:

Diýerler kim: «Maru-şahu-jahan, bil,
Ötüpdir kim niçe sahypkyran, bil...

Ýeri bihet erur kabyl zeragat[19],
Bir ýyl ekgen iýer on ýyl parahat.

Bil-ahyr kim pelek reftarydan,bil,
Teke birle sarykga boldy menzil.

Gadymen ikisi gardaş imişler,
Deň emek ösgen syrdaş imişler.

Ýöne nähili pida çekilse-de, göwnigalmalar bolsa-da, hatda özara çaknyşyklar ýüze çyksa-da, bu prosesiň öňünde durjak güýç ýokdy. Tireleriň belli bir regionlarda çugdamlanmak prossesi syýasy bitewiligiň zerurdygyny kepillendirýärdi, öz syýasy güýjüňe ynamy güýçlendirýärdi. Şu proses başlanypdy, tekeler Saragtdan Mara tarap süýşüp ugrapdylar. Bu bolsa oazisde daryşganlyk döredip ugrapdy, Murgap bentlerini täzelemeli bolupdy. Ekeranççylyk ýerler darlyk edip ugrapdy. Şu aljyraňňy döwürde bitewileşmäň öňünde çözulmeli mesele köpelipdi. Şoňa Nasreddiniň goşulmagy bilen bolsa mesele has hem çylşyrymlaşypdy. Şuňa weli Abdysetdar düşünmändir. Ony tireleriň dawasy hökmünde beripdir. Ýer üstündäki öýkeleriň gepleşik arkaly çözülip barýan wagtynda Nasreddin olary urşa

[19] Ekeran ýerler.

itibermegi başarypdy. Abdysetdar bolsa uruşlaryň sebäpkärini Nasreddinden däl-de, tireleriň özünden gördi. Tireleri biri-birine öjükdirmekden bähbit araýan barly synpyň hereketlerini açmagy hem Abdysetdar unudypdyr. Ýogsam uruş etmelimi-dälmi diýen meseläni çözýänler tireleriň garamaýaklary däl-de, barlylarydygy hut poemanyň öz wakalaryndan hem görnüp dur. Ine, şu meseläniň sosial we syýasy manysy açylan bolsady, onda poemanyň ähmiýeti has hem beýgelerdi.

«Jeňnamanyň» taryhy-hronikal eserdigine garamazdan, onda uly çeperçilik güýç bilen döwrüň köşk durmuşyna mahsus ahlagyň, sosial alamatlaryň açylýandygyny nygtamak gerek. Naserddiniň köşgi Abdysetdaryň görkezişine görä, galp durmuşyň, ýaranjaňlaryň, şöhratparazlaryň aňsat abraýa we baýlyga kowalaşýan tipleriň jemlenen ýeri. Köşk çinownikleriň, wezir-wekiller, serdarlar, «şerap agşamyna üýşen kellegöçdüler — bularyň bary Nasreddiniň agzyna garap dur. Nähili ýol bilen hem bolsa oňa ýaranjak, «möhümini bitirjek», oňa ýakyn görünjek. Bular şahsy mertebesini ýitiren adamlar. Köşk aristokratiýasyayň şeýle häsiýetlerini Abdysetdar, Hemze mürzäniň hem-de Japargulynyň obrazlary arkaly azda-kände açyp bilipdir.

Japarguly trubaşdan meý içişlikden öz aýylganç sypatyny, açyp ugraýar. Onuň abraý, gazanç üçin çapyp ýörendigi türkmenleriň üstüne ýöriş etmek barada gürrüň gozgalandan aýdyňlaşýar.

Türkmeniň üstüne gitmegiň howply-hatarlydygy barada, batyrgaýlyk hem edermenligiň gerekdigi barada birjigem pikir etmeýär. Beýleki häkimlerden öňürtmeli, serkerdeligi sypdyrmaly däl, ýeňşi agyr goşunyň, özem gazanar— Ine, onuň bolubilşi, akylynyň kesişi. Şonuň üçin hem ol patyşa wada baryny berýär:

Ne ýerde bolsa duşman kim, eý şah!
Kylar men astyn-üstün, kim bol ägäh.

Alar müň janydan bir jan gutulmas,
Eger Rustem ise, asan gutulmas.

Naserddiniň berýän wadalary onuň gözüni gapýar:

Götерseň teke ilini Etek’den,
Kylar men kim ony waly Horasan.

Abdysetdar köşgüň çüýrük ahlagyny Japargulynyň obrazynyň üsti bilen gowy yzarlan hem bolsa, entek oňa basybaljynyň hasiýetini siňdirip bilmändir. Ol diňe şöhratparaz adam bolup çykypdyr.

Poemada ol gorkak, dowulçy, öz jany goramak üçin bütin goşuny gurban etmäge taýýar tip hökmünde berilýär. Düýpden serkerdelik häsiýeti ýok. Goşun gyryldymy-gyrylanokmy, munuň bilen işi ýok. Çozmalymy-çozmaly. Ol bir başdan obama-oba syryp gaýdaryn diýip pikir edýär. Türkmen tireleri birleşer, agyr goşuna garşy çykar diýen pikiri kellesine getirenok. Emma Gürgene gelende, akylyna aýlanmaly bolýar. Uruş onuň garaşyşyndan başgaça başlanýar.

Türkmende sap-sap goşun bar. Uruş deňme-deň alnyp barylýar. Onuň didebany (razwedkasy) bolsa yzly-yzyna şum habar getirýär: on müň goşunly Nurberdi han geldi, şonça goşunly ýomut serdary Mahmyt işan ýetip gelýär. Munuň yzy üzülenok. Şu ýerde Japarguly başga zady görýär. Gönümel aýdylmasa-da, ol agzybirligiň güýjüne düşünýär. Gyzylarbatly- **Paly mergen** şanyň pälwanyny urup öldürse, gökleň **Öwezli tentek** «bire derek iki pälwanyňy iber» diýip, haýbat atyp dur. Maryly batyr **Gulten serdar** bolsa «gezegi maňa ber!» — diýip dyzyp dur. Şöhratparazlyk bilen gahrymançylygyň arasyndan göreş gidýär.

Japarguly han basga düşýär, aljyraýar, gyjynýar, öz etini özi iýip, dälilik kaddyna ýetýär. Çadyryna gaçýar, başyny basyrynyp ýatýar. Uky hem oňa rahatlyk bermeýär, düýş görýär. Düýşünde Eýranyň legendar gahrymany Hasan käşi onuň sakgalyndan tutýar. Han muny masgaraçylyga ýorýar. Ikinji bir düýşünde onuň gursagyna bürgüt gonýar. Bu ölümiň, ýeňlişiň habarçysydy. Ol gaçmak bilen bolýar.

Japargulynyň Eýrana ýetmän ölmegine Abdysetdar açgözlügiň, şöhratparazlygyň, goňşa hyýanat etmek gylygynyň synmagy hökmünde baha bermegi başarypdyr. Diýmek, bu gylyk hak işiň öňünde ejiz gelýär, paş bolýar.

Poemada türkmen serdarlary, batyrlar, şol sanda hanlar hem halk bilen goşulyşyp gidýär. Olarda sosial, synpy parh ýok. Belki, bu fakty açmak Abdysetdaryň maksadynda hem ýokdur. Olary maksady,

ruhy, häsiýeti babatda birleşdirýän zat milli aladadyr, ýagny ýurduň ykbaly ugrundaky umumyhalk göreşidir.

Poemada şeýle tiplerden ona golaý epizodik gahryman bar: **Nurberdi han, Gowşut han, Mahmyt han, Paly mergen, Öwezli tentek, Saparek, Gulten** bahadyr we ş, m. Bular belli bir derejede çeper obraz derejesine ýeten gahrymanlardyr. Mundan daşary hem onlarça serdardyr batyryň ady agzalýar, olar söweş sahnasynda göze kaklyşyp gidýär. **Täçgök serdar, Ýagşy mergen, Durdy han, Çopan ker, Batyr beg, Çary bahadyr, Oraz han, Nepes, Perrew batyr, Öwez han** we ş. m. Bu taryhy şahslaryň häsiýetinde hiç hili ýöritelik ýok, olar aýratyn bir ideýa gulluk etmeýärler. Olar diňe türkmeniň göreş ruhuny, edermenligini açmaga hyzmat edýärler.

Eserde hereket edýän bu taryhy şahslaryň, şol sanda Nurberdi hanyň hem belli bir sypaty — serkerdelik, söweşjeňlik sypaty açylýar. Onuň han hökmündäki sosial hem synpy häsiýeti görünmeýär. Nurberdi syýasy problemalardan gelip çykýan iň aktual ideýalary ýüze çykarýan tipdir. Ol poemada görkezilişine görä, «deňli-derejeli», haram gazanç bilen hazyna edinen, köşki-eýwanly han däl. Onuň garamaýak halkdan parhy ýok, adaty, ýönekeý adam. Şahyr ony ideal fonda açýar. Ol göreş adamsy, döwrüň syýasy-harby ýagdaýyndan baş çykarýan gözsüz batyr. Abdysetdar, Nurberdiniň harby serker- deligine agram berýär, oňa guwanýar.

Poemada Nurberdiniň hereketi bilen Abdysetdar uly syýasy meseläni orta atýar. Nurberdi Garrygaladan wekil-çapar gelende, eglenmän şeýle söz bilen öz oba- daşlaryna ýüzlenýär:

Ne perman bolsa, imdi kim duruş ýok,
Uruşdan başga bir ýagşy döwuş ýok.

Ol öz dogan tiresine goldaw bermegi iň zerur zat hasaplaýar. Ol birleşigi, agzybirligi, birek-birege kömek bermegi borç hasap edýär. Nurberdidäki şeýle düşünjelilik poemanyň Mary sahnasynda has hem aýdyň ýüze çykýar. Ol tireleri dogan hasap edýär. Teke hem saryk tireleriniň arasyna düşen towy aýyrmaga gelendigini aýdýar. Dawanyň ula ýazyp, Eýranyň gatyşmasyna, şeýlelikde hem türkmen halkynyň gyrgynçylyga duşmegine tüýs ýürekden gynanýandygyny aýdýar:

Diýdi kim şähriýary-hoş parasat,
Eşidermiz uruşar siz bigaýat.

Ki geldik sizleri ýaraşdyrarga,
Iki gardaşlary baryşdyrarga.

Ýaraşyň, kinäni döküň köňülden,
Bolupdyr bir sözi heldi-sebilden[20].

[20] Boş ýerden, ýersiz-ýere

Bu söz bir fakty aýdyňlaşdyrýar. Hywada ýaşaýan Abdysetdar öz iliniň in waw- waly aladasyny tüýs ýürekden syzýar, görýär. Olaryň ýaraşmagyny isleýär.

XIX asyryň iň aktual syýasy-harby problemalaryny orta atan Abdysetdaryň poemasnyň derňewini näçe giňeltdigiňçe, eseriň gymmaty şonça hem beýige galýar.[21]

[21] Muhammetnazar ANNAMUHAMMEDOW. Türkmen Döwlet Pedagogik Inistitutynyň dosenti.
Bu makala Sowet Edebiýaty žurnalynda (6/1991) çap boldy.

بسم اللّٰه الرحمٰن الرحیم

ربّ یسّر و لا تعسّر

بسم الله الرحمن الرحیم ثنا کە قیلدیم ابتدا باسم خدا
خدایکه سن سن معبود بَر حق سزاواری پرستش سانگا مُطلق
که بیر سن کیم سانگا یوقدور شراکت غنی سن سانگا یوق هیچ نأرسه حاجت
ا رور الله سنینك چون اسم ذاتنك کە رحمٰنُ رحیم اسم صفاتنك
آدینك رحمٰن اوچون لطفنك فراوان .بەرەرسن مؤمنُ کافرلارا نان
رحیم سن رحمتنگدِن روزِ محشر اؤتیِرسن جُرم مؤمن‌لارنی یکسَر
سانگا یوقدور بدایت هم نهایت که یوقدور وصفنگا چون حدِ غایت
وجودینك خلقنگا بیلدیرگالی هم حبیبنك نورینی قیلدینك مُقدّم
طفیلی‌دان یاراتدینك ما سوانی بدایعُ عجایب ما فیهانی
نَبوّتدان أنگا کیم تأج بِردینك یاقین ایلأپ أنگا معراج بردینك
ایبردینك جبرائل‌دان هم کلامنك ایبریپ هم کلام بیله سالامنك
که آد غویدینك أنگا احمد محمد که ایلأپ انبیالار ایچره سَرمَد
رواجی شرعی اوچون دوست قیلدینك نچه‌لرنی أنگا پیوست قیلدینك

بسم الله الرحمن الرحيم
رب يسَر و لا تعسَــر

**BISMILLAH ER-RAHMAN ER-RAHYM**

**HUDAÝ, KÖŇLÜMIZE GIŇLIK BER HEM DERTLERIMIZI DEP ET!**

• • •

Rehim-şepagatly mähriban huda,
Men seniň adyna aýtdym köp sena.

Mynasyp sen saňa tagzym kylmaga,
Sen bir özüň, ýoldaş ýokdur Allaga.

Baý sen, ýokdur seniň zada mätäjiň,
Adyň Alla, ýokdur ada mätäjiň.

Mähri-şepagatyň kän seniň Rahman,
Berýärsiň, mömin u kapyrlara nan.

Sen juda rehimli, öz rehmiň bilen,
Magşar gün günämiz geçersiň bir sen.

Ýokdur başlangyjyň, bolmaz tamamyň,
Waspyňa serhet ýok, ýokdur gumanym.

Halk etdiň, ýaratdyň bütin barlygy,
Nuruňdan ýagtyltdyň lälezarlygy.

Öz keşbiňden, öz nuruňdan sen berip,
Ýaratdyň ajaýyp diniň serwerin.

Sen oňa asmana ýetýän täç berdiň,
Ýakyn eýläp, kän syra alaç berdiň.

Jebraýyldan oňa kelam iberdiň,
Kelam bilen ýene salam iberdiň.

Hem at goýduň oňa Ahmet Muhammet,
Pygamberler içre hormaty belent.

Kanun rowaç bolsun diýip dost berdiň,
Niçelerni oňa goşup iberdiň.

Ýagny, ýoldaş kyldyň dört çaryýary,
Bolsun diýip habybyň çyn dosty-ýary.

Ýene niçelerni hyzmatkär berdiň,
Kän garşydaş, asy-günäkär berdiň.

Habybyňa kim bolmasa wepadar,
Diýdiň: meň ýanymda bolar günäkär.

Pygambere golaý-ýakyn bolanlar,
Soňky geljeklerden belent bolarlar.

Pygambere duşmançylyk edenler,
Kyýamat gün köp muşakgat çekerler.

Pygambermiz wepat bolandan soňra,
Gör, niçeler saldy halk içre gowga.

Kimseleri duşman boldy Alyga,
Oň mukaddes giewisi — welige.

Garasöýmezlere lebzinden dänen,
Diýdiler ýoldaşy niýeti-pälem.

Ýene özgeleri boldy oňuşman,
Ebubekir, Omar, Osmana duşman,

Eger-de kim bolsa Alynyň dosty,
Hasan-Huseýni bil, sözüň rasty.

Kast edenleň rafyz-kapyrdyr ady,
Istär olar ýene müň şepagaty.

Gowsy, bu wakany edeýin beýan,
Olaryň kimligi, goý, bolsun aýan.

Ymamy Ahmetiň dosty Alydan
Tymsal galan Aly atly weliden.

Aýdardy ol iki älem serweri:
Heläk boldy iki Mesih mezhebi.

Ýehudylar diýrler olaryň birine,
Kän azar berdiler Bibi Merýeme.

Diýdiler: “binika doglupdyr Isa,
Atasyz dogulmak geň dälmi eýse.

Belli däl seň ogluň kimiň kowmundan».
Howp etmeýen olar huda howpundan.

Isa pygamberi inkär edenler,
Olaň bary jähenneme gidenler.

Hristianlardyr ikinji mezhep,
Ýöne olar Isa ýetirmezler şek.

Diýdi olar: «Onuň enes-ä Merýem,
Atasydyr, bilgin, onuň huda hem.»

Ol kowum hem gödek, hemem biderek,
Olaryň agzyna daş atmak gerek.

Huda dogmaz hem dogurmaz bil, eý jan,
Habardar bol, şudur mazmuny-Kurhan.

Kimse inkär etse bu sözi eger,
Magşar gün sözüniň jogabyn berer.

Bilip goý, soňundan Isa näm boldy,
Huda buýrugyndan zybana geldi.

Diýdi: «Bir hudanyň bendesi men hem,
Meniň bilen juda ýürekdeş Merýem.

Özum Hakyň pygamberi bolar men,
Hak sözüm diňläne nazar salar men.

Niçeler ynanyp imanly boldy,
Hem ýollary uçmah taýa uzaldy.

Habybulla diýdi: «Eý, ibni Talyp,
Ýagylarňy ýeňdiň - hudaga taryp.

Seniň şanynda hem iki mezhep bar,
Ol iki kowum hem ýoldan azaşýar.

Biri haryjylar [22]—Ýezide ýardyr,
Oň «möý sokan» diýen lakamy bardyr.

[22] Dinden çykanlar.

Diýýändirler olaň düýp-mekiri,
Söýýäs Omar, Osman, Ebubekiri.

Aly Murtuzany ýigrenýär olar,
Hasan-Hüseýnem öldüren şolar.

Golaý diýp özlerine Mustafany hem,
Berdiler oň öýne müň jepany hem.

Diýrler: «Muhammediň ýoly ýolumyz,
Şonuň namysyndan ugur alýas biz».

Şeýle diýen bolup, özlerem, eý jan!
Gan dökdüler çölünde Deşt-Kerbelaň.

Diýmezler Hüseýne Muhammet nesli,
Ahmet gyzy Patma ejesi — asly.

Bihaýa, şermi ýok, uýalmaz olar,
Gaýta özlerini ymmat saýarlar.

Bu kowma hudanyň rehmeti ýetmez,
Pygamber bir zerre şepagat etmez.

Huda bizar, resul eshaplary hem,
Lagnata sezewar bolarlar her dem.

Ýene bir kowum bar rafizi[23] diýmiş,
Babalary şaýylar diýp at goýmuş.

La:f ederler "Alyň dosty biz" diýip,
Hem Alynyň dostlaryn duşman bilip.

Kişi kişi bilen dost bolsa eger,
Hem onuň dostlaryn dost saýsa eger.

Beýle dostluk gider tamama, eý jan,
Iň bolman, dost saňa bolmazdy duşman.

Muhammede ýarlar, Ala-da dost men,
Diýer Ebubekir, Omar hem Osman.

Bu üçüň duşmany rafyzlar erer,
Alydan kän menzil yrakda gezer.

Huda hemem pygambere dost bolar,
Derejesi ondan sähel pes bolar.

Muhammet pygamber aýdypdyr açyk,
Her işde ýar bolan Ebubekir syddyk.

Kyn günümde hemra, dost-ýar boldy ol,

[23] Şaýy.

Tar basan gowakda hossar boldy ol.

Ebubekir meniň naýyp-jenabym,

Hem namaz okamda ulug ymamym.

Ýene-de aýdypdyr Hakyň resuly,

Ähli älem barlygynyň wekili:

Omardyr din kanunynyň rowajy,

Omar iki dünýäň şamçyrag täji.

Ilki ýaranlarmyň ilkinjisi ol,

Ýagyma ýagydyr ol menden ozal.

Syýasat tygyny alyp eline,

Göz görkezdi ähli küffar iline.

Adalat nuruny saçyp, kimligin

Aýan etdi ýyrtyp zulum tümlügin.

Resulylla aýtdy: menden soň eger

Bir pygamber bolsa, goý, bolsun Omar.

Ýene aýtdy şalaň şasynyň, şasy:

Üçünji ýaranym Osman, yhlasy.

Birlen meň söýgime wepadar Osman,

Ikinji gyzymy berýän saňa men.

Ýene-de bir gyzym bolan bolsady,
Diýerdim ony hem Osman alsady.

Ýene zer beslenen bir toý lybasyn,
Berdi-de, Muhammet kyldy dogasyn.

Ylmyň genji-käni, haýr-yhsany ol,
Osmandir düzen mukaddes Gurhany bil.

Indi dördünji ýar, eýse, Alydyr,
Tamam öwlüýäleň ol serweridir.

Aly Mustafaga doganoglandyr,
Huda şiri bolmak üçin doglandyr.

Ýykan şoldur derwezesin Haýbaryň,
Aly janyn alan Ämriň, Änteriň.

Batyrlyk ylmy-da bellidir Alyň,
Hatyny-kyýamat (Patma) gelnidir Alyň.

Bulaň waspyn aýtsam kyýamata çen,
Eý, dana hiç haçan gutarmaryn men.

Eý, halaýyk çaryýarlary bilşiň deý,

Haryjlary, rafyzlary bilip goý.

Rafyz leşgeri ýigrenji-şeýtan,
Gargar mydam dostlaryna Mustafaň.

Üç ýarany ýaman ýigrenip olar,
Mustafany gowy gören bolarlar.

Bardyr pygamberiň, jübüti Äşe,
Gaýry hatynlardan abraýy aşa.

Rafyzlar şoňa-da töhmet atyban,
Huda, pygambere boldular duşman.

Rafyzlaryň, işi mydam töhmetdir,
Haky gizläp, nähaky hak etmekdir.

Etmişleri üçin ryzy-magşar,
Hersine bir tüýsli jeza garaşýar.

Edýär olar şerigata hyýanat,
Olaryň başynda bolar kyýamat.

Şeýtanyň özünden ders alan olar,
Olaň jaýy otly jähennem bolar.

Olary öldüren gazy bolarlar,

Jennetde hüýr gyzy goýna salarlar.

Kim olaň elinden öläýse eger,
Şehitdir, uçmaha soragsyz geler.

Paň-paň, güp-güpleriň ady gyzylbaş,
Olaryň agzyna toprak bilen daş.

Jähennemde köýer olar enşalla,
Beýle kowumlardan daş etsin alla!

• • •

Gel indi sen, söz bagyna nazar kyl,
Gysga sözde öz beýanyň habar kyl

Maňa diýdi birniçeler höwesläp,
Geldik seň ýanyňa täze söz isläp.

Çünki, şaýy bilen goňşy biz mydam,
Uruşýas, ýaşamzok oňşup elmydam.

Bir gün gyzylbaşyň şasy ah dartyp,
Adamçy ner kimin gözün alardyp.

Hazyna — baýlygnyň baryn harç edip,
Gitmek üçin ýurdumyzy torç edip.

Goşun ýygnap, ýarag-esbabyn düzäp,
Geldi türkmenlere bermäge güzap.

Şikest eýläp, baryn ýegsan kyldyk biz,
ýykyp, sanjyp, baryn bijan kyldyk biz.

Bolsun söz şol urşuň gamy-gussasy,
Beýan kyl şol jeňiň agyr kyssasyn.

Kim bu ahwalatdan bihabar bolsa,
Bilsin «Jeňnamany» eline alsa.

Eşdenler, diňlänler köp şat bolsunlar.
Gaýgydan, gussadan azat bolsunlar.

Ýene şondan soňra köp pişe kyldym,
Başarmaryn öýdüp endişe kyldym.

Şondan soň ýat etdim hudany — ýary,
Muhammet Mustafa, dört çaryýary.

Men mynajat edip, diýdim: hudaýym,
Dilim sözlemäge eýlegin gaýym.

Habybyň Muhammet ady haky üçin,
Öz garybyň ah-perýady haky üçin.

Onuň eshablarnyň ýary haky üçin,
Säherlerde kylan zary haky üçin.

Tamam enbiýalar hormaty üçin,
Ýene arşyň-kürsüň hormaty üçin.

Dergähiňde bolan gullar haky üçin,
Sen diýip ýyglan ol ogullar haky üçin.

Ymmat üçin wepat bolan ýigitleň,
Gazy[24] bolanlaryň hemem şehitleň.

Haky üçin güýç diläp, ýüzlendim Taňra,
Töwekgellik bilen bu işe gümra.

Bolup, özüm ram kyldym bu işe,
Huda bize ýardyr her -dem, hemişe.

• • •

Rawylar şeýle bir beýan kylarlar,
Nakyl edip, aýdarlar şeýle habarlar.

Şol zaman **Tähranyň** bardy bir şasy,
Ol şa erdi şaýylaryň penasy.

[24] Gazy, islam ugrunda urşa gatnaşan adam. (غازی)

Ýakut hem zümerret soly hem sagy,
Almaz, tylla hemem Badahşan lagly.

Düzülgi täjinde lagly-zer ile,
Gaýgy-elem getirmezdi serine.

Ýakut monjuk tesbisi bar destinde,
Oturardy tylla tagtyň üstünde.

Bezäp-besläp ýasapdyrlar tagtyny,
Tagt üstünde gurupdy öz bagtyny.

Ony ýasan hünärli bir ussady,
Şalyga laýyk tagt dünýä nusgady.

Dünýäň gaýgysy ýok onuň ýanynda,
Göýä ki **Feridun** öz hyýalynda:

«Tylla tagtym, zerden täjim başymda,
Ýene ençe sypaýylam daşymda.

Hyruç etsem, her diýara barar men.
Bir ýurdy däl, ýer ýüzünem alar men.

Munça gudrat, ygtybarym bar meniň,
Her iş kylsam, ygtyýarym bar meniň.

Näçe gezek agyr leşger iberdim,
Sertip, serheň, müňläp esger iberdim.

**Tekeden** basylyp, syrym paş edip,
Gelýär bihaýalar gözün ýaş edip.

Gelýärler ýok edip beren zerlerim,
Gyzylbaşlam aşak sallap serlerin...»

Ýygnap öz daşyna sypaýylaryn,
Diýdi: — Siz bu işiň geňeşin beriň.

Şol şanyň bir ýagşy weziri bardy,
Özem deňiz-taýsyz bir akyldardy.

Diýdi ol: — Eý, şahym, men sana gurban!
Aýdaýyn öz sözüm, berseňiz perman.

Tekede Ahal diýp welaýat bardyr,
Bihasap sähraly uly diýardyr.

Eşdipdim men onuň taryhyn, eý, şa!
Diňle menden waspyn, tarypyn, eý, şa!

Gadymdan şäherli owadan ildir,
Köp patyşa geçen abadan ildir.

**Nedir şadan** soňra gelip tekeler,
Aldy şäherleri ýeke-ýekeden.

Şäherleriň ilin taraç etdiler,
Esir edip, basyp, ýenjip, satdylar.

Galan jemendäni goýup azara,
Horasana çenli kyldy awara.

Ony tire-tire eýläpdir ykbal,
Beýan etsem saňa göwnüňi ýykman.
Onda mesgen tutup, emläk ederler,
Gelen duşmanlary heläk ederler.

Daýhanlary ekin ekip, çekip keş,
Ötürýär günlerin parahat hem hoş.

Iýerler, içerler, söýüp serwi-näz,
Hoşamatdyr onda gyş bolsun, ha ýaz.

Sap ýürekli, batyr, arly ýigit kän,
Sözleri dürs, ygtybarly ýigit kän.

Münüp düldül kimin bedew atlary,
Bardyr endamynda boz sowutlary.

Elde ellik, başda çaraýna[25] bardyr,

Bilde guşak, golda tyg-naýza bardyr.

Ýene-de göterip kän-kän ýaragy,

Deperler duşmana boz argymagy[26].

Gyzylbaşlar bilen din urşun eder,

Olardan bu ile ýeter köp zeper.

Rafyzlar olardan köp dat ederler,

Tekeleň derdinden perýat ederler.

Eger Ahal sary goşun iberseň,

Maly-döwletiňi goşup iberseň.

Bäri tarapyňda Garrygalasy,

Şol galadyr Ahal ilniň penasy.

Ana, şony alyp, ýokary gitseň,

Ýeňse bor şeýleräk bir ýöriş etseň.

Şu ýerde weziriň sözüni saklap,

Makullady şasy ony apalap.

Tanap goýuň, ol şo **Nasreddin şady**,

[25] Urş esbaby. (چار آینه)

[26] Gadymy Türküstanda gymmat baha at tohmunyň ady

Ady Nasyr, ýöne gasreddin[27] şady.

Diýme Gasyr, has dogrusy, dinsiz ol,
Betbagt hem ýigrenji bar zatdan ozal.

Şondan Soň diýdi şa: —Asylly wezir,
Hemme sypaýymdan akylly wezir!

Hyýalymdyr makul bilseň sen eger,
O ýana göndersek agyr bir leşger.

Ynjalman ol ili bijan etmesem,
Hem gara ýer bilen ýegsan etmesem.

Öjüm bar, olardan almasam arym,
Armandyr, oturyp ýetmez kararym.

Wezir aýtdy: —Şahym, men saňa gurban,
Janym bolsun seniň derdiňe derman.

Gyzylbaşyň şasy berdi permany:
«Leşger düz, gurat[28] kyl ähli esbaby!»

---

[27] Bu ýerde söz oýnadylýar. Nasreddin— dini goraýjy, gaasreddin — dini kemsidiji.
[28] Gurat kylmak= kämilleşdirmek

Wezir şondan leşger düzmäge gitdi,
Patyşa-da şähdi-şeker noş etdi.

Diýdi: — Saky, getir munda şerabym,
Ýene gowrup getir guşuň kebabyn!

Taýyn edip şerap getirdi saky,
Dodagyn titredip meý içdi ýaňky.

Soň diýdi şa: —Sahyplar u-emeldar,
Eý, adamlar, dälmisiňiz habardar.

Heý bir araňyzda päliwan barmy,
Edepli, edenli gahryman barmy?

Bolsa, içsin jam doly bu şeraby,
Soň gidip, şol ile bersin jezany.

Kim toba kyldyrsa oşol diýary,
Damaryndan kim çykarsa damary!

Taraç eýläp ähli gyz, aýalyny,
Gyryp erkeklerin, talap malyny.

Ol ýerden göçürip özge diýara,
Derbi-dagyn edip, kylsa set para.

Şonuň ygtyýarna geçer Horasan,
Ýene-de berermen köp sylag, engam.

Şol mejlis içinde **Japarguly han**[29]
Turup geldi şaha tagzym ediban.

Diýdi: — Şahym, eger makul görseňiz,
Taýyndyr guluňyz perman berseňiz.

Şa uzatdy oňa şeraply jamy,
«Makul!» diýip, berdi berekellany.

Çekdi Japarguly jamy başyna,
Soň sözledi şerap gelip hoşuna:

—Merhemetli şahym, gullugňa taýyn,
Nirä buýrsaň, edil häzir ugraýyn.

Eger nirde bolsa duşman, eý, şahym,
Etdirermen oňa puşman, eý, şahym!

Olaň müň janyndan bir jan gutulmaz,
Rustem, Zal bolsa-da, asan gutulmaz.

---

[29] Horasanyň häkimi Salaryň, Tahrana garşy pitinesiniň basylyp ýatyrylmagynda rol oýnan doganlar Jafarguly we Haýdarguly patyşadan köp sylag-hormat alýarlar, her iki kürt dogant Astarabat we türkmenlere häkim edilip bellenýärler.

Diýdi hoşal bolup ýaňky sözden şa,
— Bar, seni göz-dilden saklasyn huda.

Bar, indi men seni salar eýledim,
Özüňi leşgere serdar eýledim.

Bu sözleri aýdyp, köp engam berip,
Japargula wadalary kän berip.

Şalyk halatlardan serpaý ýapdy ol,
Göwne ganat berýän sözler tapdy ol.

Diýdi ol Japara: — Hanlar hany sen,
Batyrlykda bolsa Suhrap ýaly sen.

Teke ilin göçürseň, sen etekden,
Başyň belent bolar asman-pelekden!

Bu sözleri aýdyp, her bir diýara,
Hat ýazyp, berdiler çapyksuwara:

«Gelsin häkimlerim leşgerin ýygnap,
Serbazyn, sertibin, esgerin ýygnap».

Häkimleri şadan alansoň nama,
Derrew düşündiler işbu permana.

Leşgerlerin toplap, berdiler enjam,
Şanyň buýrugyny kyldylar berjaý.

Ondan soň ýene-de geldi bir atly,
Atlynyň horjuny habarly-hatly:

Her kim pähm eýlese täze permana:
«Barmaly — diýlipdir — Mazendarana.

Toplanan leşgeriň bary ugrasyn,
Şol ýerdäki tokaý sary ugrasyn».

Sap-sap bolup, tekeleriň üstüne,
Ýöriş kyldy agyr goşun dessine.

Diýlen ýerde äpet goşun düzüldi,
«Biz taýyn!» diýp, şaha bir hat ýazyldy.

Ýaňky salamnama derrew geldi şa,
Goşun jem bolanyn äşgär bildi şa.

Sorady ol: — Eý, wezirim, bu işde,
Ahmal bolma, eçildiňmi serişde?

Wezir aýtdy oňa: — Älem serweri!
Berdim men goşuna düri, merweri.

Sandyk-sandyk doly sim u-zer taýyn,
Kem etmedim serkerdeler serpaýyn.

Atlaz lybaslardan kän halat berdim,
Her hil parçalardan gatbar-gat berdim.

Goşunyň enjamy bolanda üpjün,
Islendik duşmandan çykar ol üstün.

Berlen zat — sanasaň yzy tükenmez,
Berdim kän-kän ýarag—top hem tüpeňler.

Toplarymyz duşman sary garadyp,
Goýdum nilin päkläp, agzyn garaldyp.

Näme derkar bolsa goşuna ýene,
Diýlen zatlar taýýar bolar dessine.

Aýtdy şa: — Wezirim, diýdiň dogrusyn,
Indi goşun duşman sary ugrasyn.

Soňra şa çagyrdy Japar hanyny,
Beýan etdi oňa öz permanyny.

Hem diýdi şa oňa: — Japarguly han!
Garrygala sary berildi perman.

Ýene bir bölek il bar diýp eşitdim,
Gökleňden kim geldi anygna ýetgin.

Baryp al olardan pajyn, hyrajyn,
Hergiz elden berme sen ätiýajyň.

Ondan soňra ötgün teke sary sen,
Eýlegin ol ili tary-mary sen!

Eger-de tekäni salmasaň, raýa,
Höwes edip, gelip ýörme bu taýa.

Şol söweşde ýeňiş — seniň ömrüňdir,
Ýeňilseň, biliber, — ol seň ölmüňdir.

Ondan soňra diýdi: — Bar, alla ýaryň,
**Hasan Käşi**[30] bolsun seň medetkäriň!

Bar indi tokaýy-Mazenderana,
Ondan ötüp, bolgun ýola rowana!

Alyp Japarguly şanyň patasyn,
Diňläp öz şanyna okan dogasyn.

[30] Baş wezir, Mirza aga han Nury-dan maksat.

«Salam aleýkim!» diýip, başyny atyp,
Gaýtdy ol patyşaň ýanyndan çykyp...

Baryp Japarguly diýdi wezire:
— Sensiň deňsiz-taýsyz bu zaman üzre.

Gel indi sen meni bu ýola ugrat,
Bu şanyň emridir, eý, akly-gudrat!

Wezir şonda surnaý-kernaý çaldyryp,
Naýza, tyg, tuglaryn göge galdyryp.

Alyp baýlyk soltanlygyň toplaryn,
Ýöretdi titredip üstün topragyň.

Goşunbaşy Japar leşgerin tartyp,
Türkmen topragyna gelýärdi ýortup.

Üstüne saýadyr zerli başgaby,
Egninde bar idi şalyk esbaby.

Sertip, serheň tokaý sary ýördüler,
Iki ferseň ara golaý bardylar.

Habar ýetdi tokaýdaky goşuna,
Indi goşun goşun üste goşula.

Çykýar kernaýlaryň sesi zyýada,
Bildiler kim atly, kim paý-pyýada.

Ahyr Japarguly gelip golaýa,
Baryp düşlediler işbu tokaýa.

Ýygylyp, sap tutup serheň-sertipmi,
Hemme gelip baş egdiler tertipli.

Ondan soňra üýşüp geňeş etdiler,
Ertesi çaş wagty ýöriş etdiler.

Ýygyn köp ýol ýöräp Gürgen ýetişdi,
Gelip bir lälezar meýdana düşdi.

Çadyr gurap, her kim ýazdyrdy goşun,
Giň meýdany tutup ýatyrdy goşun.

Diýdiler serdarlar bir geňeş eýläp:
«Ýatalyň az salym wagty hoş eýläp!»

• • •

Gel, indi bu gürrüň bu ýerde ýatsyn,
Agyr goşun bolsa demin düzetsin.

Muhammediň taryhyndan bilsene,

Mün iki ýüz ýetmiş bäşdir[31] ol sene.

Biz habar alalyň Garrygaladan,
Hemem ol ýerlerde bolan wakadan.

Gürgen gökleňinden habarçy geldi,
Ýetip gelýän howpy äşigär kyldy.

Diýdi ol habarçy: — Eý, kowmy bibaş!
Ýetip geldi size sansyz gyzylbaş.

Siz duşman ilinden ähtiýaç eýläň,
Galaňyz mäkämläp, bir alaç eýläň.

Agzybirlik edip, bir karar eýläň,
Ýogsa, duşman sizi tary-mar eýlär.

Tamam gökleň ili jem boldy derrew,
Baý, garyp, şa, geda deň boldy derrew.

Diýdiler: «Galaňy gaýym ediň tiz,
Uruş enjamlaryn taýyn ediň tiz...»

Eger küffarlary öldürsek, gyrsak,
Magşar güni gazy bolarys bişek.

[31] Hüjüm senesi 1275 h.k/ 1858

Ölsek, şehit borus, kyýamat ahyr,
Çaryýarlaryň dosty boljagmyz zahyr».

Tizden mäkäm eýlediler galany,
Sowmak üçin geljek ýowy-belany.

Gözegçilik etsin diýip her zaman,
Duşman geljek taýa gitdi dideban.

Gelen duşman aldyrarly däl ýekä,
Nama gönderildi ýomuda, tekä.

Ähli obalara çaparlar gitdi,
«Eglenmän geliň!» diýp, habarlar gitdi.

Hata ýazlan sözler «Gardaş hemmämiz,
Musulmanlykda hem syrdaş hemmämiz.

Gelýär hüjüm edip iliň duşmany,
Hudanyň, resulyň, diniň, duşmany».

Çar ýana gönderip ulug nama il,
Taýyn dur ýurt üçin uruşmana il.

Zar kyldylar huda eller göterip,
Hemem bir-birege göwünlik berip.

• • •

Gel, indi bu habar bu ýerde dursun,
Döwet — galam özge ýerden gep ursun.

Maru-şahy-jahan diýen il bardyr,
Köp merdanlar ötüp-geçen diýardyr.

Gadymdan abadan onda şäherler,
Sorap öten ençe gadyrdan ärler.

Derýasy ýokardan aşaga akar,
Onuň suwy göýä bal bilen şeker.

Mes toprakly ýeri çakyňdan artar,
Bir ýyl ekseň, on ýyl iýmäge ýeter.

Pelegiň elinden çekip nesibe,
Mekan boldy saryk, tekä — iki ile.

Bu ýeriň, üstünde oňuşman olar,
Bir-birne tokunyp, agzala bolar.

Duşmançylyk kylyp, etdiler dawa,
Topraga gan döküp, saldylar gowga.

Niçe mahal ikisi deň uruşdy,
Duşmançylyk juda hetdinden aşdy.

Özlerem gandüşer gardaş tiredir,
Bir göwrede ösen syrdaş tiredir.

Iň soňy saryklar iki suwary,
Iberdiler şaýyň şahyna sary.

Ýetip bardy iki atly dat edip,
Tekeleň elinden köp perýat edip.

Diýdiler: «Eý, jahan şasy, kömek et,
Ýogsa biziň ahwal-halymyz erbet».

Soň şaýylaň şasy toplady leşger,
Ençeme sertib u-serheň u, esger.

Soňra ony Mara tarap ugratdy,
Top-tüpeň, müň, dürli ýarag ugratdy.

Ýaňky goşun ençe menzil ýol geçip,
Ahyr bardy Mary ýurduna ýetip.

Saryklar uýalman oňa goşuldy,
Diýdi: «Gulluk, näme diýseň, hoş indi!»

Şeýdip saryk şaýy bilen goşluşdy,
Teke bilen gaş-gaş bolup uruşdy.

Ençe möhlet uruş-jeň boldy onda,
Gije bilen gündiz deň boldy onda.

Ahyr şa ýygyny tap gelmän jeňe,
Atdy özlerin bir gorkusyz ýere.

Bir agşam köp mekir-hileler birlen,
Öwrüm edip, saryklara bildirmän.

Howlukmaç ýördüler Saragta sary,
Bäri gelen saýry ýurduň ganhory.

Dynç alyp ýatdylar ençeme günläp,
Parahat boldular demlerin dürsäp.

Onda bir ullakan gala saldylar,
Gala däl-de, belki, bela saldylar.

Ol galada ençe serbazyn goýup,
Gitdi şaýy öz ýurduna güm bolup.

Tähranyň şasyna habar ýetişdi:

Goşunyň şu hili ýagdaýa düşdi.

Ine, şonda hasrat bilen ah dartdy,
Ah-wah edip, ala gözün alartdy[32].

Japargulyň goşun sürüp gelmesi
Şu sebäpli, uzyn sözüň keltesi.

Iberilen tekäni raýa salsyn diýp,
Olardan köýdürlen ary alsyn diýp.

Ine, Japarguly gelip ýetişdi,
Öz leşgeri bilen Gürgene düşdi.

Goý, ýatsyn eplenip nun ýaly olar,
Enşalla, bu işiň çäresi bolar.

Teke, saryk nämişledi? Bir sowal!
Öňki boluşlarny etdiler dowam.

Saryklar gajara dostana boldy,
Bu hem tekä ýagşy bahana boldy.

[32] Bu waka 1271/1854-nji ýylda Horasanyň häkimi Fereýdun mürzäniň döwründe bolupdy. Hywa hany Mara çozup gelende Eýran, Mämetemine garşy goşun sürýär we türkmenler tarapyndan derbi-dagyn edilýär. (AG)

Diýdiler: «Saryg-a ýoldan azaşdy,
Maly hem emlägi talaňa düşdi.

Gajar ilatynyň işi jenaýat,
Jan ynansaň, öz janyňa hyýanat.

Etdigiňdir, öz janyňdan üz eliň,
Bu şeýle bolýandyr — diýdiler — biliň!»

Teke ili bir pikire uýdular:
«Saryk taýa ýol ýapyldy — diýdiler —

Goý, indi ýakynlar, daşlar ýygnansyn,
Ähli urug-garyndaşlar ýygnansyn.

Şondan soň sygynyp kadyr hudaýa,
Ibäris janlaryn jähennem taýa.

Tapyň bir zeberdest[33] batyr bir merdi,
Bolsun köpügören hem nazarkerde.

Iberiň, tiz Ahal taýa gitsin ol,
Goşun toplap, basym gelip ýetsin, ol.»

Diýdiler: «Şu ýanda bir batyr bardy,

[33] ökde, ezber

Özi parasatly, **Gultendir** ady.

Özi batyr hemem uly -pälwandyr,
Elguş kibi eden işi rowandyr.

Totyguş tetelli suhangöýlükde,
Sözlände da:şy mum etmäge ökde.

Hem ýetikdir onuň akly-kemaly,
Gepi—gep, ýok onuň hilesi-aly.

Her işe gabyldyr başyna barsa,
Gaýratlydyr, taýdyr gaplaňa, barsa».

Elkyssa, ol äre bir nama berip,
Hem söz bilen aýdyp, hem howlukdyryp.

Iberdiler Ahal sary rowan,
Gitdi ol är sähel oýlanyp durman.

Şondan soň galanlar geňeş etdiler,
Başga boljak işleň adyn tutdular.

Tejen etrapynda merdana är bar,
Oň adyna pylan pylan diýerler.

Ýagny ki, **Baýdursun** adydyr onuň,
Ýagşylyk köňlüniň şadydyr onuň.

Garyp-binowalaň hossarydyr ol,
Ýetim halasgäri, dost-ýarydyr ol.

Biçäre bendäge dözümsiz erer,
Esiri boşadyp, göwnüni görer.

Derwüşler derdiniň dermanydyr ol,
Jepakeş bendeleň, bil, janydyr ol.

Ýamanlyk etjekleň ýoluny tutar,
Ýamanlyk edilse, özi unudar.

Ulus-iliň köňül aramydyr ol,
Adalat bagynyň bagbanydyr ol.

Adalat bagyndan alyp kän hasyl,
Ile berer, alar iliň dogasyn.

Ýowuzlyk edene daramaz ýowuz,
Päk tyga daýanmak käridir onuň.

Adalatyň gaznasyndan dürleri,
Saçar il başyna, düzuw öz seri.

Onuň kibi adyl tapylmaz asyl,
Eger bolaýsa-da, ol Şirwan adyl.

Sahylyk möwjüne ol dürden täçdir,
Diňe iliň alkyşyna mätäçdir.

Sylagy ýetikdir baýa-garyba,
Garbu-şarka, maşryga hem magryba.

Ondan haraý tapar ýakyn u-saýry,
Däldir oň rysgaly il-günden aýry.

Säherler dilinde hakyň senasy,
Hakdan özge bolmaz onuň penasy.

Halasdyr hak gazabyndan, töhmetden,
Umyt eder hudasyndan — rehmetden.

Dünýä gamyna däl, özi şükr eder,
Elmydama ahyretin pikr eder.

Allanyň erkine tabyn elmydam,
Her işi hudaýa tabşyr elmydam.

Töwekgellik eder özi her işde,
Şu röwüşde ýaşady bar perişde.

Kimse munça haýra mynasyp bolsa,
Elbetde, ol dogry barar uçmaha.

Onuň akly kämil, kämillerdenem,
Kämil özi iň bir kämil serdenem.

Jenňi-jedellerde parasatly ol,
Oýlanar dawany çözmezden ozal.

Iň soňunda diýdiler: «Eý, halaýyk,
Alyp geliň, ol är bizlere laýyk.

Goý, gelsin bu ýana, gelsin Baýdursun,
Bize munda geňeş berip otursyn.

Kabul ediň onuň her bir diýmişin,
Anyk bilýär çözgüdini her işiň».

Iberip birniçe çapyksuwary:
«Alyp gel — diýdiler — ol şähriýary».

Gidenler ol äri köp ram eýläp,
Getirdiler hormat hem ekram eýläp.

Uly-kiçi ýygylyşyp bir jaýa,
Diýdiler: «Hoş gelipsiňiz biz taýa!»

Uruş hakda geňeş etdiler üýşüp,
Çäresin tapdylar ýene kän işiň.

Olar munda öz işlerin düzetsin,
Indi gürrüň başga bir ýana gitsin.

• • •

Rawy şeýle bir rowaýat eder,
Gulten bahadyry Ahala gider.

Ulus iliň aladasyn edip ol,
Kömek sorap, Ahal sary gidip ol.

Ýetişdi Ahala iliň janany,
Soradylar: «Ne habar, eý, pylany?»

«Eşdensiňiz teke-saryk urşuny,
Gije-gündiz bir-birini gyrşyny.

Iberdiler meni hemaýat üçin,
Garyndaşlyk üçin, raýat üçin.»

Diýdiler: «Hoş geldiň, biziň ýanlara,
Habarňzy aýdyň ulug hanlara!»

Rowan boldy ondan zeberdest kişi,

Sähel wagtdan gala sary ýetişdi.

Salam berip, girdi hanyň jaýyna,
Dergähe arz aýdyp, bardy ýanyna.

Horjunyndan çykdy gönderlen nama,
Okatdy ol hatyn **Nurberdi hana**.

Okap, Nurberdi han boldy habardar,
Ýene ýetip geldi bir çapyksuwar.

Salam berip, girdi köp hormat bilen,
Gulten-şahbaz bilen otyrdy ol hem.

Ol hem hana berdi oşol namasyn,
Okatdy ol başdan-aýak barysyn.

Bildiler Gürgene dolupdyr efgan[34],
Leşgerli gelipdir Japarguly han.

Bildiler duşmanyň pyglyn-hyýalyn,
Tekäniň, gökleniň düşjek ahwalyn.

«Eý, bahadyr! — diýdi Gultene Weli —

[34] pygan

Sabr eýle ençe gün, pikir edeli.

Bilýäňmi sen, din duşmany gelipdir,
Höwes eýläp uruşmany, gelipdir.

Ilki bilen işbu duşman sap bolsun,
Ondan soňra Mary sary barylsyn!»

Ine, şondan soňra **Seýilhan**[35] hany
Diýdi habarçylarna: «Jar çekiň, hany!

Jarçylar jar çekip külli diýara,
Dura-bara habar ýetdi bar ýere.

Az möhletde müňläp esger jem boldy,
«Jem kyldyk!» diýp, hana habary geldi.

Hem diýdiler: «Eý, şähriýar, taýyn biz,
Her ne diýseň, gullugyňa gaýym biz.

Näme perman bolsa, indi duruş ýok,
Urşmadan özge bir ýagşy röwüş ýok.

Her näçe bolsa-da sany duşmanyň,

---

[35] Nurberdi hanyň lakamy.

Damagyndan çykar jany duşmanyň.»

Ondan soň jem kylyp ýarag-esbaby,
Ýöriş kyldy türkmen ilniň Sohraby.

Hemme geňeşdarlar, köpgörenleri,
Hem başdan köp söweş ötürenleri.

Ýola düşdi, polat sowut eginde,
Egri gylyç bilde, naýza — elinde.

Tez bedewler kükräp, atýarlar owsun.
Mündüler olaryň gowudan-gowsun.

Naýzalarna ýalaw dakyp gitdiler,
Ýigit bary ýasaw dartyp gitdiler.

Nyzam bilen Garrygala golaýlap,
bardy olar gylyç, naýza bulaýlap.

Gördi gökleň ili gerdi-gubary,
Ýetip gelen on müň çapyksuwary.

Tanadylar ony, Nurberdi handyr,
Merdana, il bilen bir ten u-jandyr.

Öňlerinden çykyp, aldylar garşy,
Uly-kiçi aýdyp ýüz-müň alkyşy.
Düşürip, olara yzzat etdiler,
Ähli leşgerlere hormat etdiler.

Aýtdy olar: «Eýa, hany Seýilhan!
Eýlediňiz biziň ili şadyýan!

Ýaşuly, ýaşkiçi ýygnanyp bary,
Diýdiler: «Hoş geldiň, eý şährý-ýary!

Jahan durdugyça, sen baryň bolsun,
Huda birle resul seň ýaryň bolsun!..»

Bular aýdyp gutarmanka alkyşyn,
Giden gözegçiler geldi ylgaşyp.

«Topar-topar duşman gelýär — diýdiler,
Giň, dünýä sygyşman gelýär» — diýdiler.

Zaman ötmän, munda geldiler ýetip,
Toplaň tozan-gerdi asmany tutup.

Kernaý-surnaý ýene top sesi bilen,
Ene şeýtan kimin was-wasy bilen.

Baýyrlaryň arasynda durdular,
Daşa daňyp, çadyrlaryn gurdular.

Gaçyp bardy bir habarçy o ýana,
Türkmeniň ýagdaýyn aýtdy duşmana.

«Gelipdir tekeden on müň suwary,
Baş bolup gelipdir Nurberdi hany.

Ähliјesi demir-polat eşikli,
Ýaş ýigitler bir-birinden gelşikli.

Ählisi jeň küýsäp, söweşe taýyn,
Gollary berdaşly, ýaragy gaýym»

Bildi duşman ýomut ilinden goşun,
Gelip ýatyr onda jem kylyp başyn.

Gelýär günbatardan leşger dembe-dem,
Duşman gördi: bu ilatyň başy jem.

Gaýgy-gussa batdy peläket ýagy,
Garşysynda görüp bir apat, ýagy.

Habarçynyň sözi howsala saldy,
Ne akyl, ne ýürek, ne-de huş galdy.

Bu gije ol kirpik çalyşman ýatdy,
Gabagy gabagny alyşman ýatdy.

Ahyr daň atdy, gün nuruň saçdy,
Göýä pelek täji başyndan gaçdy.

Şol mahalda olar garap görseler,
Tutupdyr ýer ýüzün bihasap leşger.

Seýilhanyň hany bakyp durupdyr,
Söweş meýdanyna çykyp durupdyr.

Biri hesret bilen: «Japarguly han,
Turawer, başyňy gutargyl aman!

Gelip dostuň durupdyr, bol habardar,
Tamam biziň şirin jana hyrydar».

Tisginip turdy han: «Düýş gördüm - diýip,
Tapyň siz bu düýşe bir ýordum» — diýip.

Diýdi: «Hasan Käşi gelip düýşümde,
Sakgalymdan tutup, kyldy şermende.

Ýorgun bu duýşümi pylany» — diýdi,
Pylany: «Görýärmiň duşmany?» — diýdi.

«Üstüňi basdyrdyň eý, han — diýdi ol,
Gelipdir ummasyz duşman» — diýdi ol.

Goý, galsyn bu ýerde bu söz, bu beýan,
Türkmenden bir ýigit bu taýa rowan.

Boldy edermen hem gaýratly ýigit,
«Pälwan beriň!» diýdi haýbatly ýigit.

Ýokdy ol zamanda onuň dek gerçek,
Günbatarly, ismi **Öwezli tentek**.

Haýbat bilen gygyrdy: «Eý, gyzylbaş,
Är dileýän, çyksyn maňa başa-baş!

Ýekme-ýek çykaly, görkezip zory,
Damagmyzdan çykarşaly damary!»

Zamandan soň, ýene talap etdi är,
Ýene bar gyzylbaş göýä ki bimar.

Diýdi: «Eý, kapyrlar, gorksaňyz eger,
Täk özüme iki garşydaş iber.

Bolmasa ärleriňiz top-top eýläň-de,
Ähli serbazlarňyz sap-sap eýläň-de.

Iberiň bir uruş kylalyň elin,
Görenler, eşdenler diýsin: «Aperin!

Ýöne welin gyzylbaşyň topundan,
Bir är çykmaz gorkup onuň howpundan.

Ýene-de nazm eýläp, gygyrdy batyr:
«Näme, gorkýaňyzmy, kylyp howatyr?

Heniz naýza sunup, bir el uzatman,
Tygyň zäherinden bir zerre datman.

Ýatyrsyňyz gorkup, endişe eýläp,
Gorky-howatyry bir pişe eýläp».

Hassa-bimar bolup Japarguly han,
Ýatyrdy ahwaly-haly perişan.

Hasan Käşi girip onuň düýşüne,
Masgara edipdir ony, görsene.

Eşdip ol batyryň ýorgudyny han,
Sözledi ýüzüni urup, ýyrtyban:

«Aýdyň, meň düýşümi niçik bildi ol,
Bar görenim ile aýan kyldy ol...»

Diýdi oň mähremi: «Eý, han aga,
Gören düýşüň goýup, bak bu gyraga.

Üstümize duşman süýşüp gelipdir,
Tamam daşymyza üýşüp gelipdir...»

Soň huşuna gelip Japarguly han,
Buýrdy jarçysyna: «Jar çekiň, durman!»

Kyldy jarçy jaryn ähli leşgere:
«Ýygylyň, sap tutup bu meýdan içre!»

Iki leşger bir-birine barabar,
Gelip durdy meýdan içre sera-ser.

Çykardy han ol meýdana bir pälwan,
Çykdy pälwan elne ýarag tutuban.

Hem diýdi ol pälwan: «Gel, munda batyr,
Özüňe barabar ýigitler bardyr.

Lap urup, kezzaplap, diýdiň hamana,
Taý tapylmaz özüň kibi pälwana».

Ol hem at debsiläp tiz geldi bu ýan,
Ýanma-ýan durdular iki goç pälwan.

Jeň-jedelde garşy-garşy durdular,

Bir-birege gylyç salyp gördüler.

Biziň pälwan, ady **Paly mergendi**,

Gyzylarbat diýaryndan gelgendi.

Oň özi sünniniň batyry erdi,

At sürüp ýagynyň gaşyna bardy.

Birden gylyç urdy onuň serine,

Iki bölüp, ýetdi at eýerine.

Diýdi Japarguly: «Bu niçik mahal?»

Gurraçysy aýtdy: «Wagty bimahal».

Gaýtardy leşgerin çadyra sary,

Gelen gelen ýerne ýygyldy bary.

Yslamyň leşgeri şadyýan bolup,

Gaýtdylar o ýerden baş aman bolup.

Uruş etmän ençeme gün ýatdylar,

Ahyr habarçylar habar etdiler.

Habar tapdy ýene ähli musulman,

Ertir ýene geljek Japarguly han.

Geňeş eýläp hemme serheň-sertibi,
Toplaryny päkläp, kylyp tertibi.

Diýdi: «Geldik ençe parsaň ýöräp biz,
Iş bitmän otursak, haly harap biz.

Sünni bilen birýanalak bolunsyn,
Baş berilsin, ýa başymyz alynsyn».

Diýdiler: «Şol ýerde bardyr bir baýyr,
Şony eýelesek, işimiz haýyr.

Şol baýra topumyz çykaran zaman,
Alarys biz ol galany bigüman.»

Möminler hem bu habary eşidip,
Tizden-tiz kyldylar söweş geňeşin.

Çykardylar baýra birniçe mergen,
Bary iş bitiren hem kepügörgen.

Garaz, ahyr taýyn boldular jeňe,
Bir ten-u hem bir jan boldular hemme.

Alkyş okap, çagyrdylar allany,
Goý, ýaradan bolsun olaň ýarany.

Ondan soňra gije bolup, daň atdy,
Asman ýere öz naýzasyn uzatdy.

Güneş göge çykyp, gündizlik boldy,
Älem rewşen bolup, tämizlik boldy.

Küffar ili uruş teblini urup,
Her haýsysy buýruk berip, gygyryp.

Ýörütdi topçular sary toplaryn,
Sertip-serheň, düzdi goşun saplaryn.

Öňe salyp pyýadasyn serdarlar,
Uruş meýdanyna çykdy küffarlar.

Bu ýandan tamamy musulman ýörüp,
Girdi meýdan içre azmlar urup.

Barýar öňlerinden sahypkyrany —
«Buýsanç bilen iliň, Nurberdi hany.

Tugçular baýdagy naýza başyna,
Dakyp, ýöridiler duşman gaşyna.

Ýasaw bilen topar-topar barýarlar,
Göýä assa akyp barýan derýalar.

Ýada salyp, ine, ýer bilen arşy,
Durdy iki goşun garşyma-garşy.

Bulut gelip, zemin üste seçildi,
Gyzyl güller ýyldyrym dek açyldy.

Tämiz şemal gelip, syrdy dünýäni,
Röwşen kyldy köňli öwlüýä ýaly.

Şeýle bir päk boldy roýy[36] dünýäň,
Jeň üçin amatly, bar zat görünýän.

Soň Seýilhan hany diýdi: «Bilsinler,
Goý ýigitler bu meýdana gelsinler!»

Debsiläp, meýdanda at oýnadyban,
Çykdy teke tarapyndan **Durdy han**.

Özi gylyç gemren batyrdy örän,
Garşy gelse, duşman kastyna dörän.

Başynda köp uruş ötüren ýigit.
Ganym başyn naýza ötüren ýigit.

[36] Ýer ýüzi

Azm bilen çykdy meýdan içre ol,
Özüne ram berip söweşden ozal.

Ýene bir nowjuwan gamçylap atyn,
Çykdy görkezmäge güýjün-kuwwatyn.

**Çary batyr** diýrler ol ýigdiň ismi,
Meýdana çykanda aç böri misli.

Ýene-de bir batyr syçmaz halkyndan,
Ony görse, duşman ýerden galkynman.

Asly **Börme**lidi, gaýratly ärdi,
Batyrlar içinde ulug serdardy.

Harby käri örän ökde bilerdi,
Ol hem batyrlaryň ýanyna bardy.

Goşun içre ýene bir kişi bardy,
Elmydama ýowuz günde derkardy.

Aslyny sorasaň **ýazyrhandan** ol,
Heder etmez idi hiç duşmandan ol.

Ol hem gelip girdi jeň meýdanyna,
At oýnadyp, bardy mertleň ýanyna.

Günbatardan peýda boldy çaň-tozan,
Şol çaňyň, tozanyň arasy bilen.

Göründi, kän leşger ýetip gelýärdi,
Bir kişi oň başyn tutup gelýärdi.

Pygamberiň täji bardy serinde,
Ählem serweri ol öz illerinde.

Ýaşyl donly, eli ýaşyl hasaly,
Köňlünde hak ýady, dili senaly.

**Mahmyt işan** diýrler onuň ismine,
Gelýär ol baş bolup ýomut iline.

Ýasaw tutup, munda häzir boldular,
Söweş meýdanyna ýöriş kyldylar.

Gelip, möminlere goşuldy olar,
Ýetişdi küffara agyr gussalar.

Barýar bular bir tarapdan sap tutup,
Çykdy batyrlary atlar oýnadyp.

**Teke, ýomut, gökleň bary birleşip,**
Batyrlary ýasaw tartyp, arlaşyp.

Bir-birege gaýrat berip, güýç berip,
Ýekme-ýekden duşman läşlerin serip.

Naýza sunup, at oýnadyp ol ärler,
Ýaga: «Geliň söweş sary» diýýärler.

Eşdip olar batyrlaryň sözüni,
Bäri bakdyrdylar toplaň ýüzüni.

Ençe topy bu ýan sary boşatdy,
Yslam leşgerine onlap ok atdy.

Ýürekliler gorkman duşman topundan,
Ýetip bardy serbazlaň öň sapyndan.

Naýza urdular tä düşýänçä ysgyndan,
Tyglar çykdy ýagyň ýagyrnysyndan.

Ençe serbazlary perýat etdiler,
Gyzylbaşlar olardan dat etdiler.

Diýdi Japarguly «Eý-waýy, leşger,
Ýuwtdular goşunmy misli bir aždar.

Türkmeniň ilinden bir bölek atly,
Az salymda kän goşunym dargatdy.

Alla bendeleri — sertib u-serheň,
Göz görkezip, kylyň siz şeýle bir jeň!

Bu sözleri aýdyp, buýruk berdi ol,
Leşgerlerin çepden-sagdan sürdi ol.

Ýörütdi ol toplaryny atdyryp,
Giň jahany goýry tüssä tutduryp.

Toplaň gümmürdisi ýetip asmana,
Asman zemin, ýer-gök geldi lerzana.

Sap-sap eýläp, leşgerlerni ýörütdi,
Top-tüpeňiň sesi pelege ýetdi.

Zor salyp, kapyrlar söweş kyldylar,
Biziň batyrlara agram saldylar.

Olar döne-döne urşup, söweşip,
Ahyry Nurberdi hana ýetişip.

Diýdiler: «Merdimiz Seýilhan hany,
Küffar ili aljak amanat jany.

Basyp barýar bizi duşman leşgeri,
Haýykdyrýar toplaň gümmürdeşleri...»

Ýygrylyp yslamyň leşgeri kem-kem,
Gylawlanyp ondan küffar ili hem.

Baýyrlardan çykyp ol depe sary,
Toplaryn ýörüdip gelýärdi bäri.

Ýakynlaşyp geldi topun atdyryp,
Dünýäň ýüzün ajy tüssä tutduryp.

Haýran-serasyma bolup musulman,
Duşmanlaň güýjüne boldular haýran.

Zar ýyglaşyp galaň içindäki il,
Hudaýa ýalbaryp, diýdiler: «Jelil»

Kabul eýle ejizleriň dogasyn,
Arzuw-myradyny eýlegin hasyl...»

**Ýagşy Mergen** atly parasatly är,
Başy gan-gowgaly harasatly är.

Diýdi:  «Kethudalar, begler u-hanlar,
Ýetip geldi aç it kimin kapyarlar.

Hudaýy ýat edip, duşman kastyna,
Döneliň tiz küffar iliniň üstüne.

Özün ýat edeni huda ýat eder,
Küffar ili bizden köp perýat eder...»

Hemme birden aýtdy: «Bu dogry gepdir»,
Ulug-kiçi her kes gowga talapdyr.

Bir-biregi goldap, gaýym boldular,
Ýaraglanyp, derrew taýyn boldular.

Dolanyp, at goýup duşmana sary,
Çagyrdylar ol Allahy-ekberi.

Güýç-gaýrat, kuwwatyn jemläp bardylar,
Tozan turzup, jylaw deňläp bardylar.

Sag-sola seretmän kafyr üstüne,
Ýakynlap bardylar bärden dessine.

Ýykyp küffar ilniň ähli binasyn,
Çagyrdy möminler rebbenasyn.

Çar ýandan top sesi çykdy pakyrdap,
Ýetip bardy gylyç-naýza şakyrdap.

Iki leşger garşy durup serbe-ser,
Uruş boldy dowzah bilen barabar.

Her kimse tyg urup duşman başyna,
Ýyldyz dek süýnerler şeýtan başyna.

Nurberdi han ýygnyň başyny başlap,
Bir ýowuz şir kimin atyp, gylyçlap.

Çepden, rastdan çapyp, kylyp oýun-baz,
Naýza sünjer, synar sertib u-serbaz.

Sag ýanyndan gelip **Çopan Kir hanyň**,
Aždar dek demine dartar duşmanyň.

Hyrçyn dişläp, sunup, naýza urardy,
Kä ýagy ommalar ýa çommalardy.

Niçäni tyg bilen taşlardy çapyp,
Ýatyr ýagy agzy-burny gum gapyp.

Hem ýene ýantaşyp iki goç merdan,
Biri **Gulten** onuň, biri —**Durdy han**.

Gyryp, gyzylbaş ilin ýegsan ederler,
Niçe janlyklarny bijan ederler.

Emele girizip ähli tyglarny,

Nazarlaşyp indi küffar tuglarny.

Çykdy bir tarapdan dört sany arslan,
Gelerdi tyg urup ol şiri-barslar.

Birisý **Çary**dy — gardaşy bilen,
Birisi **Eşrep**di — ýoldaşy bilen.

Olaryň elinde tyglar ýalpyldap,
Sürýär serbazlary birýana toplap.

Ýene bir nowjuwan —bir hoş sypatly,
Ismi-namyn sorsaň **Batyr beg** atly.

Tazy deýin ýüwrük atyn sürdi ol,
Tomaşa kyl näçe duşman gyrdy ol.

Çakganlanyp, girdi söweş sary ol,
Tyg bilen gorady namys-ary ol.

Niçelerni urup, set-para eýläp,
Jähennem tarapa rowana eýläp.

Gyzylbaş başagaýlap, el üzýär jandan,
Gyryp, goç ýigitler çykýar armandan.

Duşmana çekdirip köp ahy-pygan,
Akdyrdy ýigitler derýa kimin gan.

Hem ýomut ilinden sermest ýigitler,
Gyrgyn eýläp, çepden gelip ýetdiler.

Gyzylbaşyň çep ýanyn gysyp-gowuryp,
Ganyn döküp, üstüne ot sowuryp.

Garaz, ýaga bermän aman-zamany,
Gopdurdy başyna ahyrzamany.

Şonda Nurberdi han eýledi hököm,
Goçaklarym, duşman tuguna depiň.

Batyrlar jem bolup, baýdaga depdi,
Barşyna ýagyny urdy hem çapdy.

Oşol wagt diýdi Japarguly han:
«Sünnüleň ýeňnne galmady güman.

Ejizledik biz mundaky uruşdan,
Gaçan hoşdur bu ýerlerde duruşdan.»

Ondan soňra ýygnap nökerlerin han,
Gaçdylar bu ýandan yza garaman.

Batyrlarmyz olaň gaçanyn görüp,
Tizara baýdagy çapdylar baryp.

Biliňler, küfr ili boldular harap,
Gitdi gelen ýolun gaýtadan ýöräp.

Hüjüm bilen ýörüp ähli musulman,
Gyzylbaş halyny kyldy perişan.

Batyrlarmyz bu döwüşden ardylar,
Soň nobaty gorkaklara berdiler.

Elkyssa, jesetden kän depe turdy,
Duşman gol göterip, omma oturdy.

Bolup Japarguly haly perişan,
Topun taşlap, ölen-ýitenin alman.

Agyr hasrat bilen ýurduna gaýtdy,
Janyn alyp barýar gam-gussa, gaýgy.

Köp buz-ýagmyr ýagyp asmandan,
Zat goýmady jeset bolan duşmandan.

Müň bir hasrat bilen diýip: «Wah, arman»
Gürgen taýda ýitdi Japarguly han.

• • •

Möminler söweşde ýeňiji bolup,
Yza dolandylar gülüp-şatlanyp.

Soň gelip düşdüler gökleň iline,
Garrygala atly sermenziline.

Diýdiler: «Eý, hanlar, begler, beýikler,
Dynç alyň siz çekip sapa-keýipler».

Ençe gün ýatdylar bolup parahat,
Dem rastlap, bedene berip rahat.

Teke, ýomut aýtdy gökleň iline:
«Rugsat bolsa, gaýtsak öz menzilmize.»

«Kim, bu ýerde galsa, hormaty bolar,
Abraýy, şöhraty, yzzaty bolar.

Huda size rehmet nazaryn salsyn,
O dünýe, bu dünýe hossarlyk kylsyn».

Bir-birege ýagşy sözler aýtdylar,
Hoşlaşyban öýli-öýüne gaýtdylar.

Öz goşunyn alyp, Nurberdi hanam,
Ýeňiş bile boldy iline rowan.

Öz iline geldi ýeňiji bolup,
Goşun hem dargady rugsat alyp.

Soňra Nurberdi han diýdi Gultene:
«Senem indi uzak ýola gitsene.

Sen baryp bu işi söýünjilegin,
Gyzylbaşlaň tar-mar bolup ýeňlenin».

Han oňa uzatdy ýazlan namany,
Ol är gitdi Mary sary rowany.

Ençe günläp köp ýollary ýördi ol,
Ahyrynda Mara ýetip bardy ol.

Ol habardar kyldy Mary halkyny,
Şatlandy il, göwünleri galkyndy.

Ýene aýtdy: «Geljek Nurberdi han hem,
Leşger ýygyp, biziň sahypkyran hem».

Muny eşdip, göwün hoşlady olar,
Gadymky dessurna başlady olar.

Ýene-de söweşi etdiler dowam,
Gyrmyz gan reňkini üýtgedip howaň.

Saryk bilen teke gabatma-gabat,
Goşun saklap durka meýdanda, şo wagt.

Göründi ilerden uly çaň-tozan,
Baýdakçy göründi bar zatdan ozal.

Öňün başlap gelýän bir nowjuwandy,
Ýagny ki, oň özi Nurberdi handy.

Alyp geldi munda agyr leşgerni,
Agzalalyk dogan ile gelşermi?

Gelip durdy bu meýdanda ýaňky är,
Her ýana iberdi bir çapyksuwar.

«Teke, saryk kethudasy gelsin» —diýp,
«Hemem gelip, bizden habar alsyn» diýp.

Geldi iki ýanyň aksakallary,
Halkyň kethuda diýp at dakanlary.

Hem görüşip, hem soraşyp, diýdiler:
«Gelipsiňiz aryp-aşyp» diýdiler.

Soradylar: «Ne habar, eý, şähriýar,
Siziň bu gelişde niçik many bar?»

Parasat hem pähim-paýhas bilen han:
«Eşitdik, dökülýär munda nähak gan.

Geldik biz sizleri ýaraşdyrmaga,
Iki gardaşlary baryşdyrmaga.

Ýaraşyň, kinäni döküp köňülden,
Habar alyp pygamberiň sözünden.

Pygambermiz aýdan: «Eger il ile,
Ýagy bolsa, zeper ýetýändir dine.»

Diýdiler sarygyň kethudalary:
«Ile baryp, ýygnap bar adamlary.

Geňeş kylyp, soň jogabyn aýdaly,
Häzir rugsat bolsa, ile gaýdaly.

Diýip, rugsat alyp gaýtdylar olar,
Ýagdaýy il-güne aýtdylar olar:

«Gelipdir tekäniň Nurberdi hany,
Teklip edýär bize ol ýaraşmany.

Şeýle haýyş bilen bize ýüzlendi,
Goý, agzybir bolsun diýýär ol sünni.»

Ýöne saryk ili bolup jeň talap,
Ýeke uruş ýolun aldylar saýlap.

Ençe gün uruşyp hem aryp-aşyp,
Saryk biçäreleň agmaly çaşyp.

Ahyr «El-aman!» diýp, köp dat etdiler,
Musulmanlyk diýip, perýat etdiler.

Diýdi teke ähli: «Garyndaş, etseň,
Aman bardyr mundan baş alyp gitseň»

Saryklar bu sözi kabul kyldylar,
Göçdüler, watandan jyda boldular.

Şondan soňra Maru-şahy-jahan, bil,
Boldy teke ilne watan u-menzil.

«Ýalňyşýandyr ýüwrük bilen çapyşan,
Ýa özünden güýçli bilen çaknyşan.»

Bu sada nakyly saryk unutdy,
Watandan aýrylyp, pytyrap gitdi.

• • •

## ÝEŇLENDEN SOŇ, GAM-GUSSA ÇEKIP JAPARGULYNYŇ ASTRABAT TÖWEREGINDE ÖLŞI WE GAÇAKÇY GOŞUNYŇ TÄHRANA BARŞY HAKYNDA

Bir hekaýat tamam boldy, şahyrym,
Gel, beýan et indi kyssaň ahyryn.

Japarguly çekip ençe zyýany,
Ütelgiden[37] gaçan togdary ýaly.

Ýetip bardy bärden Gürgen hetdine,
Onuň Astrabat bilen serhetine.

Tähranyň şasyna berende wada,
«Kylar men tekäni ýer-ýegsan, ýa-da...»

Diýipdi şa: «Işi bitirseň eý, han,
Seniň ygtyýarňa geçer Horasan...»

[37] Ütülgi= aw guşy, togdary

Heläk boldy çekip kän gaýgy-gussa,
Indi baryp, häkim boldy dowzahda.

Ýene rawy aýtdy: Ençe merdana
Ýetip bardy bärden şähri-Tährana.

Baryp sözlediler: «Eý jahan şasy,
Habar bar, aýtma kyn, bolduk biz asy[38].

Pähimläp, göwnüne bir güman gelip,
Aňdy leşger çekdi köp heläkçilik.

Ýöne ynanman şa olaň sözlerne,
A:larlyp seretdi gamgyn ýüzlerne.

Tabpşrdy olary derhal jellada,
Gulak-burnun kesip, asyň diýp darda.

Zaman ötmän, tutup hatar u-tertip,
Niçe serbaz bilen serheň u-sertip.

Diýdiler: «Bu işler çyndyr eý, şahym,
Leşger heläk boldy, bilgil, eý, häkim.»

[38] Gozgalaňçy

Beýhuş bolup, ýykyldy ol tagtyndan,
Niçema ýel ösdi oň arkasyndan.

Oň ýanynda bardy şazadalar hem,
Synaýy, mähremler, azadalar hem.

Şazadalar pähim eýläp bir pasyl,
Diýdi mähremlere: «Turuzyň basym.»

Turuzdy mähremler ony söýgetläp,
Tagtda oturtdylar düşek gat-gatlap.

Diýdi olar: «Şahymyza bu sagat,
Meger, dew-periden ýetdi bir apat.»

• • •

## Hemze Mürzäniň Mara hüjümi

Elkyssa, ol zamandan soň aýyldy,
Agzalaň ýüzüne ýagty çaýyldy.

Ol özüni rastlap, kaddyn düzetdi,
Saky oňa bir jam şerap uzatdy.

Agzyn açyp, pallap oturan şanyň,
Jany şypa tapdy içip şerabyn.

Mest boldy ol içip jam doly şerap,
Hökümetden urup başlady ol lap.

Diýdi: «Hökmüm rowan meň Yspyhana,
Dünýäň merkezi ol -nisfi-jahana[39].

Ýene Şiraz bilen Kaşan meniňdir,
Sorarmen Gazwin u-Tähran meniňdir.

[39] Isfihana, jahanyň ýarysy diýlen at berlipdi, nisfi=ýarysy

Ýene Häzirbegjan u Damgan bil,
Hemedan bilen Mazenderan bil.

Meňki Şahrud, Bostam, Astrabadam,
Mazlumlary maňa ýetirýär dadyn.

Bir ýany H:af bilen Tun u-Tebes-dir,
Sistan hem Hirat — şu maňa besdir.

Ki, elkyssa, tamam yklymy Eýran,
Maňa tagzym kylyp, ýollaýar salam.

Bolup munça iliň hökümdary men,
Çekmelimi gaýryň azaryny men?

Bilermen tekeler bir bölek şeýdir,
Gelip, köle gaçan bir tüweleýdir.»

Gahar-gazap bilen dilin çeýnäp ol,
Özüni Feridun hasap eýläp ol.

Her diýara dellal ýygyp iberdi,
«Leşger toplap geliň» diýip iberdi.

«Bolsun olar Maşat sary rowany,

Gelsin welaýatlaň hökmürowany.

Goý, şol ýerde olar çadyr gursunlar,
Herne buýrugyma häzir dursunlar.»

Ondan soňra alyp şeraply jamy,
Diýdi: «Barmy iliň bir päliwany?

Eger-de bar bolsa şeýle bir pälwan,
Gidip, teke ilin ýer bilen ýegsan.

Eýlesin-de, alsyn olardan arym,
Ar almasa, haram bolsun şerabym.»

Oň ýanynda bardy bir «men-men» adam,
«Batyr men!» diýp, öz kimligin unudan.

Turup, tagzym edip: «Men size gurban,
Men gideýin, eger kylsaňyz perman.

Kylaýyn bu işi ähtibar özüm,
Edeýin duşmany tary-mar özüm.

Esir eýläp ähli aýal-ebtadyn,
Taraç edip, äkeleýin bar zadyn.»

Oň adyna **Hemze Mürze** diýerler,

Her sözi herseňňi, herze diýerler.

Ki, elkyssa, ony kabul eýläp şa,
Ibär boldy, bol habardar hem ägä.

Berdi elindäki şeraply jamy,
Ol başa göterdi, noş boldy jany.

Soň diýdi şa oňa: «Tüýs päliwan sen,
Bu jahan içinde sahypkyran sen!

Bar, seni leşgere salar eýledim,
Dogrusy, leşgere serdar eýledim.»

Oňa engam-yhsan bihasap berip,
Hem goşunyň ykbalyny tabşyryp.

Diýdi: «Sen hem tutgun sapar esbabyň,
Taýyn kyl ýol üçin ähli derkaryň.

Ine, ondan soňra Maşada baryp,
Geçgin Ymam Ryza zyýarat kylyp.

Ondan soňra bolsa, sen Mara ötgül,
Tizden teke halkyn kül-peýkun etgil.

Gabap, gabsap, ýykyp ili har kylgyn,

Aljyradyp, ýurdy bimydar kylgyn.

Eger-de bu ýumşy berjaý etmeseň,
Ýok bolgun, bu taýa nazar etme sen.»

Bu sözleri aýdyp, pata berdi şa,
«Bar, işiň şow bolsun, ýar bolsun Alla!»

Tiz şanyň ýanyndan çykansoň Hemzäň,
Beden agzalary kyldylar lerzan.

Puşman boldy kylan bu işinden ol,
Teke bilen urşuň teşwişinden ol.

Ondan soňra diýdi şa: «Eý, wezirler,
Beriň siz salara esbap-nezirler.

Harajatyn, ýol harjysyn bol beriň,
Topun-tophanasyn besläp iberiň.

Gysylman, gyýylman, baryn düzediň,
Üpjün edip, ony ýola uzadyň...»

Derhal şa ýanyndan wezirler gaýdyp,
Topy, gorhanany tiz taýyn edip.

Harwar-harwar zeri gatyra ýükläp,

Berdiler goşuna ýene-de köp zat.

Düýelere mawut, haly ýüklendi,
Gaznada bar zatlaň bary ýüklendi.

Ýene, onsoň üýşüp sertib u-serheň,
Buýrdular çalyň diýp şeýpur bilen çeň.

Ýördüp altmyş alty topuny olar,
Hem tertipläp goşun sapyny olar.

Hem şahzada Hemzä dünýäň gelşigin
Berip, geýdirdiler şalyk eşigin.

Münüp argymaga[40] assa-assadan,
Ýörup sertip-serheň desse-desseden.

Toplaryny ýeke-ýeke atdyryp,
Jahany tusse hem çaňa tutduryp.

Ýola dabaraly boldular rowan,
Uzadyp, wezirler dolandy aman.

Kän mahal ýol ýöräp, köp ýatym edip,
Ahyr Maşat sary bardylar ýetip.

[40]At tohumy, goňur reňekli, gymmat baha at.

Harby guýç düzedi ençeme günläp,
Esgerlerni uly-kiçi tükelläp.

Jem kylyp, leşgerin, bildiler sanyn,
Hem olaryň iýjek owkadyn, nanyn.

Goşun sany laýyk ýetmiş müň boldy,
Jeminden Maşadyň etrapy doldy.

Hemme hanlar sertip, serheňler gelip:
«Indi şa, ýol heňin çalalyň» diýip.

Şol ýerden bat alyp, düzlün nyzama,
Ugradylar Mar u-şahy-jahana.

Ýörüp, ençe menzil ýollardan ötüp,
Marynyň golaýna bardylar ýetip.

• • •

Bir habarçy geldi ýüzün çaňjardyp,
Diýdi: «Küffar ili gelipdir ýetip.

Gelýär ýaldyradyp toplaryn olar,
Düzäp sertip, serheň saplaryn olar.

Boluň, durmaň, düzediň öz işiňiz,

Kylyp taýynlygňyz— röwüşiňiz,»

Aýtdy **Gowşut** — ol bu ile han erdi,
Han däl-de, ol ile jana-jan erdi:

«Ýygylsyn bu ýere birniçe batyr,
Duşman üste sürüp, alsynlar badyn.

Galanlary gala sara ýygylsyn,
Aýal, oglan-uşak- bary ýygylsyn.»

Bada-bat jarçylar ýaýratdy perman,
Perman ile-güne tiz ýetdi durman.

Eşidenler derrew ýetip geldiler,
Boz bedew atlaryn depip geldiler.

Ýygnandy ýüzlerçe jahyl-juwanlar,
Hemmesi jeň gören — sahypkyranlar.

Demir donlar geýip, geldi haşlaşyp,
Ýaraglanşyp, hemmesi leb dişleşip.

Hemmejesi taýyn söweşe, jeňe,
Seredip görünýän tüssedir çaňa.

Diýdiler: «At goýup ýeriň pestinden,
Gizlenip, süreliň, duşman üstünden.»

Gelýär küffar ili uly goh edip,
Ýer ýüzüni tozan, tüsse, ot edip.

Birden buky ýerden tekeler çykyp,
Asmany düňderip, zemini ýykyp.

Ýetip baryp, ýaga naýza urdular,
Söweşip, bir zaman duşman gyrdylar.

Ýagynyň ençesin bijan kyldylar,
Duşmanlaram dört tarapdan geldiler.

Ýygylyp, bir ýere jem bolup bary,
Gylyç gezäp durdy küffara sary.

Ýöne aljyraman küffar ili hem,
Dargatman, goşunyň başyn kylyp jem.

Jemläp goş-golaňyn, ählije zadyn,
Iki parsaň ýere dikdiler çadyr.

Niçe günler ýatyp bu ýerde bary,
Göçdüler nazarlap Nyýazmet galany.

Top atdyryp, dünýä ýüzne ýaň salyp,
Sertip, serheňleri serenjam kylyp.

Baryp orun tutdy olar galadan,
Düzedip oň, için-daşyn ýaňadan.

Niçe günläp pikirlenşip ýatdylar,
Uluglarny ýygnap, geňeş etdiler.

Galada birniçe saryk bar erdi,
Duşmanlara maslahatlar bererdi.

Gerek bu geňeşiň maksadyn bilmek:
«Gyssap, tekeleri gabawa salmak.»

Tebil kakyp, deprek urduryp ýene,
Sesin ýetirdiler dokuz pelege.

Haýbatly çaldyryp şeýpur bilen çeň,
Ýöriş kyldy ähli sertib u-serheň.

Düzetdi saplarnyň düzgun-nyzamyn,
Görkezip meýdanda oýun u-bazyny.

Ýöräp serbazlary dik tutup boýun,
Aýaklarny deň göterip, deň goýup.

Ýörişleri sygan hatarlary dek,
Deň gadam urýarlar, gadamlary bek.

Tertip tutup barşy oruslar kimin,
Saç-sakgalyn alşy andolesler[41] kimin.

Bolup gelýşleri bisyrat örän,
Belki-de şeýtanyň bilinden dörän.

Gümmürdedip, ähli toplaryn atyp,
Ahyry ol ile bardylar ýetip.

Düşdi duşman tekäniň öň ýanyndan,
Teke habar tapdy öz myhmanyndan.

Bildi teke ili geldi gajarlar,
Myhmana nygmatly saçak açarlar.

Din ýolundan azan myhmanyň hakyn,
Bu ilde goş ýazan myhmanyň hakyn.

Kimdigne seredip gelen myhmanyň,
Öýüň eýeleri berýändir nanyn.

[41] Andoles= Häzirki Ispaniýada .

Bererler bu hili myhmana hem nan,
Ýuguryp ujunda gylyçdyr naýzaň.

• • •

Ne iş kyldy bu pursatda, işbu hal,
Teke ilniň howandary Gowşut han?

Ýygnady öz ilniň ähli hanlaryn,
Ähli aksakalyn, bar serdarlaryn.

Diýdi: «Geňeş bilen ilçi ibersek,
Ilçi bir bahana, synçy ibersek?»

Hemme hoşlap, sözi makul diýdiler,
Batyrlary gözden gizläp goýdular.

Iberer boldular bir juwan ýigdi,
Sözleşmäge örän suhangöý erdi.

Paýhas bilen aýyk sözlärdi ýigit,
Han-beglere laýyk gözlärdi ýigit.

**Rahmanguly** handy ýigidiň ady,
Niçe söz tabşyryp, ili iberdi.

Ine, bardy kufr iline ýakynlap,

Bäri ýanda durdy goşuny synlap.

Ilçi diýp wähimläp ony küfr ili,
Garşy iberdiler **Gara sertibi**[42].

Birsellem ikisi sözleşdi olar,
Soň turup, şol ýerde hoşlaşdy olar.

Olaň gepleşýgniň ahyrky jemi,
Kylmaly etdiler özara jeňi.

Diýdi şonda Gowşut han: «Eý, uluglar,
Tamam kethudalar, indi biliňler.

Beýle bolsa, şeýle bir iş kylalyň,
Eşdenler, görenler diýsin aperin!

Çykaryň toplary depäň üstüne,
Serenjam bereýin özüm dessine.

Huzurymda bolsun birnäçe kişi,
Ýaragdan, uruşdan bersin geňeşi.

[42] Muhammethasan sertip Farahany

Pyýadalar hem atlylar baryňlar,
Öwrülip duşmanyň daşyn alyňlar.

Huda birle resuly ýat ediňler,
Töwekgellik ýolun binýat ediňler.

Ýene dört çarýary, öwlüýalary,
Öten perişdeler — enbiýalary.

Siziň dogaňyzy eşidip Alla,
Ýeňşiň bagtyn size berer, enşalla!

Ençe günläp bozmaýyp bu röwüşi,
Kyldylar küfr ili birle söweşi.»

Ki ondan soň, küffar ili siz görüň,
Gazdy töweregne hendeg u-garym[43].

Iki goşun durdy a:rap amatyn,
Jemläp ähli güýç-gaýratyn, kuwwatyn.

Ýöne urşa başlamady tekeler,
Suwçy, odunçysyn tutdy ýekeden.

Geňeş bile diýdi ähli gyzylbaş,

[43] Garym= jar, seňňer.

Goýmaz bizi teke galdyrmaga baş.

Dört top bilen müň atlyny çykarsak,
Bukulyp, golaýa bildirmän barsak.

Çäş wagtyna çenli şol ýere baryp,
Soň başlalyň söweş teblini urup.

Gijäň ýarymynda müň atly gitdi,
Hem alyp ýanlary dört toply gitdi.

Baryp ýetişdiler nowhana olar,
Düwlanadylar şonda pynhana olar.

Aňdylar möminler bu bolan işi,
Soňra üýşüp, eýlediler geňeşi.

Ýygnandy eneçeme jahyl ýigitler,
Elguş dek jeň diýseň, dahyl ýigitler.

Rowan boldy olar duşmana tarap,
Küfr iliniň busan ýerin agtaryp.

Sürdüler duşmana, göýä bihabar,
Öz ugruna barýan bölek atlylar.

Bir-birekden gizlin habar alyşyp,
Gyzylbaşyň busan ýerin aňlaşyp.

Pähimläp busgyny iki pyýada,
Habar berdi ýoldaşlaryna şobada.

Tupeňçiler tüpeňlerin saz edip,
Gylyç, naýza ujun olar tiz edip.

Ýakynlap bardylar bilmedik bolup,
Olara at goýup gelmedik bolup.

Hem ýat eýläp hudaýi-laýezaly[44],
Ýene-de enbiýa — öwlüýalary.

Hemmesi jemlenip boldular taýýar,
Diýdiler: «Tekbiri — allahy-ekber[45]!

Bada-bat at goýup, duşmana depip,
Bardylar küfr ilniň üstüne ýetip.

Ýöne gyzylbaşlar bu işi aňlap,
Jeňtalap boldular ýaragyn çaglap.

[44] Baky
[45] Alla adyny tutmak, alla hu ekber

Barabar boldular iki leşger hem,
Uruşdylar esli salym deňme-deň.

B:ardy onda niçe şahbaz ýigitler,
Uruş, jeňde mydam serdar ýigitler.

Biri pälwansnpat **Hally batyrdy**,
Goçak bir pälwandy, ýeke-täk ärdi.

Çepe-saga gylyç urup barýar ol,
Gyzylbaşy gaýgyrmazdan gyrýar ol.

Dökýärdi ol kuffar ilniň ganyny,
Aman bermän, alýar olaň janyny.

Naýza urup, gylyç salyp zor bile,
Uruşýar ol gelen bu agýar[46] bile.

Aždarhalar kimin demlerne dartyp,
Küffarlary zary-zelil agladyp.

Geçip arkasyna hem eýlesine,
Ýetip bajysyna hem enesine.

Çykdy bir tarapdan birniçe şahbaz,

46 Ýat, nätanyş.

Kuffarlaň başyna boldular perwaz.

Olar **Şamyratdy** hem **Öwez handy**,
**Gylyç Gapan** bilen **Muhammedamandy.**

Biri **Ketjat** biri **Peýrew** bahadyr,
Her haýsy duşmana bir aždarhadyr.

Naýza urup, gylyç bilen çapdylar,
Duşman gany Jeýhun bolup akdylar.

Urup-çapyp, garpyşdylar serbe-ser,
Duşmanyň ganyndan läle boldy ýer.

Sunsa naýza gursagyndan duşmanyň,
Ujy çykar arkasyndan duşmanyň.

Gapyrgalar oňurgadan söküldi,
Gyrmyz ganlar gök damardan pürküldi.

Ýene bir tarapdan birnäçe arslan,
Haýkyryp ýetişdi döküp gyzyl gan.

**Berdinyýaz**, özi **Oraz han ogly,**
Gyljy kesgir, aty ýyndam, gylawly.

Utamyşyň batyrlarna baş bolup,
Duşmanlary urdy-ýykdy hoş bolup.

Tyg uranda her küffaryň başyna,
Ujy baryp ýetýär eýer gaşyna.

Gyrgyn eýläp, apardylar dembe-dem,
Munça ýagy ýuwtmaz bir aždarha hem.

Karar eýläp, küffar ili bu ýerden,
Gaçyp başladylar barysy birden.

Toplaryny süýräp, atyp barýarlar,
Möminler arkadan ýetip barýarlar.

Uruş tygyn, naýza sünjüp synadan,
Çykdylar ýigitler göwün-kineden.

Hususan bir batyr bardy tekede,
Batyrlykda tenha özi — ýekedi.

Naýza çenäp, ýeriň pestinden baryp,
Topçyň arkasyndan bir naýza urup.

Ondan iki topy aldy dessine,
Derrew çykdy ýaňky topuň üstüne.

Diýerler kim, onuň ady **Nepesdir**[47],

Uruşmaga, söweşmäge hewesdir.

Bil, ahyr küfr ilniň leşgerniň bary,

Gaçyp bardy gazan garymna sary.

Gaçakçylaň öňi baryp ýetdiler,

Ýetip baryp, şazada habar etdiler.

Diýdiler: «Şazada, mürewwet kylgyn...

Ýok boldy leşgeriň, sen muny bilgin»

Ol şazada bu habary eşidip,

Gussa batdy, boldy gaýgysy ýetik.

Bu gün ahyr bolup, düşdi garaňky,

Ähli han-beglerin ýygnady ýaňky.

Şeýdip, geňeş bilen o gije geçdi,

Soň gündiz gijäniň ornun çalyşdy.

Şol geňeşiň hullasy[48] şu bolmaly:

«Uruş eýläp, almaly ýa ölmeli!»

---

47 Şahyr Mollanepes-de şu urşa gatnaşyp ýaralanyp soňra şol ýara zerarly aradan çykýar.

48 Mahlasy= gysgasy

Goh turuzyp, uruş teblin kakdylar,
Muň owaz çykaryp, pygan dartdylar.

Çalyp şeýpur bilen çeňlerin olar,
Barysy bir ýere jemlenip olar.

Gümmurdedip toplaryny atdylar,
Howlukman, nyzamly ýöriş etdiler.

Uruş meýdanyna geldiler ýetip,
Durdy serbazlary bir hatar tutup.

Olaň serkerdesi Gara sertipdi,
Durnukly, uruşgan, edep-tertipli.

Bärden musulmanlar ýetip bardylar,
Meýdan içre ýasaw tartyp durdular.

Olar hem saplaryn düzgüne salyp,
Durdular duşmanyň alkymyn alyp.

Durdy iki leşger garşyma-garşy.
Serenjamy düzüw, bir-birde hyrşy[49].

[49] Urşmaklyga, güýç synanşmaklyga bolan isleg, hyýal.

Ol zaman şemal hem buludyn ýygdy.
Oşol meýdan üste bir ýagyş ýagdy.

Rewşenlik ýetip meýdan ýüzüne,
Ýagty saçdy musulmanlaň köňlüne.

Ondan soňra Gara sertip gygyrdy,
Adyn tutup: «Pylany! —diýp çagyrdy.

— Geliň şahymyza ediň siz hyzmat,
Kylsaňyz, hyzmata tapar siz hormat.

Kylmaň şahymyza biedepligi,
Biedebiň, ýokdur ýagşy gepligi».

Bu ýandan gygyrdy **Rahmanguly han**,
Belent owaz bilen diýdi ol: «Eý, jan!

Bu işlere seniň aklyň ýetmeýä,
**Türkmenler seň şahyň ykrar etmeýä»**

Durşy gahar-zäher boldy serkerde,
Topçularna buýruk kyldy serkerde:

«Ähli topçularam toplaryn atsyn,
Olary ot aždarha dek ýuwutsyn!»

Top atdy topçular durman bir pursat,
Ot-tüsse jahany tutdy burugsap.

Bu ýandan Gowşut han häzirläp topun,
Topuň nillerine salýardy okun.

Öňki bolan jeňde ençe merdanlar,
Söweş eýläp, dökdi gyrmyzy ganlar.

Olaryň atlaryn beýan eýledim,
«Pylan, pylany» diýp, aýan eýledim.

Olar ýene meýdan içre geldiler,
Söweşe özlerin gaýym kyldylar.

Ýene-de bu halkyň bir merdi bardy,
Jeňňi-jedel tapsa, çyn bagtyýardy.

Ýaş başyndan küfr üstüne giderdi,
Batyrlar içinde bir batyr erdi.

Goç ýigitler ýygnanardy daşyna,
Daş bolup ýagardy duşman başyna.

Ýalňyz özi ýagty salardy tünde[50],
Musulman ähline oldy görelde.

Mertdi, bir garadan gaýtmaz pälwandy,
Ady **Amanseýit** — sahypkyrandy.

Hem şahana harby lybas geýip ol,
Leňňer atyp, daga meňzäp gelip ol.

Ýetişdi ol atyn-ýaragyn besläp,
Duşman taýa ýöriş kyldy höwesläp.

Goç ýigitler oň daşynda jem bolup,
Bardy olar jeň ýerine atylyp.

Topar tutup bardy oşol meýdana,
Biz bir göz görkezsek diýip duşmana.

Ýasawyndan çykyp ýene kän ýigit,
Bulara goşulyp, boldular jübüt.

Ki elkyssa, goçak ýigitleň bary,
Ýetişdiler söweş meýdanna sary.

[50] Tün= gije ýary

Bir-birege goldaw, gaýrat, gop berip,
Bir-biregiň göwünlerin göterip.

Baryp ki duşmana urdular hemle,
Olara aýtdylar birniçe jumle.

Amanseýit diýdi ki: «Eý, gyzylbaş!
Gelip, biziň hanymyza egiň baş.

Kabul eýläp biziň dinimiz hem,
Tutuň yhlas bilen däbimizi hem.

Ýogsa, kesip Gara sertibiň başyn,
Itlere oklarys biz onuň läşin.

Başyňza salarys biz gara günler,
Gonar läşyňize siňek-çybynlar».

Soň çagyryp huda bilen resuly,
Hem ýat edip ençe sahyp ulusny.

At goýdular diýip: «Allahy-ekber!»
Naýza çenäp eňdi ençeme esger.

Baryp tyg urdular serbaz sapyna,
Ýakyn baryp Gara sertip topuna.

Ondan soňra tamam ähli musulman,
Paý-pyýada, atly, ählisi durman.

At goýdy duşmana agyr bir leşger,
Diýdiler: «Tekbiri-allahy-akber!

Gyrgyn eýläp, döwüşdiler bir zaman,
Küffarlar başyndan akdyryp al gan.

Gylyç syryp, salyp duşmana dowly,
Çozdy Berdinyýaz Oraz han ogly.

Gylyç-naýzaň sesi şakgada-şakga,
Sesi eşdilýär dokuz pelege.

Guşak-kemerinden niçeleň tutup,
Göterip zyňýarlar asmana atyp.

Soň olar dik-başşak gaýdyp zemine,
Bolýar süňk-süýegi hem rize-rize.

Kä kelläni kellä çaknşdyrýarlar,
Içiniň maňzyny döküşdirdiler.

Rüstem dek är gazap edýär duşmana.
Indi basym ýagy geler amana.

Şol pursatda ýene iki är gelip,
Alýar gyzylbaşyň käkilli serin.

Boldy göýä düşdi gamyşlyga ot,
Duşmanyň başyna gopdy bir haýhat.

Alyp aýpaltasyn saldy depeden,
Öz ilini kuffarlardan dep eder.

Iki müň adama baş bolup olar,
Nyzam bilen duşman üstüne geler.

Olaň ismin il içinde bilerler,
**Agaly** hem **Täçli mirap** diýerler.

Ine çykdy, bir tarapdan şiri-ner,
Päk ýürek, ýüzleri röwşen erer.

Salyp tygyn, gyzylbaşdan döküp gan,
Boýady ýer ýüzün göýäki reýhan.

Ýer üstüni tutdy ala-galmagal,
«Häh» diýip, duşmanyň başyny alar.

Gysyldy, gowruldy kuffar leşgeri,
Gylaw tapdy ondan mömin illeri.

Asyl ady **Mukym** edermen äriň,
Ýagşy bilýär söweş tilsimin, tärin.

Ki elkyssa, akyp derýaýy-ganlar,
Küffar ili çekdi ahy-pyganlar.

Küde[51] kyldy maslyk-jesetden olar,
Her üýşmegi dag dek esetseň[52] olar.

Serbazlaryň hatarlaryn bozdular,
Gysyp-gowrup, çar tarapdan çozdular.

Şerigatdan sahyp bir Weli bardy,
Tarykat, hakykat hatm eden ärdi.

Ol är erdi ulus ile görelde,
Her kes hormat eder ony görende.

Juda aňry giden erdi ylymda,
Diýerdiler oňa **şyhy-Abdylla**.

Uruşmaga ol hem çykdy gör, eý, jan!
Öz dinsöýen dostlarna baş boluban.

[51] Topbak, doly.
[52] Dykgat bilen seretmek.

Uruş heňňamyna tiz ýetip geldi,
Müritleri bilen sap tutup geldi.

Doga kylyp, el göterdi zar ýyglap,
Allahy-ekbere mynajat eýläp.

Diýdi ol «Halk eden[53] bu dünýäni sen,
Öz ejiz bendeleň mähribany sen.

Egisgin[54] sen küfr ilininiň gaýratyn,
Rahmet birlen ber yslama kuwwatyň.

Öz asly päkligiň hormatyna sen,
Barlygyň-ýoklugyň hormatyna sen.

Öz habybyň — enbiýanyň hakyna,
Ol Muhammet-mustafanyň hakyya.

Hem hezreti Adam ataň hakyna,
Barçanyň enesi Howaň[55] hakyna.

Kufr ilinden ança jepalar çeken,
Nuh pygamber — enbiýanyň haky üçin.

53 Ýaradan
54 Azaltgyn
55 Howana

Saňa köp zar kylan Halyl hakyna,
Nemrud oduny gülzar kylan hakyna.

«Ýüsübim!» diýp, hijran oduna köýen,
Ýakubyň haky üçin— allany söýen.

Tenni gurt iýp ýatan Eýýup hakyna,
Bir huda diýp ýatan Eýýup hakyna.

Balyk içre ençe suwhanlar aýdan,
Hakyna Ýunusy-Zakiriň eý jan!

Zikriýa pygamber, Ýahýaň hakyna,
Öz gurdugyň beýik asman hakyna.

Ýedi weli — Muhammetniň dostlarnyň,
Onuň ýolun tutan aamu-haslarnyň[56].

Jübti Ahmet, Hatyjanyň haky üçin,
Muhammetniň gyzy Patmaň haky üçin.

Mustafanyň görer göznüň hakyna—
Hasan bilen Hüseýiniň hakyna!»

[56] Ähli bendeler

Ol är dogasyny kyldy tamamyň,
Gol eltip ýüzüne diýdiler «Ämin!»

Doga salan okun atdy şo halat,
Kabul boldy doga, kylnan mynajat.

Müritleri birlen güwläp eňdiler,
Duşmanyň üstüne dübläp eňdiler.

Ine, küffar ili gaçyp başlady,
Musulyanlar ýetip, çapyp başlady.

Tiz ýetdiler duşmanyň öň sapyna,
Ýagny ki ol Gara sertip topuna.

Peýda boldy bir är şo pursatda, gör,
Gyzylbaşlar dagap, boldy derbeder.

At debsiläp, baryp topa ýapyşdy,
Ony alyp, öz iline ýetişdi.

Indi musulmanlaň kellesi gyzyp,
Tyg urup, duşmanyň serlerin pyzyp.

Gazap bilen urup-sanjyp ýykdylar,
Eltip, gazan hendegine dykdylar.

Küfr iliniň güjji gaýtdy, Gün batdy,
Kirpi dek düýrüldi, sesleri ýatdy.

Bolup küffar ilniň haly perişan,
Girip hendegine, boldular pynhan.

Görüp bu ahwaly Hemze şazada,
Huş başyndan uçdy, ýykyldy bada.

Ine, şondan soňra tamamy-yslam,
Yza döndi şady-horram boluban.

Şahyr, seňem bolup bu ýeňişe ýar,
Bolgun bir bäşleme ýazmaga taýýar.

• • •

Şükür alla, tapdy ýardam bar musulmanlar bu gün,
Çekdiler küffar başyga tygy-bürranlar bu gün.
Akdyryp küffar iliden läle dek ganlar bu gün.
Kyldylar duşman leşgerin ýerge ýegsanlar bu gün.
Müşgil işler häl bolup ki, boldy asanlar bu gün.

Ýetdi külpet rafyzlara, boldular haly zebun.
Gam iýip hasrat odundan, gussasy tutdy ýüzün.
Baş götergen gaýry dinler boldular çün sernigun.

Hiç bir pena tapmaýyn, düşdi başlarna gara gün.
Gitdi bizden külpeti gam, geldi döwranlar bu gün.

Eý, pelek, sen gähi-gähi şeýdip bir şat et meni.
Ötürip gamly günümni gamdan azat et meni.
Ýagşylyk kylgan elinden käte bir ýat et meni.
Dep edip ähli şeriň, haýryňa erşat et meni.
Eýlediň gussam tamam ki, goýmaý armanlar bu gün.

Geldiler gün rafyzylar ýarag dakynyp tamam,
Sap tutup serbazy serheň birle sertip, has u-a:m.
Hem şahy-şazadalar çün niçe ha:ly-bakeram[57],
Ýörüdip otly toplaryn, kän eýläp düzgün-nyzam,
Tapmady hiç haýsysy derdine dermanlar bu gün.

• • •

Ahyry rafyzlar, bilginiň, eý, jan!
Gazan hendeginde boldular pynhan.

Ýygyldy döwletiň emeldarlary,
Diýdiler: «Almak kyn bolar arlary.

Biziň nobatymyz ötdi — diýdiler,

[57] Hormatly

Nobat tekelere ýetdi» — diýdiler.

Şazada hem diýdi: «Eý, sertip, serheň,
Boldy biziň üçin peýdasyz bu jeň.

Indi biz bu ýerden göçüş edeliň,
Tizden-tiz Nyýazmet gala gideliň.

Ondan soň ederis başga bir karar,
Eger pelek bize berse bir mydar.

Ýöne entek sabyr edeliň biraz,
Töwerek-daşymyz kylyp ähtibar.

Ýogsa olar ejizlänmiz duýarlar,
«Gyzylbaş-a gorkup gaçdy» — diýerler.

Duralyň bir möhlet syrymyz saklap,
Nähili ýagdaýda gitmegi çaklap».

Içlerinde bir sypahy bar erdi:
«Eý, şahym, bir habar eşitdim» — diýdi.

Ýagşy habar däldir, bil, eý, şazada,
Men habar aýdaýyn, sen bol habardar.

Gelýärmişin Nurberdi han Ahaldan,
Belli däl geljegi näçe mahaldan.

Wada beren güni şu gün ýa erte,
Leşger tartyp gelse, ömrümiz kerte.

Indi Maryň tekeleri erkimiz,
Elden aldy, gördük gaty berki biz.

Eger-de Ahaldan köp atly gelse,
Gelip, ýene bular bilen goşulsa.

Şonda niçik bolgaý biziň ahwalmyz,
Ýa-da yza gaýdan wagtda ykbalmyz?

Geç bu ýerniň peýdasyndan, diýara,
Gaýdaly, özge ýer bähbidin ara.

Gijä goýman bu işi sen bir zaman,
Kaýda barsaň bolgun şoňa rowan».

Bu habar şazada täsir etdi tiz,
Serine gam-gussa gelip ýetdi tiz.

Ýarym agşam geňeş etdiler üýşüp,

Hem karar etdiler göçmeli diýşip.

Eder işin bilmez, derdi zyýada—
Leşgerlerne buýruk berdi şazada:

«Tä sähere çenli ot ýakmasynlar,
Ýalpyldadyp çakmak hem çakmasynlar.

Hemem taýyn boluň saba-säherden,
Assa-assa gideliň biz bu ýerden.

Bildirmän hendekden çykyp gideliň,
Ýeriň pessi bilen gaçyp gideliň...»

Buýrdy luggalykdan bar bilýänini,
Ahyrsoňy tanap öz duşmanyny.

Akylsyz, betbagt huşy çaşan gul,
Ýöne teke aňlap oň pikirni, bil.

Duşman degresinde bardyr ýigitler,
Edermen, tizpähim, batyr ýigitler.

Gyzylbaşyň gaçmak islänin aňlap,
Süýşmegi ýürekde beslänin aňlap.

Birin iberdiler habarçy edip,

«Gelsin— diýp, — tekeler eglenmän ýetip.

Pyýada ýu-atly durman gelsinler,
Duran bolsa, tiz, oturman gelsinler.

Ýetişsinler ýaraglanşyp, bolup saz,
Küffaryň başynda ursunlar perwaz.

Agyr zarba urup ulug duşmana,
Getireliň küffarlary puşmana».

Zamandan soň ýyglyp ähli musulman,
Pyýada ýu-atly barysy, eý, jan!

Alyp küffar ilniň daşyn-degresin,
Gurşadylar olaň belendin-pesin.

Diýdi olar birek-birege şonda:
«Dursunlar hemmeler ýerli-ýerinde.

Duşmanlar hendekden çykan badyna,
Arkasyndan zarba uruň baryna.

Söweşip, çekdiriň perýady-zary,
Damagyndan çyksyn olaň janlary».

Bilenokdy bu ahwalaty şindi,

Küfr ili daşyny gabar diýp sünni.

Daňyň garaňkysy düşdi şo halat,
Ençe top zalp bilen göçdi şo halat.

Şoldy hüjüm etmek üçin alamat,
Duşmanyň başyna gopdy kyýamat.

Çykyp serbazlary desse-desseden,
Gaçyp başladylar assa-assadan.

Bil, ahyry çykdy leşgeriň soňy,
Ýaýyldy äleme taňrynyň daňy.

Duşmanyň elinde bir esir bardy,
**Saparak han** erdi esiriň ady.

Öz ilinde wagty batyr, pälwandy,
Indi duşman ilde bendi-zyndandy.

Duşman ony öňne salyp gelipdi,
Peýdasy deger diýip, alyp gelipdi.

Ýene-de ýanlaryna aldylar ony,
Düýä ýükläp, mäkäm daňdylar ony.

Rowan boldy duşman hendekden çykyp,

Aglady ol merdan ýurduna bakyp.

Onuň gözýaşlary dür monjuk ylla,
Ýüpe düzlen lagly-merjen u-tylla.

Garyplykdan doga okap başlady,
Doga sunbul kimin kükäp başlady.

Diýdi: «Eý, hezreti wajyp-tagalla!
Hijrandan dyndaryp, ýetir wysalga.

Küfr ilniň başyna kyýamat kylgyl,
Ähli musulmana hemaýat kylgyl.

Seň özüňe aşnalara haýyr kyl,
Kim bigäne bolsa, oňa gabyr kyl.

Ki solmazdan burun ömür haýýatym,
Boşat küfr elinden açyp ganatym!»

Kabul boldy onuň kylan dogasy,
Säherler geçilýär mömin günäsi.

Kim säherler turup, eýlese nalyş,
Alladan bitermiş edilen haýyş.

Biri gelip, üzüp zynjyr-tanapyn,

Boşatdy bendiniň elin-aýagyn.

Ol zeberdest kişi boşan dessine,
Surnup bardy duşmanynyň üstüne.

Ýumruk urup onuň rast ýeňsesinden,
Hanjaryn sypyryp urdy pesinden.

Çekip hanjar, gyzylbaşdan döküp gan,
Kyldy zemin ýüzün läleýi-reýhan.

Soň bozup duşmanyň hatarlaryn ol,
Gyryp pyýadasyn, çaparlaryn ol.

Ýöne entek az-kem ýaradar erdi,
Esirlikden ýana bimydar erdi.

Biraz sust[58], näsag u-halsyzam bolsa,
Hezl edýär küffaryň janyny alsa.

Yslam leşgerine golaýlap bardy,
Aryp-aşyp ahyr şol ýerde durdy.

Yslamyň leşgeri ýerin peýleşip,
Topar tutup, ýaraglaryn tizleşip.

---

58 Kuwatsyz, ejiz

Ýöriş kyldy, duşman sary eňildi,
Tomaşa kyl boljak söweşe indi.

Içinde jansöýen biri bar erdi,
Tekepbir, tewekgel bir serdar erdi.

Birniçe goçagy alyp ýanyna,
Hem özi baş bolup olaň baryna.

Ýetip küffar iliň ilerisinden,
Buky gözläp bardy ýeriň pesinden.

Baryp bir pes ýerde boldular pynhan,
Olaryň baryndan bihabar duşman.

Ol batyr, ol goçak **Kyýas serdar**dy,
Il içinde batyr lakamam bardy.

Ähli mömin ili ýagysyn synlap,
Nyzam bilen bardy oňa ýakynlap.

Kyýas serdar çykyp ýeriň, pesinden,
At goýdy serbazlaň dik depesinden.

Küffarlaň olara gözleri düşdi,
Toplaryna däri salyp ýetişdi.

Pakyrdaşyp çykdy toplaryň sesi,
Ýetişdi pelege oklaryň sesi.

Ine, birden top okunyň zarbyndan
Kyýas serdar zyňlyp düşdi atyndan.

Aty heläk bolup çukura gitdi,
Gara gum özüniň döşüne ýetdi.

Çusty-çalak[59] bolup turdy ýerinden,
Wehim etmen küffarlaryň ilinden.

Rowan boldy gyljyn alyp eline,
Bardy topçularyň duran ýerine.

Gyljyna duşmanyň serin çapdyrdy,
Niçelerniň agzyny gum gapdyrdy.

Niçelere syhyn sokup, süsdürip,
Duşman janyn jähennemde öwsdürip.

Topçulary ýeke-ýekeden kaklap,
Top üstüne çykdy başyn dik saklap.

---

59 Tiz, çakgan

Aldy ençe topy ol är oljalap,
Duşmanlarny ýykyp, eýledi heläk.

Geldi jeň ýerine möminler ýetip,
Dünýäniň ýüzüni ala-goh edip.

Ötüp geçip ýaňky toplaň üstünden,
Kowup ýetip rafyzlaryň pestinden.

Gyzdy jeň, gapyşdy asman u-zemin,
Namys üçin bary bir adam kimin.

Gajarlar hem tygy-hanjaryn urup,
Serbe-ser söweşdi gaýtmaýyn durup.

Musulmanlar urup tygy-naýzany,
Gyryp, küfre ýetirdi kän zyýany.

Boldy bu garpyşyk hetdinden aşa,
Pelek bilen melek kyldy tomaşa.

Ýere ýyldyz ýaly ýagdy ýaraglar,
Şeýtan urluşy dek boldy, ýaranlar!

Ýene iki arslan bardy söweşde,
Duşman ganyn guma gardy söweşde.

Biri **Soltan batyr,** biri **Fazyl beg**,
Iş gaýtmadyk bolsa sen olara deg.

Olar uruş heňin çalyp söweşdi,
At üste üzeňňä galyp söweşdi.

Darka bölýär olar duşman jesedin,
Ölýärdi duşmanlar çykarman sesin.

Rowan bolup olaň janlary eý, jan!
Jähennem içinde boldular myhman.

Dowzahda olara hossarlyk eden
Biliňler, dowzahyň mäligi eken.

Soň olara ýalyndan[60] don geýdirip,
Ýandyrarlar kömür kimin köýdürip.

Içirler şeýle bir içgini saýlap,
Köýer içi-daşy lakyrdap, gaýnap.

Bil, ahyr bu uruş bazara döndi,
Gyzaryp, bu bazar gülzara döndi.

60 Ýalyn, ot

Peýda boldy aždar kimin mest ýigit,
Dälişgen, serhoş u hem sermest ýigit.

**Muhammet Şyh ogly**, tanap goý ony,
Çeker küffar başyna ol tyglarny.

Gähi gylyç, gähi naýza urup ol,
Kapyrlary astyn-üstün kylyp ol.

Duşman görse oňa gözün çerreldip,
Ýykar erdi at üstünden serreldip.

Aman-zaman bermän, alardy aryn,
Gyryp gutarjak ol gyzylbaş baryn.

Niçelerni çikge[61] düşürýärdi ol,
Niçelerni tükge düşurýärdi ol.

Gylyç-naýza bilen sanjyp duşmany,
Gopdurýar başlarna ahyrzamany.

Dökdi küfr ilinden läle dek al gan,
Kylyp azgynlary ýer bilen ýegsan.

[61] Çikge, tükge= aşyk oýnalanda, aşygyň dürli tarapynyň atlary.

Garma-gürmelikden ýene-de bir är,
Duşmanyň üstüne atylyp gelýär.

Ençe ýigde özi baştutan, pähm et,
Diýerler adyna **Baýguly Ahmet**.

Görer göze özi bir kem ýalydy,
Uruşan mahaly Rüstem ýalydy.

Niçelerni urdy bärsinden baryp,
Niçelerni gyrdy ardyndan baryp.

Rüstem dek är söweş kylyp bir zaman,
Küfr iline diýdirýärdi: «El-aman!»

Ýene çykdy bir tarapdan kän aždar,
Urup tygyn, duşmanlary agdarar.

Olar **Täç Gök** bilen **Sopy Mergendi**,
Ikisem jeňlerde iş bitirgendi.

Saga-sola bakman gelýärdi olar,
Duşmanyň serlerin alýardy olar.

Gyzylbaşdan ar köýdürmän, urdular,
Kä duýduryp, kä duýdurman urdular.

Bulaň ýandan ýene üç daýaw kişi,
Görüp, küffar ili kylar teşwişi.

Olar **Mämmetryza** hem **Berdi batyr**,
Elinde köp uruş tälimi bardyr.

Biri **Hojanepes, burkaz** ilinden,
Başyn alar azaşanyň dininden.

Tyg geçirip duşmanlaryň garnyndan,
Ujun çykarýar ol ýagyrnysyndan.

Söweş eýläp bular **Bähram-gur** kimin,
Gyrgyn eýlediler Sohrap-şur kimin.

Bulaň gapdalynda ýene ençe är,
Söweş eýläp, duşman amatyn peýlär.

**Magtym** ilindendir, **Nazardyr** biri,
Uruşmaga ökde, ganymyň piri.

Birleri **Garrybaý** hem **Agajandyr**,
Bulaň her haýsysy sahypkyrandyr.

Biri **Babahandyr**, sadalaç[62] ýigit,
Hilesi ýok, işi bir söweş ýigit.

Onuň özi **Ýazyrhanyň** neslidir,
Gözsuz — onuň mekanydyr, aslydyr.

Bular öz iliniň howandarlary,
Öz döwrüniň iň saýlama ärleri.

Göz görkezdý möminler, ki elkyssa,
Rafyzlar ejizläp, düşdüler basga.

Gaçmaga ýüz urdy küffar leşgeri,
Düşdi ellerinden tygy-hanjary.

Nazarlap eňdiler şazadasyny,
Şazada göterdi gam badasyny.

Şazadasy synlap bu ahwalaty,
Diýdi: «Wadaryga[63], bagtymyz ýatdy!»

Haýran-serasyma bolup ol indi,
Öz ýurdunyň sypahlarna ýüzlendi:

---

[62] Sada, göwni arassa.
[63] Gaýgy, ökünç sesi

«Ýeke pursat durman, garymlar gazyň,
Pena bolsun, oňa goşuny salyň».

Derrew işe başlap, garym gazdylar,
Ýöne ýene möminler zor saldylar.

Çozdy olar gykuwlaşyp çar ýandan,
Rafyzylar ýene el üzýär jandan.

Garym gazmak işin etdirmän tamam,
Başlaryna gowga saldy musulman.

Şo halat şazada ýagdaýy duýup,
Töweregne garap bir pursat durup.

Diýdi şeýpur çalýana: «Eý, pylany,
Şeýpuryň dilinde çal «El-amany!»

Şol pursat bir owaz dünýä ýaň salyp,
Başlady şeýpurçy surnaýyn çalyp.

Esrafil sury dek çalynýar şeýpur,
Ýene dürli owaz bäri gelip dur.

«Teke ili — diýdi şeýpuryň dili —
Aman bergin, biz bu ýerden gideli.

Gideli, biz munda bir işimiz ýok,
Uruş, dawa, söweş röwüşimiz ýok.

Herne alsaň al-da tylladan, zerden,
Aman birle ötür howpdan-hatardan.

Aman beriň, geldik biz el-amana,
Boldy ki biz üçin ahyrzamana.

Aman beriň, toba kyldyk, ynanyň,
Alla hatyryna mürewwet kylyň».

**Amanseýit** diýdi: «Eý, şaýy mezhep,
Şeýtan a:ly bilen bolup biedep.

Boýna towky-lagnat[64] aldyňyz sizler,
Tobaň kabul bolmaz, günä geçmezler».

Diýdi şaza: «Eý, hanlar, beýikler, begler,
Bilgiçler ýene hem sertip-serheňler.

Indi munda durmak sowukdyr, garaz,
Biz göýä bimahal gygyran horaz.

64 Gul bolmak

Eger horaz gygyraýsa bimahal,
Urarlar ýa ony öldirler şo hal.

Ahyr bijan kyldy bu pelek bizi,
Ýere ýegsan kyldy bu pelek bizi.

Boş goýdy bizi şahy esbapdan,
Çykardy hyrkadan, çadyrdan, zatdan.

Ýene altmyş alty topum ýok edip,
Serbaz-sertiplermiň sapyn ýok edip.

Şikest eýläp, başymyzy bozdular,
Eger dursak, galanmyzam tozdurar».

Bu sözleri aýdyp, ejizledi ol,
At başyny öwrup, ýol tizledi ol.

Karar eýläp, ençe janlary bilen,
Hem ýanynyň matamhonlary bilen.

Derýaň kenaryndan gitdi ýol salyp,
Gitdi ähli il gözünden gum bolup.

• • •

Çopan gitdi, galdy eýesiz goýun,
Musulmanlar saldy goýunga oýun.

Ýetmiş müňe golaý serbazlaryny,
Niçe han-beglerni, mümtazlaryny.

Musulmanlar esir edip aldylar,
El-aýagna gandal-zynjyr saldylar.

Iberdiler Hywa hemem Buhara,
Satylyp, her haýsy boldy awara.

Bir eşek bahasy bar gymmaty hem,
Käbiriniň gymmaty ýene ondan kem.

Ençe gatyr ýüki-harwary bilen,
Üstüniň tyllasy hem zeri bilen.

Kime döwlet guşy baýlyk eçildi,
Başlaryna kümuş u-zer seçildi.

Ýetmiş müň düýede dürli harytlar,
Bibaha mallardan aldy garyplar.

Hemme kişä ýetdik haky berildi,
Il-günüň ýüzünde şatlyk göründi.

Ýüz müňden kän alnan ýaraglaň sany,
Lawurdaşyp, tutup ýatyr dünýäni.

Müňläp gylyç, Şam ilniň jöwheri,
Muňläp naýza hem dürre, hem hanjary.

Sapyna, gyýnyna altyn çaýylan,
Müňläp pyçak ýalawy çuň oýulan.

Niçe müň çakmagy tüpeňi birlen,
Goşa nil sapança-pereňi birlen.

Niçe müňlük galkany-zer gupbalyk,
Sowut, saba, çaraýna hem jüpbelik.

Niçe müňläp ýene şemhallarny[65] hem,
Topu-zemerrig[66] u barlaryny hem.

Olja eýläp aldy ähli musulman,
"Nesip tartyp, aldy hoşwagt boluban.

Tylla sapak bilen bejerlen donlar,
Olaň hasabyna ýetmeýär sanlar.

---

[65] Şemhal=Bir hil tüpeň.
[66] Top

Ýene mata-marlak, dürli parçalar,
Atlaz düşekçeler, haly barçalar.

Niçe müň kişilik Pereň mawudy,
Öwsüp duran, reňbe-reň mawudy.

Niçe müňläp gymmat bahaly çadyr,
Iň, gowy atlazdan ýerligi bardyr.

Niçe kitap, Kelamylla — hoş zyban,
Tylladan jildi bar reňki zerewşan.

Ençe kyssa kitap, içi suratly,
Iň hatdat göçüren owadan haty.

Hemmeler döwletli, mally boldular,
Garyp kişilerem barly boldudar.

Baýlar ýene öňküden baý boldular,
Han-begleri şalyga taý boldudar.

Bil, niçeler içip şehitlik jamyn,
Il-gün üçin gurban berdiler janyn.

Eşdip bu habary, bilgin, eý, adam,
Başa her iş gelse, geler Alladan.

Şu ýerde kitaby eýledim tamam,
Ýardam u-güýç berdi gudratly suwhan!

• • •

**Jemşit tagtynyň burçunda baýguş urar her dem neda,**
**Şahy Bähram köşgüniň uwjy ýetmiş Ürgenji galada.**

**Hakykatyň pür jamynda Gün şöhlesi boldy peýda,**
**«Ýar jemalyn meýde gör! diýp, jamdan çykdy bir seda.**

**Nowaýy**

• • •

Ýa huda, şahyr-a ýazdy eserin,
Sogabyny gazylara sen bergin!

**Tamam.**

— ٥٥ —

نچه منك جامهٔ ماویت فرنگی  گورونوپ هر بیری کیم نچه رنگی
نچه منك چادری قیمت بهالیغ  که اطلس برلا شملادان بنالیغ
دَغی چندا ن کلام اللّٰهُ خوش خوان  که طلا زر جِلی طلا زرفَشان
نچه قصّه کتابی خُوش مُجّلد  چکیپ تصویر صورت أندا بیحد
بیل آخر چون آلیپ مالی غَنیمت  که درویش اهلی بولدی أهلی دِوَلت
غَنی‌لار بولدی ممتازی خلایق  بولوپ چون خانُ بك شالیق‌غا لایق
ولی نچه سعادتلیغ بیل أنی  شهادت شربتیدِن ایچتی جامی
ا شتیپ بول خبرنی بیل ایا کس  دیدیم إنّا الیه راجعون بس

تَمّت الکتاب بعون الملك الوهاب  والله اعلم بالصواب

* جمشید تختی بسورجی‌ده بای‌غوش اورار هر دم ندا *
* بهرام قصری اوجی‌ده اوْرگنجی ایلأپ‌دور وطن *
* اشرقت من عکس شمس الکاس انوار الهدا *
* یار عکسین میده گوردیپ جامدان چقدی صدا *

آلهی ناظمی قُلنی بو حالت  ثوابی غازی‌لارغا قیل شراکت
تَمّت  تمام

*Gadymy türküçesinden häzirki türkmen diline geçiren*

*Atamyrat ATABAÝEW.*

*Sowet .Edebiýaty žurnaly. san 6 & 7/1991*



*Atamyrat ATABAÝEW*

*Çykgytdaky söz düşündirişler A.Goli-den*

## Goşmaçalar

*ARNE GOLI*

**Jafarguly han:**

Bujnurt sebtinde ýaşaýan kürtleriň «ilhany»-(başlygydy) we Horasanyň şol wagtky häkimi Salaryň güýewsidi. Salaryň, şah garşy turuzan pitnesi güýç bilen ýatyrlandn az wagt soň, Jafarguly han Nasreddin şanyň ýanyna baryp ötünç soraýar, soňra şanyň gullugynda galyp Bujnurdyň häkimi edilip bellenýär. Onuň häkim bellenligini eşidip tekeler, Jafargulyny gutlamak üçin wekillerini iberýärler. Jafurguly han düýpden garalaşylmadyk bir halatda türkmen wekillerini tutup saklaýar. Ol soňra Arçman sebtindäki türkmen obalarynyň üstüne çozýar.

1855-nji ýylyň dekabr aýynda Jafarguly han Astrabat welaýatyna hem şanyň häkimi edilip bellenýär.

• • •

**Hemze Mürze:** Naserrtdin ‘anyň doganoglany, Muhammet şa gajaryň ogly.

**Muhammethasan han-Gara sertip:** Gajar döwrüniň harby serkerdesi, Mary urşunda kellesi kesilýär. Mazary Maşatda.




**Gadymky Marynyň bazary.**



**Mary urşy hakynda Eýranyň merkezi dokumentler arhiwinde saklanýan dokumentlerdi biri:**

***"...Türkmenler ýyndan atlary we mergen ýigitleri bilen biziň Horasandan iberen goşunymyzdan elleri üstün, sebäbi olar ar-namys hem watanlary üçin söweşýärler. Olaryň biri biziň on sanymyza barabar. Türkmenler çozup bizden ýesir alanlarynda biziňkiler gorkup baryşlaryna olaryň bir ýa-da ikidigine hem seredmän şol gaçmak bilen, diňe pul bilen goşuny urşa salmak bolmaýar. Bizde gaýrat galmandyr, telpeklerimizi çykaryp, aýal ýaglygyny örtünmeli, Türkmen gelip biziň ýoldaşlarymyzy alyp gidýär emma biz ony gutarmaýarys, türkmenler bir at salym uzaklykdan ýesir düşen doganyny gelip halas edýär..."***

***(Goşun habarçysynyň gündelik depderinden)***



**Ýeňlen eýranlylaryň baýdagy, türkmen söweşjileriň aýagynyň astynda.**

**Ý.Annanurowyň eseri**

## Nurberi han (1826-1880)

Nurberi han 1826-nji ýylda Gökdepede dogulýar.1880-nji ýylyñ ortalarynda hem şol ýerde aradan çykýar. ol 1850-nji ýyllaryñ aýagynda 1880-nji ýyla çenli Ahalyñ hany bolupdyr we ömrüniñ ahyrynda Ahalyñ hem Marynyñ hany bolupdyr. Nurberdi han “It” ýylynda “Megin” obasynda doglup, Gökdepe urşundan alty aý öň, 55 ýaşynda aradan çykýar.[67] Ony “Nurberdi han” käriziniň arka tarapynda bolan gonomçylykda jaýlapdyrlar. Ol “Togtamyş” urugyndandyr.

Jeňnamada, **Jürre beg lakamly Allaberdi** diýen biri Nurberdi hana bagyşlap goşan goşgusy ýerleşdirlipdir:

“Gulak salyň goç ýigitler sözüme,
Taňry nazar salgan är Nurberdi.
Ile döwlet gelip, duşman synanda,
Eneden bagyt bilen dogdy Nurberdi.

Eýran hany Japarguly isimli,
Gahar-gazap bilen jaýyndan turdy.
Leşger tartyp Garrygala sürdi,
Şol zaman Ahalda bardy Nurberdi.

[67] Bir pars içalysy bilen Nurberdi hana ruslaryň awy berip öldürendigi aýdylýar.

**Durdy han, Ýagşy mergen** begleri,
Habar eşidip, howpa düşdi janlary,
Çapar atly nama ýazyp gönderdi,
Ahwallar, hoş sagat degdi Nurberdi.

Habar geldi Nurberdige şol zaman,
Gala-gala jar çekdirdi bul heman,
Hökmün tutup köp ýigitler hoş elhan,
Bir zaman eglenmäý sürdi Nurberdi.

Gökleň kethudalary pişwaz çykyp,
Kimi göreşip, kim ortada yýkylyp,
Kimseleri zar u gerýan aglaşyp,
Ajap ahwallar gördi Nurberdi.

Söweş boldy Garrygala üstünde,
Elmydam gezerdi kapyr kasdynda
Şemşir oýnadardy kapyr destinde
Dönübän kast bilen gyrdy Nurberdi.

Ýomut, gökleň, teke bilen baş goşup,
Üç Söýün han jem bolup söweşip
Gyzylbaşlar zar u gerýan aglaşp
Aşyrdy Çendirden nary Nurbedi.

Duşmanlar dep boldy, gamlar sowuldy
Şahyrlar nezm edip, dessany ýazdy
Gökleň halky yzzat-ekramlar kyldy
Hoşlaşyp Ahala sürdi Nurberdi.

Allaberdi söz uzatma, gasr[68] eýle
Her saba, şam ýadyn okyp, zikr eýle,
Gaýra bakyp öz-özüňe pikir eýle
Sary topy alyban ýördi Nurberdi.

• • •

**Ak molla diýen biri Nurberdi hana bagyşlap şu goşgyny goşupdyr:**

"Zat päkinden ýaratmyş seni, Nurberdi han,
Gaýyp ärler hem nazara salgan saňa, Nurberdi.

Köp şäherler aldyňda ajez her ýaňa goýsaň gadam,
Şa Naserretdin bile saryk, salyr ähli na:dem.

Täjik, özbek şalaryndan gelse peýgam saba, şam
Ähl-e Hindu hem Habeş arzuw kylarlar dembe-dem.
Waslyňa mätäç rerur Rumy, preň, Nurberdi han.

• • •

68 Gasyr= gysgaltmak

**Nurberdi hanyň ogullary:**

Ýüsüp han- Söýün han-Orazmämed han- Nepes han- Döwletnazar han- Garababa han- Döwletmyrat han-Nurberdi han.
Döwletmyrat handan Gazy han ► Gazy handan ►Öwezmyrat batyr we Geldi bolýar .
Öwezmyrat batyr Gökdepe urşunda batyrgaý söweşipdir.

**Nurberdi hanyň 3 aýaly bolupdyr: 1.** Nar (Magtymguly[69] hanyň ejesi), **2.** Rabyga, **3.** Güljemal (Marynyň han bolan).

**Nurberdi hanyň 3 sany mürzesi bolupdyr:** Ak molla- Öwez kazy-Gulmyrat kazy.

Nurberdi handan ozal Garaja serdar, ondan soňra Salyh serdar, soňra Garry (gara) oglan Onbegi, ondan soňra Akmämemt serdar, soňra Öwez serdar Ahala hanlyk edip, gezek Nurberdi hana ýetipdir.[70]

[69] Gökdepe galasy synandan soňar Magtymguly han ruslar tarapyndan Zakaspiniň häkimi edilip bellenýär. Ol Türkmenleriň adyndan Peterburg mejlisine wekil/deputat bolup gidýär. Ýüsüp hanyň ogly Garry han bolsa türkmenleriň adyndan wekil bolup patyşanyp huzuryna barypdyr.
[70] Ýaşlyk žurnaly: “Nurbedi han”. Täçgeldi Gutlyýew. Aşgabat 1990




**Mary urşuna gatnaşan leşgeriň gündelik ýazary-Leşgernewis Ali el Huseýniniň kitabyndan.**




**Mary urşyna gatnaşn fransiýaly H.Blokwiliň fransuz we türk dillerinden çap bolan kitabyndan görnüşler**

# جنگنامه

## عاراپ الیپ- بیی‌سینده

## (اورگینال تکستی)

۱۹ - نجی عاصئر تورکمن شاهئرئ عبدالستار قاضی نئنگ بو اثری اولی تاریخی واقعانئ صوراتلاندئرئپدئر . اثر ئنگ قولیازماسئ بیر نأچه گزک گؤچؤرلیپ، یازئلئپدئر، سونگقئ گزک مرادبردی اوغلی حوجالئ ملانئنگ گؤچؤرون قولیازماسئ مشهور قیات حانئنگ آغتئغئ حان یومودئنگ ار کینده بولوپ، شول نوسغانئنگ اساسئندا هم ۱۹۱۴ - نجی یئلدا روس گۆندوغارشناسی ساموبلویچ سنت پطربورگده ایلکینجی گزگ جنگ نامانی چاپ ادیپدیر.

ساموبلویچ بو قولیازما حاقئندا شه‌یله ماغلومات بریپدیر: « ۵۰ صاحئپادان عبارت بولان بو قولیازما ۲۲×۱۵سانتی متر مؤچبرینده، روس کاغاذئنئنگ سرگی Sergey فابریکی N5 اۆستۆنده یازئلئپدئر. قولیازمانگ داشئ گِچی‌نینگ حامئندان.قولیازمانگ هر صاحئپاسئندا ۱۱ سطر یرلشیپدیر.»

# بسم اللّٰه الرحمٰن الرحیم

## ربّ یسّر و لا تعسّر

بسم الله الرحمن الرحیم ثنا · که قیلدیم ابتدا باسم خدا
خدایکه سن سن معبود بَر حق سزاواری پرستش سانگا مُطلق
که بیر سن کیم سانگا یوقدور شراکت غنی سن سانگا یوق هیچ نأرسه حاجت
ا رور الله سنینك چون اسم ذاتنك که رحمٰنُ رحیم اسم صفاتنك
آدینك رحمٰن اوچون لطفنك فراوان . بیره‌رسن مؤمنُ کافرلارا نان
رحیم سن رحمتنگدِن روزِ محشر اؤتِیرسن جُرم مؤمن‌لارنی یکسَر
سانگا یوقدور بدایت هم نهایت که یوقدور وصفنگا چون حد ِغایت
وجودینك خلقنگا بیلدیرگِالی هم حبیبینك نورینی قیلدینك مُقدّم
طفیلی‌دان یاراتدینك ما سوانی بدایعُ عجایب ما فیهانی
نَبوّتدا ن أنگا کیم تأج بِردینك یاقین ایلأپ أنگا معراج بردینك
ایبردینك جبرائل‌دان هم کلامنك ایبریپ هم کلام بیله سالامنك
که آد قویدینك أنگا احمد محمد که ایلأپ انبیالار ایچره سَرمَد
رواجی شرعی اوچون دوست قیلدینك نچه‌لرنی أنگا پیوست قیلدینك

— ۲ —

که یعنی چهار یاری با صفانی   که قیلدینك کیم حبیبنك دوست جانی
بنه نچه اُلارغا یار قیلدینك   نچه‌لرنی داغی اَغیار قیلدینك
حبیبنگا کیمی قیلسه صداقت   دیدینك گویا مانگا قیلدی اطاعت
صحابه‌لار همه دوستی نبی دور   اُلارنینك سونگراغی نینك افضلی دور
کیشی گر قیلسه بو لارغا عداوت   قیامت گون چکِرلر کوپ ندامت
پیغمرنینك وفاتی‌نینك سونگی‌سی   کئوپِلدی نچه مردم غوغاو سی
فریقی دشمان بولدی کیم علی‌غه   کیم اول داماد پیغمر ولی‌غه
دیدیلر اول فریقا کیم خوارج   طریقی مصطفی‌دان بولدی خارج
گروهی بولدی اوّچ یاریغه دُشمان   ابوبکرُ عمر کیم سونگرا عثمان
علی‌غا کیم بولورلار دوستِ جانی   حَسن برلا حُسین نی هم بیل اُنی
روافض دور بو ایلگا کیم لقب بیل   شفاعتی نبی‌دن تشنه لب بیل
قیلای من نقل خوبی من بو حالت   بولارنینك کُفرگا قیلسون دلالت
امامی احمد هادی سُلبدان   بولوپ نقلی علی آتلیغ ولیدن
علی ایدی دیدی اول شاه کونین   مسیحی‌دا هلاك بولدی فریقین
یهودی دور بیری بهتان بوزیدن   دیدیلر مریما هرزه سئوزیدن
دیدیلر عیسی مجهولی نسب دور   آتاسز بولماق اوغلان بولعجب دور
عداوت فرطدن اول قوم بی باك   خُدانینك قهردان بولمای المناك
نبی اللّه‌غا انکار آیتدیلار چون   جهنم ساری آخر گیتدیلر چون
نصاری دور بیری لافی محبت   اوروب عیسی‌گا کذافی مؤدت

دیدی اول قوم انه دور أنگا مریم  آناسی دور أنگا بیلگیل خدا هم
که موندلاغ قوم بی ادراك اوباش  آلار اغزئنا آفت کوهیدان داش
خدا دوغماس دوغورماس بیلگیل ای جان  بولونك آگاه بو دور مضمون قرآن
کیبشی انکار اِدەر بو سؤزه آنگلا  که قوپغای کیم نصاری برله تانگلا
بیل آخر کیم أنگا حالت نه بولدی  خدا صنعی بیله اول دیلئه گلدی
دیدی من هم خداغه بنده دورمن  که مریم نینك دغی دلبندی دورمن
بنه پیغمری بر حق ا رورمن  انئانئنك بو سؤزه اصدق ا رورمن
قیلب تصدیق نچەلر بولدی مؤمن  بهشتی جاودان نی قئلدی مأمن
حبیب الله دیدی ای ابن طالب  خدا قیلدی سنی دشمانغه غالب
سنینك شانینگدا هم ایکی فریق اول  قیلارلار کیم ضلالت نی طریق اول
خوارج دور بیری تابع یزیدگا  اطاعت قیلغوسی کژدم گزیدگا
دییرلر کیم سؤیارمیز با دل جان  ابو بکرُ عمر فاروق عثمان
توتارلار کیم علی المرتضانی  جهالندا ن بغایت دشمان انی
اُلار کیم قاتلی امیر حسین دور  حسین کیم مصطفی غه نور عین دور
گوروپ عین الیقین اول مصطفی نی  قتلا رلار خانه دانغه کوپ جفانی
دییرلر کیم محمد رهنمامیز  اُنینك شرعی غا دور کیم اقتدامیز
قتلارلار بو عقیده برله ای جان  که دشتی کربلادا آنچه طغیان
دیەسلر کیم حسین جدی محمد  انه سی فاطمه دور کیم بنت احمد
اویالماس بیحیاء شرم یوقلار  اؤزین امت قطاریدان ساناقلار
خدانینك رحمتی بول قومغه یتمس  شفاعاتی نبی دان ذرّه داتماس
خدا بی زار رسول اصحابلاری هم  خوارج لعنة اللّه علیهم
روافض دور بیری قومی شنیعه  سلفلار آد قویوپدور اهلی شیعه

علیغه دوستمیز دیب لاف آتارلار  علی دوستی‌نی کیم دشمان توتارلار
کیشی کیم گر کیشبگا دوست بولسه  اُنینك دوستی بیله همدست بولسه
بِتبر دوستلیغ تماماً بیلسانك ای جان  وگرنه دوستنك بولغای سانگا دشمان
علی دوستی اول اوّچ یاری محمد  ابو بکرُ عمر عثمان با درد
روافض بو اوّچوگا دشمنی شاخ  علی‌دان هم اثراقدور نچه فرسخ
اُلار دوستی خدا برلا نبی دور  نبی‌درن اوُزگالرنینك افضلی دور
محمد کیم دیدی از روی تحقیق  هر ایشده یار بولان ابوبکر صدیق
ابوبکر دور مانگا همراز بولان بس  اوشال غار ابچره دمساز بولان بس
ابوبکر دور منینك نایب منابم  که احیاناً نماز ابچره امامم
ینه ایدی کیم اول تانگری رسولی  همه عالم وجودی‌نینك طفیلی
عمر دور شرعی دینم‌نینك رواجی  عمر دور ایکی عالم‌نینك سراجی
عمر دور ثانی اوّل بولان یار  منینك اغیاریم بیله بولدی اغیار
سیاست تیغی برله آسته-آسته  که کُفار اهلنی سالدی شکسته
عمر دور کیم عدالت نوری برلان  که ظلمنك کیم‌غارانگغوسین یاراتغان
رسول الله دیدی لو کان بعدی  نبی بولسه عمر دور چون دیب اردی
ینه ایدی اوشال شاهی شهنشاه  اوّچونچی یار منگا عثمان بول آگاه
که سوٌیگاندرن اُنی داماد قیلدی  ایکنچی برلا اُنی شاد قیلدی
ینه ایدی که ثالث بولسه عندی  سنگا تزویج قللاردیم چون دیب اردی
بنه زر برله اقماش امتعاسین  بِریپ آلدی محمدنینك دعاسین
که عثمان دور حیاء علم کانی  بنه اول جامعی سبع المثانی

— ٥ —

ینه دُوردونجی یاری جون علیدُور   تمامی اولیالار سروری دور
داغی کیم ابن عمی مصطفی بیل   شجاعتلیغ داغی شیری خدا بیل
علیدور قاطعی چون باب خیبر   علیدور قاتلی چون عمر عنطر
علیدور معدنی علم شجاعت   علی دور جفتی خاتونی قیامت

بولارنینك مدحین آیتسام تا قیامت   ادا بولماس بیل ای صاحب بصارت
کیشی بیلماس بترتیب چهار یاری   خوارجُ روافض تِك بیل أنی
روافض لشکری شیطان لعین دور   بو اوّچ یاری رسولغه لاعنین دور
روافض دەب بو اوچگا دیمِك لعن   دُورودی مصطفیدان یگراك ای تن
ینه کیم عایشه جفتی نبی دور   هم ازواجی نبینینك افضلی دور
أنگا هم نچه بهتان برلا ای جان   خدا برلا رسولغه بولدی دشمان
که القصه روافضغه شعاری   حقی کتمان ادیپ ناحق جهاری
بولار رفتاری کرداری مُزنگدور   قیامتدا عذابی رنگبرنگدور
بولار دور کیم گروهی بی دیانت   قئلا رلار کیم شریعتغا خیانت
بولار تلمیز شیطان رجیم دور   بولارنینك مسکنی ناری جحیم دور
بولارنینك قاتلی غازی ا رور بس   بهشت ایچره سَرۆی نازی ا رور بس
کیشی بولسه بولارنینك کیم قتیلی   سعادتلیغ شهیدلارنینك شهیدی
بولار دور هَرزه گوی آدی قزیل باش   بولارنینك آغزیغه توفراغ بیله داش
بولار دور کیم جهنم ایچره هالك   نعوذ باالله من قومی کذالك

گِیل ایمدی ناظما سوز مختصر قیل   غرض نی دور بو نظمنگدِن خبر قیل

— ٦ —

دیدیلر چون نچه کیم ملتمس‌لر قتلارمیز نچه گپ سزد ن هوسلر
ا رورمیز کیم روافض‌گا جواری قتلا رمیز اولار بیله کارزاری
کیم اول شاهی قزیل باش آه دارتیب آدمچی نر کبی گوزین آلاردئپ
بیغیپ لشکر ایبرور کیم چریگین خزینهٔ دفینه بار یوغین
بتیب گلدی توزاپ کر فرینی خدا امدادی برلا لشکرینی
شکست ایلأپ همه یکسان قیلدوق یقیپ-یئجیپ همه بی‌جان قیلدوق

که القصه بولارنینك قصه‌سیدان بیان ایلأپ بولار دل غصه‌سیدان
که نظم ایچره زهی جنك نامهٔ خوب بولار احوالیدان کیم بولسه مکتوب
اشتگنلر داغی کیم شاد بولسه کونگل اندوهیدان آزاد بولسه
که اندان سونك تفکر پیشه قیلدیم قیلا الماس من دیبان اندیشه قیلدیم
که یاد اتدیم خدایی لا یزالی محمد مصطفیٔ چهار یاری
مناجات ایلابان دیدیم خدایم دیالیمنی سوزلامگگا ایلا قایم
حبیبنك محمد آدی حقی قریبنك‌گا بولان معراجی حقی
انینك اصحاب‌لاری نینك یاری حقی سحرلرده قیلشغان زاری حقی
تمامی انبیالار حرمتیدان ینه عرشی کرسی وسعتیدان
ینه هر بندهٔ کیم درگهنك‌گا یوزین توتوب گیریپ دور کیم رهنك‌گا
جهاد اتگن ییگیت‌لر غزوسیدان قتال ایلاب ادشگن حمله‌سیدان
بولارنی تانگریغا قیلدیم وسیله توکل‌لیك بیله کیردیم سبیله
اوزیمنی بو ایشمگا رام قیلدیم ملاحظه بیله اقدام قیلدیم

دیدی کیم راویلار اخبار جنانی قیلیب چون ناقلان آنداغ بیانی

بار اردی کیم که طهران ایچره شاهی    اول اردی کیم روافض‌لار پناهی
که یاقوتُ زُمرّد لؤلؤ مرجان    دغی الماس بیله لَعلی بدَخشان
دۆزولگان اردی باشی افسریغه    کتورمیسدی غمی عالم سربغه
بنه تختی روان طلا زبرجد    که یاقوت برله لؤلؤ أندا بیحد
اوتوردنپ اردیلر اندازه ایلأپ    که لعل بیله دغی شیرازه ایلأپ
یاساپ اردی أنی اوستاد فایق    زری زیور بیله شالیقغا لایق
چقیپ اول تخت اوزه کیم اول شهی دون    خیال بیله توتوب اۆزین فریدون
که مونچه تخت بختُ بارگاهی    ارور مانگا بنه بیحد سپاهی
خروج اتسیم اگر هر بیر دیارا    آلارمن بر بۆزینی بارابارا
که بار دور مونچه قدرت اقتداریم    نه ایش اتسیم که ینگای اختیاریم
ییغیپ لشکر ایبردیم کیم سراسر    نچه سرتیپ سرهنك برلا یاور
تکادرن باسلیپ ایلأپ سریم پاش    گلیرلر بیحیا أهلی قزیل باش
که برهن زرلربمنی بوق ادیبان    گلیرلر تکه‌درن کیم داد ادیبان
قیلیب ارکانیغه کیم مشورتنی    تاپنگلار گنگاش ایلأپ مصلحتنی
بارا ردی کیم اوشال شاه نینك وزیری    خردمندلیغ ایدی کیم بی نظیری
دیدی کیم ای شها من سانگا قربان    قیلای من بیر سۆزی گر بولسه فرمان
که بار دور تکه ایچره بیر ولایت    آخال دیبیرلر أنگا نی حدْ غایت
اشت میش من أنینك تعریفین ای شاه    اشت مندرن نچه وصفین بول آگاه
قدیماً شهرهای آبادانلار    سوراپ اۆتگن أنی کوپ شهریارلار
که نادر سونگیدان کیم اهلی تکه    کیم اول شهرلارنی آلیپ بکه‌-بکه
أنینك ایلی نی کیم تاراج ادیبان    اسیر ایلأپ باسیپ ینجیپ ساتیبان

— ۸ —

که باقی قریه‌لارنی باراباارا خُراسان ساری کیم قیلدی آوارا
قیلیپ قسمت أنی کیم تیره-تیره بیان ایلأی سنی روشن ضمیره
تونوب مسکن أنی املاك ادیپ دور نچه‌لر باغرینی کیم غان ادیپ دور
قیلیپ دهقانلاری کشتُ زراعت اؤنیریپ روزگارین خوش‌ٔ فراغت
ایپسرلر هم سویارلر سرو نازی معیشت دور أُلارغا غئش یازی
ییگیت‌لر بار دور أندا با دیانت سوزی یکرنك اؤزی صاحب شجاعت
منیپ دلدل کیمی کیم آتلارینی قیلیپ پوشش ینه ساوتلارینی
گییپ باشئنا چهار آینه الده الیك آلیپ تیغ بیله نیزه بیلده بیلیك
گؤتوریپ هم ینه ییحد یاراغی منیپ دشمان ساری هم ارغی‌ماغی
جهاد ایلأپ قزیل باش اهلنی هم یاقین دور کیم اول ایلنی قیلسه برهم
روافض ایلی أندان داد ادرلر که تکه ایلی‌درن فریاد ادرلر
آخال ساری ایبرسنك لشکرینگنی دؤزأپ خیلی دغی کرُّ فرینگنی
که یعنی کیم اوشال قرّی قُلاسی آخال ایل‌نینك ایکان اول منتهاسی
کیم أندان سونك یوریپ چون یوقاریغه بارور چون تابع ایلأپ هر بریغه
وزیرنینك سوزی چون بول یره یتدی أنینك سؤزین شهی کیم معقول اتدی
که اول شانینك آدی دور ناصرالدین دیمه ناصر بل اولکیم قاصرالدین
دیمه قاصر زهی بی‌دین ا رور اول شقاوت‌لیغ دغی هم شیّن ا رور اول
که أندا ن سونك دیدی شاه‌کیم وزیرسن همه ارکانلاری‌نینك زیرکی سن
خیالیمدورمنینك گر بیلسنك ای جان ایبرورمن ییغیپ لشکر هم اول یان

که تا اول ایلنی بی‌جان اتمیسم من    غارا یر برله یکسان اِتمِسم من
بولاردان آلماسام تا انتقامم    پس آرماندور بیل ای صاحب نظامم
وزیر آیتدی بولای‌من سانگا قُربان    قیلا رمن جانیم گر بولسه فرمان
دیدی اولدم اوشال شاهی قزیل باش    دوز تِکگیل لشکر اسبابین پشاپش
دوزتِسن کیم وزیر اسباب لشکر    اوشال شاه نوش ادیپ چون شهد شکرّ
دیدی ساقی کِتر جامی شرابم    ینه بریان ادیپ مُرغی کبابم
کِتردی ساقی‌سی طیار ادیبان    آلیپ تاسی دوداغین تیره‌دیبان
باقیپ ارکان دولتغه دیدی شاه    الا یا ایها الناس بولونك آگاه
که بارمی بو آرادا پهلوانی    شجاعت‌لیغ بسی صاحبقرانی
آلیپ ایچسه بو جام بیله شرابی    باریب قیلسه اول ایله احتسابی
محاصره ایلابان کیم اول دیاری    دماغیدان چقارسا کیم دماری
قیلیپ تاراج ینه أهلی عیالین    که مردملارنی قیلسه قتل عامین
ویا اخراج ادیپ اؤزگه دیارا    أنی عاجز قیلیپ قیلسه ادارا
قیلارمن کیم أنی والی خراسان    برورمن کیم ینه انعام احسان
اوشال مجلس آرا جعفر قلی خان    تورا گِلدی کیم اول تعظیم ادیبان
دیدی شاها اگر مقبول طبعنك    موافق بولسه گر بارسین بو قُلینك
اوزاتدی جامینی اول شاه گمراه    دیدی مقبول ا رورسن بارك اللَّه
آلیپ جعفر قلی جامی شرابی    که چکدی باشئنا لا جرعه أنی
دیدی شاهانه غولّوقدور مانگا چون    بویورسانك کیم برِه‌ین بیلگیل اکنون
نه یرده بولسه دشمان کیم ایا شاه    قیلارمن آستین اؤستون کیم بول آگاه
ألارمُنك جانیدان بیر جان قوتلماس    اگر رستم ایسه آسان قوتلماس

— ۱۰ —

سَرَور ایلأپ اوشال شاه کیم بوسوْزدِن    خدایم ساقلاسین آفتلی گوْزدِن
بار ایندی من سنی سالار قیلدیم    که یعنی لشکره سردار قیلدیم
بو سوْزلارنی دیبان انعام احسان    قیلیب جعفر قلی‌غا کیم فراوان
ینه شاهانه خلعت پوشش ایلأپ    نچه الطاف بیله اُنی خوش ایلأپ
دیدی کیم جعفره سِن خانی خانی    بهادرلیغده سن سهراب ثانی
گوْتورسِنك تکه ایلنی سن اِتکدِن    اوْتارای باشنگی گَردون فلکدِن
بو سوْزلارنی دیبان کیم هر دیارا    رقم ایلأپ ایبردی بیر سوارا
یتشسین هر دیارینك حاکمی چون    ییغیپ سرباز سرتیپ سرهنگی چون
که القصه یتیشتی نامهٔ شاه    که بار دور بیلدیلر هنگامهٔ شاه
نچه گوْنلر قیلیپ انجام لشکر    دوْزِلدی هر یرینك هنگام لشکر
اوشال شاه‌دان ینه بیر کیم سوارا    رقم بیله یِتیشتی هر دیارا
که شاه فرمانیدور قیلمای تأمل    یتشسین بیشهٔ مازندران بیل
قیلیپ فرمان شاه‌گا پیرویلیغ    قیلیپ اول بیشه ساری ره رویلیغ
بوریب افواج لشکر دسته-دسته    سالارمیز دیپ تِکانی هم شکسته
بیل آخریتدی‌لر اول بیشه ساری    رقم ایلأپ ایبردیلر سواری
یتشتی اول سوار شاه ساریغه چون    سلام ایلأپ رقم سوندی بیل اکنون
اوقیپ مضمون نامه آنگلادی شاه    چریك جمع اولغانیدان بولدی آگاه
دیدی شاه کیم وزیره سن نه ایشده    که بِردینك‌می بو ایشگا سِن سرشته
وزیر آیتدی ایا شاهی جهان‌گیر    مهیا دور همه قیلدیم بتدبیر
که سالدیم صندوق ایچره کوپ زرُ سیم    اُنی قیلدیم همه سرکارگا تسلیم

— ۱۱ —

بنه خلعت اوچین آطلاس زربفت    که انواعی مناعی نچه قَت قَت
کلاً بنذن ایلابان قیلدیم برابر    مهیا دور بو ایش‌لر کیم سراسر
بسنه نچه طوپی شمخالارنی    زمی‌رکُ قومی‌رك بارلارنی
که دشمان ساریغه آغزین قاراردیپ    که قوی میش من بنه بوغزینی آرتیپ
دغی هر نچه کیم درکار ا رور بس    مهیا دور دغی طیار ا رور بس
دیدی شاه کیم وزیره بیل مونی سِن    که لشکر ایدی دشمان ساری بارسن
طلب قیلدی که جعفر خانی‌نی بس    بیان اتدی أنگا فرمانتی بس
دیدی شاه کیم ایا جعفر قلی خان    که قرّی قلعه ساری بولدی فرمان
ا شِده‌رمن گلیب دور بیر بوُلاك ایل    که گوُگلانك ایلیذِ ن کیم مونی بیلگیل
بارئپ آلغیل اُنینك باج خراجین    دغی کیم پوخته قیلغیل احتیاطین
که اُندا ن سونك کیم اوُتگیل تکه ساری    چقارغای سن اول ایل‌لردِ ن دماری
که تا اول تکه‌نی رام اتمسِنك بس    بو یانلارنی که آصلا قیلما هوس
اُلار بیله اوروش تا کیم حیاتینك    بوق ا رسه خوب ا رور سانگا حماتنك
که اُندا ن سونك دیدی بولسون خدا یار    حَسَن کلشی سانگا بولسون مددکار
بار ایدی بیشهٔ مازندران بس    که اُندا ن سونك اوُتیب بولغیل روان بس
آلیپ جعفر قلی شاه فاتحه‌سین    بنه اوُز طوریغه قیلغان دعاسین
سلام علیك دیدی باش ایندروبان    چقیب گیتدی او شانی ذیندوربان
باریپ جعفر قلی آیتدی وزیر سِن    که دهر ایچره زهی کیم بی نظیر سِن
گِل ایدی قیل منی یولغه روانی    که شاه فرمانیدور کیم بیلگیل انی
وزیر هم کوس کرنای قاقدریبان    توغ بیله هم یَلَوْلار داقدریبان
توپ بیله هم اساسی سلطنتنی    یوروتدی تترادیپ کیم یدی غاتنی

روان بولدی سپاه سالار جعفر    شکوه بیله بسی سردار لشکر
باشیدا سایه دور ظلّی صحابی    یا سابدرلار اُنگا اسباب شاهی
که القصه یوریپ سرتیپ سرهنك    یاقین لاپ باردیلار چون ایکی پارسنك
خبر باردی اوشال کیم بیشه ساری    یاقین گلدی او لشکر انتظاری
زمان اوتمای ینه آواز کرنای    اِ شتّی لر که بیلگیل کیم پیاپی
بیل آخر نا اُتدی اول جعفر قلی خان    گلیب دوشتی او بیشه ساری ای جان
ییغیلیب صف تونوپ سرهنك سرتیپ    همه گلیپ باش اگدیلر بترتیب
که اُندا ن سونك همه گنگاش بیرلان    روان بولدی که ایردانك چاش بیرلان
نچه گون یوروبان گورگن یتشتی    گلیپ بیر مرغزار میدان غا دوشتی
اوروب خرگاه خیمه چادرینی    دولا توتدی اوشال میدان سارینی
دیدیلر کیم او یرده گنگاش ایلاّپ    بولالی بول یره وقتی خوش ایلاّپ

گِسل ایمدی ناظمی بول موندا یاتسین    نچه گونلر یاتیپ دمین دوزت سین
[اوشال وقتده بتاریخی محمد    کم بر منك ایکی یوز یتمیش یدی یاد ]
که سوزله اوزگه یر اخباریدان بس    اوشال قرّی قلا آثاریدان بس
دییرلر کیم اوشال گورگن ساری دان    که قاصد یتدی گورگن گوگلانگیدن
دیدی قاصد ایا ای قوم بی باش    یتیپ گلدی سیزه یحد قزیل باش
که کفار ایلیدن اندیشه ایلانك    قیلینك محکم قلانی پیشه ایلانك

— ۱۳ —

ویا ایلأنك که بیر فکری دیگر چون　　اگر گلسه قیلار زیری زبر چون
که القصه تمامی اهلی گزگلانك　　کنگاش برلا بولوب چون همه یکرنك
دیدیلر کیم قلانی پوخته ایلأنك　　انینك برلا اوروش آموخته ایلأنك
اگر اؤلدیرسك اول کفارلاردان　　بولورمیز تانگلا محشر غازیلاردان
اگر اؤلسك شهیدلارنینك قطاری　　بولورمیز چهار یارلار دوستداری
بالآخر کیم دؤز تدیلر رباطین　　دغی قیلیب انینك کوپ احتیاطین
ایباریپ دیدبان دشمان ساریغه　　اوشال کفار گلگان یول ساریغه
تکه برلا یموتغه نامه ایلأپ　　نچه سؤزلر دییپ هنگامه ایلأپ
ایباریپ هر یریگه بیر سواری　　یوروسینلار توقفسز بو ساری
دیدیلر کیم ینه غارداش ا رورمیز　　مسلمانلیقدا هم سرداش ا رورمیز
گلر کفار هجوم ایلأپ تعیین　　خدا برلا رسول هم دشمنی دین
غرض اول ایل ایباریپ نامه‌سینی　　دؤز تدیلر اوروش هنگامه‌سینی
قیلا ردیلار خداغا زارلیغلار　　بریب بیر بیریگه دلدارلیغلار

گیل ای ناظم بولار بول برده دورسون　　غالملار اؤزگه یرلاردن گپ اورسون
دییرلر کیم مرو شاهی جهان بیل　　اؤتیپ دور کیم نچه صاحبقران بیل
قدیماً شهرهای آبادانلار　　سوروپ اؤتگان نچه صاحبقرانلار
آقار دریاسی بالدان قوی بیل　　شرین دور شهد شکردن سوی بیل
یری ییدا رور قابل زراعت　　بیر یئل اکگان ایبور اون یئل فراغت
بیل آخر کیم فلك رفتاریدان بیل　　تکه برلا سارقغه بولدی منزل
بو منزل ایچره کیم بو ایکی سی　　توقوشوپ بیر بیریگه انتهاسی

یاغی گرلیك قیلیپ طغیان قیلارلار    اوروشدان بر بوزینی غان قیلارلار
نچه گونلر ایکی‌سی دنك تالاشدی    یاغی گرلیك بسی کوپ جلدن آشتی
قدیما ایکی‌سی غارداش ایمیش‌لر    دنگه‌مك اوسگان سرداش ایمیش‌لر
بیل آخر کیم ساریق ایکی سواری    ایباردیلر روافض شاهی ساری
یتشتی اول ایکو کیم داد ادیبان    که تکه الیندن فریاد ادیبان
دیدیلر کیم ابا شاهی جهان‌گیر    بیزینك بو حالیمزغه ایله تدبیر
که اندان سونك روافض شاهی ای جان    نچه افواج لشکرلر ییغیبان
ایباردی مرو ساریغه روان بیل    نچه سرهنك سرتیپ اندران بیل
نچه منزل مراحل قطع ادیبان    که باردی مرو ساریغه یتیبان
کیم اول ساریق اویالمای انگا باردی    ارورمیز دیپ سانگا چاکر دیر اردی
بیل آخر اهلی ساریق اهلی شیعه    تکه برلا توقشتی غش‌غشیغه
نچه مدت اوروش هنگام برلان    اوتردیلر گون آقشام برلان
که آخرناتی اول شاه‌نینك سپاهی    تاپا آلمای اوزیگا بیر پناهی
بیر آقشام نچه مکر حیله برلا    فرار ایلاپ ساریقدان گله برله
شتاب بیله یوریپ چون ارته آقشام    سرخس‌یتدی بولوپ چون خون آشام
نچه گونلر او یرده استراحت    دمین راستلاپ که بولدیلار فراغت
بنا قیلدی او یرده قلعهٔ خوب    ایماس قلعه ارور بلکی بیر آشوب
غوبوپ اول قلعه ایچره نچه سرباز    توروب گیتدی او یردن گم بولوپ باز
خبر باردی که طهران شاهغه چون    بولوبدور لشکری چون چنان چون
نچه کیم حسرت بیله آه دارتیپ    نچه آه بیله وای بیجای دارتیب
سبب بو دور که اول جعفر قلی‌نی    انی سردار ادیب کیم لشکرینی

ایبردی بول ساری کام ایلاسین دیپ ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ ِنکه ایشینی اتمام ایلاسین دیپ
که حالا کیم اوشال جعفر قلی خان ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ گلیبان کیم دۆشوپدور سوی گۆرگن
که یتسین اُندا گۆستاریپ بولوب نون ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ قیلا رمیز انشا الله کیم اُنی دون
بیل آخر نکه ساریق نه ایشلەدیلر ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ قدیمغی عادتینی باشلادیلار
ساریق قیلدی قاجاریغه دوستانه ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ تِکاگِه بولدی بیر بخشی بهانه
دیدیلر کیم ساریق گیتدی ضلاله ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ که بولدی مال بیله ثانی حلاله
اُنینك چون کیم قاجار أهلی جنایت ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ کیشی گر قیلسه جانیغه اعانت
اعانت برگوجی‌گه حکم جانی ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ بریپ دورلار دیدیلر کیم بیل اُنی
اتفاق بیله دیدیلر تکه ایلی ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ که یوقدور کیم ساری‌ق ساری سبیلی
یغالینك هر یره امداد بولسه ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ غارین‌داشُ اوروق همزاد بولسه
که اُندا ن سونك قیلیب چون غیرکاری ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ چقارغای‌میز دماغیدا ن دماری
تاپینك لار کیم زبردست خیره مردی ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ بسی کۆپ گورگانُ صاحب نوردی
ایبارینك کیم آخال ساریغه اُنی ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ یغیب گِلسین چریکی بیکرانی
دیدیلر بار او یرده بیر تهمتن ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ اۆزی صاحب فراست آدی قُلتُن
بهادرلیغده کیم ممتاز ا رور بس ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ قوی هیکل زهی شهباز ا رور بس
سخن بابیده کیم طوطی تکلّم ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ تکلّم ایلاسه داشنی قیلا ر موم
دولا دور کیم اُنگا عقلی کمالی ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ اۆزی یکرنك ا رور یوق قیل قالی
هرایشگه قابلیت‌لیغ ا رور بس ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ غیوّری دور که غیرت‌لیغ ا رور بس
بیل القصه اول أ رنی نامه برلا ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ نچه سؤزلر دییپ هنگامه برلا
ایباردیلر آخال ساری روانی ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ اول أ ر گیتدی‌تأمل قیلمای اُنی
که اُندا ن سونك نچه صاحب گِنگاشلر ‌ ‌ ‌ ‌ ‌ ینه لازم بیزه کیم نچه ایشلر

— ١٦ —

طژن حدیده کیم صاحب قرانی  دیبیرلر کیم فلان ابن فلانی
که یعنی بای نورسون آدی اُنینك  زهی عفت‌پذیر دور ذاتی اُنینك
غریب‌ و بی نوالار غمگساری  یتیم و بیوه‌لرنینك خوستاری
ا رور بیچاره‌لارغا چاره‌ساز اول  اسیری مبتلاغا دلنواز اول
فقیرلار دردی‌نینك درمانیدور اول  جفاخوار بنده‌لارنینك جانی دور اول
یامانلارنینك سدی راهینی توتقان  یامانلار کیم یامانلیغنی اونوتقان
اولوس ایل‌نینك بسی آسایشی اول  عدالت باغی‌نینك آرایشی اول
عدالت گُلشنینینك فاکهه‌سین  بریبپ ایلگا آلار ایل‌نینك دعاسین
عدالت تیغی برلا کامکار اول  جفاکارلاردان آلیپ انتقام اول
عدالت مخزنی‌نینك دُرلارینی  ساچار ایل باشیگا لؤلؤلارینی
زهی عادل اُنگا یوقدور تقابل  اگر هم بولسه اول شروان عادل
سخا امواجی‌نینك دراجی اولدور  اولوس الغی‌شیننك محتاجی اولدور
عطاسیدان اُنینك هر خاص عامه  یتیر کیم اهلی عالم‌نینك تمامه
نوالیدان اُنینك هر بیر رمیده  اُنینك خانی‌دان ا رمیش آرمیده
سحرلر کیم‌دیلیده حق ثناسی  که حق‌دان اُوزگا یوقدور هیچ پناسی
پنا شاکر ا رور حق نعمتیدان  اُمید ایلار خدانینك رحمتیدان
غمی بوقدور اُنینك عالم غمی‌دان  ا رور اندوهی اُنینك اُخرویدان
ایمیش راضی قضائی لا یزالغه  قیلیب تفویض همه ایشین کیم خداغه
توکّل‌لیك ا رور کیم هر بیر ایشده  ارنلر هم اُوتیپ‌دور بو روشده
کیشیگا مونچه اوصافی حمیده  بولور کیم جنت ایچره آرامیده

— ۱۷ —

بنه کیم عقل کامل کوپ رسا دور    رسالار غاشیده کیم نارسا دور
همه کاری اُنینك کیم خوش رو شدور    فراستلیغ زهی صاحب گنگاشدور
بیل آخر کیم دیدیلر ای خلایق    آلیپ گِلینك اول اُرنی بیزگا لایق
گِلیبان مونده کیم اول بای نورسون    گنگاش بریب بیزهِ موندا اوتورسون
قبول ایلأنك بنه کیم هر دیمیشنی    قیافه دان بیلار اول نچه ایش نی
ایباریب اول ساریغه کوْپ سواری    آلیپ گِلسین دیبان اول شهرباری
گِلیبان کیم اول اُرنی رام برلان    کوْچوروپ اِلتدیلر اکرام برلان
یغیلیپ هم کبارُ هم صغار بیل    دیدیلر خوش گِلُ کیم مرحبا گِمل
گِنگاش برلا اوروش هنگامه‌سینی    دوْزتدیلر ینه پیش پسینی
دوزِتسینلر بولار اوْز گامینی بس    ایشتگیل اوْزگا بِز هنگامینی بس

دییر راوی کیم اول چونُ چنان بیل    قنلیپ قُلتُن بهادرنی روان بیل
قیلیپ قطعی منازل اول بهادر    اولوس ایشیگا ایلأپ کیم تبادر
یتیپ گِلدی آخال ساری روانی    دیدیلر نیَ خبر دور ای فلانی
اشتگان‌سز تکه ساریق اوروشین    که دین‌مان گیجه گوندیزلر رویشین
ایباردیلر منی امداد اوچین بس    غارین‌داش‌لیغ دغی همزاد اوچون بس
دیدیلر خوش گلیب‌سن جانمیزغا    خبر برگیل دغی کیم خانمیزغا
روان بولدی او بردِن اول زبرَدسَت    یتیپ خان قلعه‌سینا بولدی پیوست
سلام بیله گیریپ خان درگهیگا    اوتوروبان اوشال خان منزلیگا
چقاردی نامه‌سین بردی روان چون    اوقوتدی نامه‌سین نور بیردی خان چون
اوقوتدی نامه‌سین کیم بولدی آگاه    یتیپ گِلدی سواری کیم بناگاه
سلام ایلأپ او هم اعزاز برلان    اوتوردی قُلتُنی شهباز برلان

چقاریپ بردی اول هم نامه‌سینی　　اوقودیپ کیم اُنینك پیشُ پسینی
که بیلدی کیم اوشال جعفر قلی خان　　گلیپ‌دور لشکر بیله سوی گوّرگن
ینه بیلدیکیم بولیان عازم ا رمیش　　تکه گوٚکلانك آلورگا جازم ا رمیش
ولی قُل‌تُن‌غه دیدی ای بهادر　　که صبر ا ت نچه گوٚن قیلما تبادر
بیلرسن کیم گلیب‌دور دشمنی‌دین　　بیغیپ لشکرینی کیم توتوب آیین
که اوّل بول فریضه صاف بولسون　　که اُندا ن سونك مروساری بارولسون
که اُندا ن سونك کیم اول خانی‌سیلخان　　دیدی کیم جارچی‌سئنا جارقیل‌ای‌جان
قیلیب جارچی‌جارینی هر دیارا　　بتِردی کیم خبرنی بارا بارا
که القصه نچه افواجی لشکر　　جنابی خانغه گِلدی کیم سراسر
دیدیلر کیم ایا ای شهریاری　　یغیلیب گلدیلر کیم کوٚپ سواری
نه فرمان بولسه ایمدی کیم دوروش یوق　　اوروشدا ن اوٚزگا بیربخشی رَوَ ش یوق
قیلیپ کفار بیله کیم کارزاری　　چقارغای‌میز دماغیدا ن دماری
که اُندا ن سونك توتوپ اسباب خانی　　بوروش قیلدی کیم اول سهراب ثانی
همه کوٚپ گورگانُ صاحب گِنگاشلر　　که اوٚتگارگان باشیدا ن کوپ ساواشلا ر
بولوبان کیم همه آهن فُلاد پوش　　حمایل تیغ برّان نیزهِ آغوش
منیبان آتلاری کیم خوش دماغی　　زهی چابکسواری ارغی‌ماغی
داقیب نیزهِ باشیغه آل‌یالاولار　　توتوبان کیم دغی نچه یاساولار
شکوٚه بیله اوشال قرّی قُلاغا　　یاقین‌لاپ باردیلار اول ماجراغا
گوٚروپ گوٚکلانك ایلی گردی غُباری　　گلادور آرقادان اون منك سواری
که بیلدیلر کیم اول نور بیردی خاندور　　شجاعت‌لیغ بسی صاحب قراندور
چقیبان آلدیغه پیشواز ایلاٗپ　　اولوغ کچیك همه اعزاز ایلاٗپ

دۆشوردیلر اُنی عزت بیلبن چون   همه لشکرلربن حُرمت بیلن چون
دیدیلر کیم ایا خانی سیلخان   که قیلدینك کیم بو ایلنی اسر خندان
ییغیلیپ کیم کبار ببله صغاری   دیدیلر خوش گِلیپسن شهریاری
جهان بارینچه کیم بس بارینك بولسون   خدا برلا رسول هم یارینك بولسون
که القصه بولار بو سۆز آرا چون   ڠاچیبان گِلدیلر کیم دیده‌بان چون
دیدیلر قاراوولّار ای خلایق   که گِلدی کفر ایلی فوجاً فرایق
زمان اۆتمای که گِلدی زود ادیبان   توپ بیله یر یۆزینی دود ادیبان
توپُ کرنای-سورنای سِسی برلان   بولوپ شیطان کیمی وسواسی برلان
گلیپ دۆشتی بایرلار آراسئنا   داقیپ چادر یخۆپن سنك پاره‌سئنا،
ڠاچیپ باردی خبرچی اول فریقه   بولوبدور کیم ایشی اۆزگا طریقه
گلیپ دور تکه‌دِن اون منك سواری   دغی باش بولوبان نور بیردی خانی
همه بولوپ فولاد پوش دمیر پوش   ییگت‌لیك نوچه‌سیدان همه سرخوش
همه جنك‌دیدۀ طیار ایگاندور   دغی دستی زبر دست کار ایگاندور
ینه بیلدی کیم اول یموت ایلی دِن   گلر کیم گۆن باتار سرمنزلیدِن
ییغیب لشکر گلرلر کیم دمادم   چِکرلر لشکرینی اژدها دم
بو ڠایغی غُصّه برلا اول فلاکت   یتورمگان یتیپ کیم یۆز منك آفت
خبرچی سۆزیدِن بولدی وهناك   نه هوش ڠالدی نه عقل نه یوره‌ك
که یاتدی بو گیجه کرپیك چالشمای   ڠاباغی بیر بیریگا هیچ آلشمای

بیل آخر آدی دِنك نوری قویاشداان    چقاردی کیم فلك تأجینی باشدان
اوشال وقت بولدی آثاری کَرُّ فرّ    توتوبدور بر یوزین دریای لشکر
که یعنی کیم اوشال خانی سیلخان    چکیپ لشکر گلیب دور ایچره میدان
که غایغی برلا کیم جعفر قلی خان    یاتیب دوردیدیلر کیم تورغون ای جان
گلیپ دوستونك دوروپدور کیم بول آگاه    جهانی توتدی لشکر کیم سراپا
که توردی کیم یریندن ساسگانبان    دیدی کیم دوش گوروپ من اوریلیبان
دیدی گلدی حَسن کاشی گلیپ بس    ساتاقمدان توتوب قیلدی جَنب بس
دیدی یورغیل دوشمنی ای فلانی    فلانی ایدی تورغیل سن روانی
که غسل بیله دیما بو سوزنی ای خان    باسیپ دوراوستونگی کیم اسر دشمان
بولار بو سوزده اردی کیم بیل انُی    چقیپ اسلام ساریدان کیم روانی
قوی هیکل زبردست بیر تهمتن    طلب قیلیپ مبارز بیلگیل ای تن
[یوق اردی زماندا شیری‌مز انتك    اسم معروفه‌لی عوضلی تِنتِك ]
صدا برلا دیدی کیم ای قزیل باش    ایبارگیل بیر مبارز مانگا اوخشاش
قیلالی یکایك کیم کارزاری    چقارغای‌میز دماغیدان دماری
زمان دان سونك ینه ایلأپ طلب‌مرد    مگر بولدی قزیل باش أهلی نامرد
دیدی ای رافضی‌لار بیر بهادر    اگر قورقسانك ایبار ایکی دلاور
ویا ایبار مبارز توپ توپ ایلأپ    نچه سربازنگی کیم صف‌صف ایلأب
قیلالی بیر اوروش غیری مکرّر    ا شتگنلر دیسینلر آفرین‌لار
که القصّه قزیل باش طرفیدان کیم    بیرأ رچقمای اول اُرنینك خوفیدان کیم
ینه فریاد ادیبان اول بهادر    دیدی ای رافضی قیلدینك خواطر

هنوز کیم نیزه سونوپ ال اوزاتمای    که داغیم زهردن بیر ذرّه داتمای
یاتارسِن قورقُبان اندیشه ایلأپ    تفکرنی اۇزینگا پیشه ایلأپ
ویا بیمار بُولوپ جعفر قلی خان    یاتیبدور کیم بولوپ حالی پریشان
ویا کیم دۆشیده کیم باسیپ اُنی    حَسن کاشی قیلیپ‌دور جَنب اُنی
ا شدیپ بول بهادرنینك سؤزینی    دیدی جعفر قلی اُوریپ یۆزینی
بو دوشومنی نچوك بیلدی بهادر    منینك دوشومنی آیدیبان دورادور
دیدی کیم محرمی ای خان آقا    گۆرن دوشونك غوبوپ باق تَمَراغا
گلیپ دور دشمنی کیم اۆستۆمیزگا    غلراتمای کیم یوقاری پستمیزگا
که هوشیغه گلیپ جعفر قلی خان    بویوردی جارچی‌سئنا جار قیل ای جان
قیلیپ جارچی جارین لشکر آرا چون    ییغیلینك صف‌توتوب میدان آرا چون
که القصة ایکی لشکر برابر    گِلیپ دولدی اوشال میدان سراسر
ایبردی بیر مبارز سوی میدان    که گلدی اول مبارز رو توتوبان
دیدی کیم اول مبارز ای بهادر    گلادورغیل که سِن ایلأپ تبادر
اوروب لافی کزافی سن بغایت    که تاپمای‌سن حریفنگنی بو ساعت
اول هم آتین دپ ایلابان بو ساری    یاناشدیلار بولوب ایکی سواری
ایکی‌سی هم قیلیب روی بدل چون    اوروشگا قیلدی‌لار جهدی جدل چون
[که اسمی فالی مِرگاندور ا رور بیل    قزل آرباد دیاریندان ا رور اول ]
بیل آخر کیم اوشال سُنّی بهادر    باریبان آلدیغه بولدی برابر
سالیب‌داغین اُنینك فرقی سریغه    ایکی بولوب یتیشتی اکاریغه
دیدی جعفر قلی بو قایسی ساعت    دیدی قُرعه‌چی‌سی نَحس‌دور بوساعت
غایوردی لشکرین چادر ساریغه    باریپ دوشتی همه برلیك یریغه

بولوبان لشکری اسلام شادان   غاینندی‌لار او یردن اسر خندان
اوروش قیلمای نچه گۆنلر بیل اُنی   یتیبپ گلدی خبرچی کیم روانی
خبر بردی مسلمانلارغا اول جان   گلر ایردانك سیزه جعفرقلی خان
گنگاش برلا همه سرهنك سرتیپ   که توپلارین غاراردیپ آغزین اردیب
گلیپ‌میزنچه پارسنك یول یۇریپ بس   که ایش بتماس بو یرده اوتوروپ بس
قیلالی سنّی برلا کارزاری   دیمرلر کیم آلالی یا بره‌لی
که بار دور کیم او یرده بیرداُلی چون   اُنی زور ایلابان کیم آلساق اکنون
تورپی اُنگا چقاریپ کیم بیل اُنی   آلا رمیز قلعه‌نی دورمای زمانی
ا شدیپ بو خبرنی مؤمنین‌لار   گنگاش ایلاأپ دییپ چون چنین‌لار
چقاریپ اول تپه‌گا نچه مرگان   همه کوپ گۆرگانُ کیم ایش بیترگان
غرض آخر بولوپ آمادهٔ جنك   همه یکتن بولوب هم‌ناموس ننَك
خدای باری‌غه ایلاأپ توکّل   اُلارغا یاری برسین خالقی کُل
که اُندان سونك بولوب گیجه دانك آتی   چقاریب کیم فلك نیزه اوزاتی
که یعنی گۆن چقیپ گۆندیز بولدی   زهی عالم یۆزی رنگریز بولدی
اوروپ کُفّار ایلی کیم طبل جنك‌نی   صدا ایلاأپ صدای رنگبرنگنی
یوروتدی توپ‌چی‌لار کیم توپ‌لارینی   دۆزاأپ سرتیپ سرهنك صف‌لارینی
سوارالار پیاداسئن اۆنگینا   که گلدیلر اوروش میدان ساریغا
بو یاندان هم تمامی اُهلی ایمان   بولوپ عازم یۆریپ کیم سوی میدان
دۆشوپ اۆنگلرینه صاحب قرانی   شکوه بیلهٔ کیم اول نور بیردی خانی
علمدارلار علم نایزه باشئنا   داقیبان یوردیلار اُنینك غاشئغا
یاساو برلا نچه کیم دسته دسته   بارورديلار یوریپ چون آسته-آسته

— ۲۳ —

غَرض کیم بو ایکی دریای لشکر یاساو ایلاپ دوروشدیلار برابر
او میدان ایچره سوسنّی بولوت بیل که قیلدی یئلئرم چون بوی سنبل
سپوردی کیم انُی بادی هوا چون بولوپ روشن که کوُنگلی اولیا چون
غرض میدان یوُزی آراسته بولدی اوروش مائما چنان پیراسته بولدی
که اُندان سونك دیدی خانی سیلخان مبارزلار یغیلسین سوی میدان
تکاور قتّلیغه دپ اد یبان که چقدی دُردی خان آت اویناديبان
زهی دَلیك بهادر اردی اول تن یئقار چون دشمنی گر بولسه تهمتن
اوُتورگِن باشیدان کیم کوپ اوروشلار که اورغان دشمانئنا نچه نیشلار
ینه میدان ساریغه عازم ایلاپ اوروشماغا اوُزینی جازم ایلاپ
آتی‌نی غامچلاب بیر نو جوانی قوی هیکل ایدی صاحبقرانی
دیرلر کیم انُگا چاری بهادر ارور اُنداق بهادر اسر نادر
ینه بیر بادری سچماس ایلیدرن ایدی کیم بوُرملی سر منزلیدرن
اول هم بیر أر ایدی غیری مُکرّر مبارزلار ایچنده اردی سرور
بیلردی حربهٔکاربن اول زبَردَست بو هم بولدی زبردست لرگاپیوست
ینه بیر با ردی کیم بار ایدی بس که مونداغ ایش‌لره درکار ایدی بس
اوُزی اردی یازر خانی ایلیدرن حذر قیلماس ایدی کیم دشمانیدان
بو هم باردی اوروش میدانئنا بیل غوشولدی کیم بهادر کانئنا بیل

که بولدی گوُن باتاردان گرد پیدا اوشال گرد آراسی بولدی هویدا
گوُروندی لشکری کیم بیکران چون گِلادور اوُنگیدا صاحب زمان چون

باشیدا کیم اُنینك تأچی پیغمبر      ایدی عالم ابلی‌گا کیم او سرور
هم ا ردی سبزه‌پوش باشیل عصالیغ      گۆنگلره یادی حق آغزی ثنالیغ
اُنینك تماشیدا کیم سِگّز علمدار      سِگّز منك لشکره اول ا ردی آثار
دیبیرلر کیم اول اُ ره محمود ایشان      یُموت ایلینا اول کیم باش بولوبان
یِتِردی اۆزینی هنگام آرا چون      یاساو قیلدی اوشال میدان آرا چون
گِلیپ غوشولدیلار کیم مؤمنین‌گا      یتیشتی غصه‌لار کیم کافرین‌گا
بولار هم بیر طرفدان صف توتوبان      بهادرلار چقیپ آت اویناديبان
بیل آخر نکه بوت گوگلانگیدِن      بهادرلار چقیپ چون یاساویدن
بِریبان بیر بیریگه غیرتی تیز      اوروشورغا قیلیپ یکباره انگیز
سونوپ نیزه آت اویناديپ اول اُرلر      دیبیردیلر گلینك‌لر رافضی‌لار
ا شدیپ اول بهادرلار سۆزینی      غاراردیپ اُهلی کفار توپ یۆزینی
بوشاندی نچه توپ بولیان ساریغه      که یعنی لشکری اسلام ساریغه
دلاورلار که بیم اتمای توپدان      یتیپ باردی که سرباز اۆنك صَفدان
اوروپ نایزا اُلارنینك سینه‌سیدان      یالاپ‌لاپ چقدی نایزا آرقه‌سیدان
نچه سربازلاری بر باد ادیبان      قزیل باش‌لار اُلاردان داد ادیبان
دیدی جعفر قلی ای وای لشکر      که بوُتی لشکریمنی مثل آژدار
که تُرکمان ایلیدن بۆلاك سواری      چقارار کیم بو لشکردِن دماری
الا یا ایهّا السرتیپ ـ سرهنك      قیلالی گۆز گۆره‌ر تِك آهنگی جنك
بو سۆزلرنی دیبان قوبدی مُحصّل      چپُ راست لشکریگا اُنی بیلاکیل
بوریتی توپلارینی آتاریبان      جهانی دود بیله کیم توتاریبان

صدای کومی راس یتدی فلك گه    که لرزه قیلدی بر کیم تا سماء گه
یوروتدی صف صف ایلاپ لشکرینی    دۆزدیب چون زهی کُرّ فرینی
غایتمای زور بیله چون اهلی کفار    که قیلدیلار بهادرلارنی اوبار
دلاورلار اوروشوپ دۆنه-دۆنه    یتشتی لر کیم اول نور بیردی خانه
دیدیلر کیم ایا خانی سبلخان    باسیبان گلدی کفار جمعی برلان
زمان اوتمای یتیپ باردی باسیپ بس    توپ آتاربپ توپین گولدردەدیپ بس
ییغریلیپ لشکری اسلام کم کم    غِلولانیپ که اُندان کفر ایلی هم
بایرلاردان چقیب اول تپه ساری    یورودیپ توپلاربن بولدی روانی
یاقین لاپ باردی توپین آتا ریبان    جهانی دود بیله کیم توتا ریبان
که القصه بولوب اهلی مسلمان    سراسیمه بولوپ حیرانُ سرسان
اوشال قلعه ایلی کیم زار ییغلاپ    خداغه یالباریپ افکار ییغلاپ
دیدیلر ای خدای خالقی کُل    اسیرلارنینك دعاسین ایله مقبول
بیل آخر بخشی مِرگان خوش فراست    اول أر اِردی زهی صاحب کیاست
دیدی ای کدخدایُ خانُ بِگلر    یتپ گِلدی کیم اول کُفّار سك لر
خدای لا یزالی یاد ادیپ بس    دۆنیالی کفر ایلی گا آت غوبوپ بس
که شاد بِرگای خدایم کیم ظفرلار    که برگای کفر ایلینا کۆپ خطرلار
دیدیلر همه بردِن بخشی گپ دور    آجیغان میز همه غوغا طلب دور
بریبان بیر بیریگا غیرتی تیز    که چاقلانیپ یاراغلانیپ بولوپ تیز
دولانیپ آت قویوب بیردن بیکبار    دیدیلر تکبری الله اکبر

تکاورلار جلاوین دنك توتوب بس    جهانی دود بیله کیم چانك توتوپ بس
که یاقماین دغی ساغدان سولیغه    یاقین‌لاپ باردیلار چون کفر ایلیغه
یقین کفار ایلی آتشگره سین    چقاردی مؤمن اهلی ربناسین
که بیر توپ سیسی بولدی‌فقرلاپ    یتیپ باردی قیلج نایزا شاقرلاپ
قیلیب مغلوبهٔ جنك ایکی لشکر    اوروش بولدی زمانی کیم سراسر
اوردیداغین کیم اول کفار باشنا    که یئلدیز تك سؤنر شیطان باشنا
دییدلر کیم اوشال نور بیردی خانی    گیریپ غُرّشیغه شیری ژیانی
قیلج بیلناب تکاورنی قیلیب دیپ    چپ راستدان چاپاردی کیم قُلملاب
گهی تیغ گهی نیزه سوناردی    نچه سرنیپ سرباز اُمّالاردی
گلیپ اُنینك ساغیدان کیم چوپان گر    دمیگا دارتار ا ردی مثل آژدر
لبین دیشلأپ سونوپ نیزه اوراردی    نچه‌لار امّی‌لیبان چومّالاردی
نچه‌لر تیغ برلا شاپ‌لاداردی    اِنگه‌گین یر یوزینا قاپلاداردی
بنه یان‌داشیان ایکی تهمتن    بیری دور دردی‌خانُ بیری قل تن
قریب کُفّار ایلین یکسان ادرلر    نچه جانلیغ‌لاری بی‌جان ادرلر
عملگه گیرگوزوپ کیم تیغ‌لارینی    نظر آلیپ او کفار توغلارینی
که چقلی بیر طرفدان دؤرت آرسلان    گلرلر تیغ اوروپ کیم شیری غرّان
بیری چاری ا رور غارداش برلان    بیری اشرف ا رور یولداش برلان
اُلار البنده کیم تیغ‌لار یالاپ لاپ    سوروب سربازی هر یانه توپلاب

— ٢٧ —

ینه بیر نو جوانی جوش صفاتلیغ مسمّی‌سی اُنینك باداربِك آدلیغ
اول اُرهم سوردی اسبی‌تازیسینی تُماشا قیل اول اُر هِنگامه‌سینی
که چاقلانیپ ساواشغا قیلدی آهنك قیلچ نیزهٖ اوروپ با ناموُس نَنَك
نیچه‌لرنی اوروبان پارا ایلأپ جهنم ساریغه ادارا ایلأپ
سالیپ کُفّارایلینه شور-شَرنی روافضدا ن چِقارور غریونی
اول اُرلر کیم قیلیب اُسرُ فغانلار آقزدیلار بسی دریای قانلار
ینه یموت ایلیدِن نیچه سرمست غئران ایلأپ گلرلر کیم به پیوست
قُوریپ کافرینك چپ یاننی بس دؤکوپ کفار ایلی نینك غاننی بس
که القصه تمامی اهلی ایمان اوروب کفار باشیغه تیغ بُرّان
اوشال هنگام دیدی نور بیردی‌خانی دلاورلار بِتینك توغ‌غه روانی
همه یۆزلِندیلر توغ ساریغه چون .غئران بیله قیلیب چون آستین-استون
اوشال وقت کیم دیدی جعفرقلی خان گِله‌دور اهلی سنّی باستوروبان
بو بیرده قالدوق ایمدی کیم اوروشدا ن غاچان خوبتور بو یرلرده دورشدا ن
که اُندا ن سونك یغیب پیشُ پسینی دولاندوردی قاجار یولغه یۆزینی
بیلیبان اُهلی اسلام غاچاغینی مبارزلار یتیب چاپدی توغینی
بیل آخر کفر ایلی قیلدی هزیمت گِلن یولین توتوبْ ایلأپ عزیمت
هجوم بیله یوروپ چون اهلی ایمان قزیل باش حالینی ایلأپ پریشان
بهادرلار اوروشدا ن آردیلار چون بِریپ قورقاقلار نوبت‌نی اکنون
که القصه اؤلوگدِن پُشته توردی ینه قول گؤناریپ اُمّا اوتوردی
بولوب جعفرقلی حالی پریشان توپین تاشلاپ چریکین بایدروبان
فرار بیله دۆشۆپ یولغه روانی یاقین دور غایغی برلا چقسه جانی

سماءدان بوز-یا غیریاغدریپ بس    که غالغان لشکرینی دونگدریپ بس
دییپ حسرت بیله آه کیم بس آرمان    یتیب گیتدی او یردن سوی گورگن
بولوپ منصور مظفر اهلی ایمان    رجوع ایلاپ اورشدان بخندان
گلیپ چون دوشدیلر گوگلانک ایلینه    اوشال قاری قالا سر منزلینا
دیدیلر کیم ابا ای خان-بکلر    نچه گوندرن باری کیم آرمانگزلار
نچه گون یاتی‌لار ایلاپ فراغت    دمین راستلاب تافیب چون استراحت
تکه بوت دیدی گوگلانک ایلینه    اجازت بولسه گیتیسک منزلیگه
بو یرده یاتسانگز کیم جان برلان    قئلا رمز عزتی اکرام برلان
خدا برسیین سیز خیر الجزانی    او دنیاء بو دنیا ما فیهانی
بیل آخر خوشلاشیب کیم بیر-بیریگا    غایتدی‌لار همه یرلیک بریگا
که اندان سونک رجوع ایلاپ روانی    چریکی برلا کیم نور بیردی خانی
بولوپ منصور که گلدی منزلیگا    غوشون گیتدی همه برلیک یریگا
که اندان سونک دیدی نوربیردی خان چون    بس ایمدی قل‌تنا بولغیل روان چون
سونیچی‌له اول ایلگا سن بو ایش‌نی    قزیل‌باش برلا بولغان کیم روشنی

بریپ نامه اوزاتی کیم بیل انی    اول ار گیتدی مرو ساری روانی
نچه گونلر اول ار کیم یول یوریپ بس    که باردی مرو ساریغه یتیپ بس
خبر بردی مرو خلقی‌غه ای جان    که قیلدی کیم اول ایلنی اسر خندان
بنه آیتدی گلر نور بیردی خان چون    ییغیپ لشکر کیم اول صاحبقران چون
اشتیپ بول خبرنی خوشلادیلار    قدیمغی دستورینی باشلادیلار
اوروشدیلار بنه کیم گیجه-گوندیز    قیلیب چون بر یوزین غان بیله رنگریز

ساریق برلا نکه گۆنلرده بیر گۆن    توتوشیب صفلارین میدان آرا چون
بولوپ چون گرد پیدا گۆن باتاردان    علمدار چقدی گردنینك آراسیدان
گلادور اۆنگونده بیر نو جوانی    که یعنی اُردی کیم نور بیردی خانی
بغیپ چون لشکری کیم بیکرانی    بتیپ هنگام آرا گلدی روانی
گلیپ دۆشتی اول اُر کیم بیر کنارا    ایبردی هر بیریگه بیر سوارا
که یعنی نکه ساریق کدخُداسی    گلیش سبینلر بو یرگه انتهاسی
گلیپ چون هر طرفدان کۆپ اولوغلار    که یعنی کدخُداُ بیلگولیك لار
گۆرشدیلر تانشدیلار سوراشیپ    دیدیلر خوش گلیب سیز آریپ آشیب
دیدیلر شهریارا نی خبر دور    بیان ایله گلیشدرن نی غرض دور
دیدی کیم شهریاری خوش فراست    ا شیتورمیز اوروشورسیز بغایت
که گلدیك سیزلری یاراشتوروغا    ایکی غارداشلاری باریشتوروغا
یاراشیبنك کینه‌نی دۆکونك کۆنگلدن    بولوپدیر بیر سۆزی هادی سُلبدان
که یعنی دیمش اول پیغمری کُل    کیشیگه بولسه کینه دینی یوق بیل
دیدیلر اهلی ساریق کدخداسی    باریپ ایلگه یغیپ چون عامُ خاصی
گِنگاش برلا جوابی آیدالی بس    که رخصت بولسه ایلگه غایدالی بس
غایتّی لار آلیپ رخصت او هنگام    باریپ یغیلدیلار چون خاص بیله عام
دیدیلر کیم گلیپ دور خوش بر آدلیغ    یغیپ چون لشکرین نور بیردی آدلیغ
یاراشینك دیپ بیزه قیلدی تمنّا    قیلالی آغزی بیرلیك اهلی سُنّا
بیل آخر اهل ساریق نیچه گپ دیپ    باغی لیقنی اۆزینه بیلدی اُسلیپ
که اُندان سونك بولوپ آمادهٔ جنك    اوروشغه قیلدیلار یکباره آهنك

— ۳۰ —

نچه گوُنلر اوروشیپ   آریپ آشیپ    ساریق یچاراُنینك آعمالی چاشیپ
بیل آخر الآمان دیپ داد ادِرلر    مُسلمانلیق دیبیپ پریاد ادِرلر
دیدیلر تکه اهلی ای غارین داش    آمان باردور اگر گینسانك آلیپ باش
قبول ایلأپ بو سوُزنی أهلی ساریق    گوچوپ گیتدی وطندان بولدی فارق
بیل آخر کیم مرو شاهی جهان بیل    تکه ایلینه آخر بولدی منزل
نُقلدور بوریك بیله آت چاپشغان    خطادور گوّچ لیك بیله هم گوُرشگان
اونوتدی بو نقلنی ساده ساریق    وطندان آیریلیپ بولدی پتاراق

## واقعۀ جعفر قلی مغلوب بولوب غم بیله استرآباد حدودا اولکانی و طهران ساریغه لشکری‌نینک قاچغونچی سینینک بارغانی

گِبل ای ناظم بو قصّه بولدی تمّت　　که قالغان قصه‌لارغا ایمدی سِن یت
کیم اول جعفر قلی بولوپ خری تِك　　اوتالگیدان قاچان کیم توغدری تِك
یتیپ باردی کیم اول گورگن حدّیگه　　که یعنی استرآباد سرحدیگه
قیلیپ وعده که طهران شاسئنا چون　　قئلارمن تکه‌نی باسغا سئنا چون
دیدی شاه‌کیم اگر یتسانك سن ای خان　　که وعدانگه قیلای والی خراسان
دییپ چون غصّه‌لارنی بولدی هالك　　انی دوزخغه والی قیلدی مالك
ینه راویلار آیتدیلار چنان کیم　　یتیپ باردی نچه مردم روان کیم
دیدیلر کیم ایا شاهی جهان‌پاس　　که بولغان ایشلری کیم دیسه بولماس
فهملاپ سوزلاریدن بیر اشارت　　یتیپ‌دور لشگریگه کوپ هلاکت
ایناغمای شاه الارنینك سوزلاریگه　　آلاریپ گوزلادی کیم یوزلاریگه
بویوردی کیم انی جلادیغه بس　　قولاق بورنین کسیپ کیم داریغه بس
زمان اوتمای یتیپ باردی بترتیب　　نچه سرباز بیله سرهنك سرتیپ
دیدیلر کیم بو ایشلر چین دور ای شاه　　که یعنی لشگرینك فوتی بول آگاه

بولوپ بی‌هوش ییقلدی چالقاسیدان    روان بولدی نچه یل آرقه‌سیدان
یانندا بار ایدی شاه‌زاده‌لار چون    نچه محرم دغی آزاده‌لار چون
تبسم ایلابان شاه‌زاده‌لار چون    دیدی محرم‌لره تور وزغیل اکنون
سؤیاپ محرملاری کیم تور وزیپ بس    که یعنی تخت یوزه اولتورغوزیب بس
دیدیلر شاهیمیزغه کیم بو ساعت    که یعنی دیو پریدین نچه آفت
که القصه زماندان سونك آیلدی    تمام اعضالاریغه جان یایلدی
دوزه‌دیپ کیم اوزینی راستلدی چون    آچیپ آغزین بیرگی ایغادی چون
گتوردی ساقی‌سی کیم جام بیله می    ایچیپ اندان شرابی کیم پیاپی
بولوپ مستی ایچیب جامی شرابی    حکوماتدن اوروپ چون نچه لافی
دیدی حکم روان تا اصفهانی    دبیرلر کیم انی نصفی جهانی
ینه شیراز کاشان برلا ای جان    سوراردن قزوین طهران برلان
ینه حاضربیجان دامغان چون    همدان برلا کیم مازندران چون
کیم اول شهرود بسطام استرآباد    انینك مظلوملاری ایلار مانگا داد
بوبانی خاف بیله کیم‌تون طبس دور    سیستان تا هرات کیم مانگا بس دور
که القصه تمام اقلیم ایران    سلام ایلار مانگا باش اگدریبان
کیشیگا بولسه مونچه حکمرانلیغ    گوره‌رمی اوزگا ایلدن کیم فکارلیغ
بیلرمن نکه ایلی بیر بولاکدور    گلیپ کیم گول آرا دوشبن چولاغدور
بولوپ کیم درغضب چون اول شهی دون    تکبردان توتوپ اوزین فریدون
محصللارا ایبردی هر دیارا    یغیپ لشکر ایبرینك بیر کنارا
که مشهد ساریغه بولسون روانی    یغیلسین هر ولایت حکمرانی
اوروپ خیمهٔ خرگاه.بارگاه‌سین    تمام ایلاپ او یرده ادعاسین

— ٣٣ —

که اُنداُن سونك آلیپ جامی شرابی    دیدی بارمی بو یرده پهلوانی
وَلی بولسون تهمتن‌لیك زبَردست    که قیلسه تکه ایلنی یربیله پَست
اگر آلماسه اُنداُن انتقامم    حرام بولسون اُنگا برگان شرابم
یانداُبار ایدی من‌یمن‌لیك اِنکان    بهادرمن دییپ اؤزین اونوتغان
توروپ تعظیم بیله ای شاه قُربان    دیدی کیم من‌بارای گر بولسه‌فرمان
قئلا رمن بول ایشنگا عُهده‌كارلیغ    قیلا رمن دشمان بیله كارزارلیغ
اسیر ایلاُپ همه أهلی عیالین    قیلیپ ناراج گِنرای هر نه بارین
دییرلردی اُنگا کیم حَمزه مُرزه    دانی‌شیپ مونچه سؤزنی هرزه‌هرزه
که القصه قبول ایلاُپ اُنی شاه    ایبرور بولدی اُنی کیم بول آگاه
بِریپ البیندأکی جامی شرابی    آلیپ ایچدی آنی لاجرعه اُنی
دیدی شاه کیم ایا ای پهلوانی    اُرورسن کیم جهان صاحب‌قرانی
بار ایدی من سَنی سالار لشکر    که یعنی قیلمیشام سردار لشکر
بِریپ انعام احسان بی حسابی    اُنگا تاپشوردی لشکر احتسابی
سِن هم تونغیل سفر اسبابنگی بس    مهیا قیل همه درکارینگی بس
که اُنداُن سونك روان بول مشهدیغه    زیارت قیل امامنك تُربتیغه
اوُتیپ اُنداُن روانی مرو ساری    که قیلغیل تکه بیله كارزاری
قاباپ قاپساپ اول‌ایلنی خوار قیلغیل    آجرغادیپ اُنی افکار قیلغیل
اگر قیلمانك بو سؤزلرنی بیل اُنی    یوق بولغیل گِلمه‌گیل بو ساری یعنی
بو سؤزلرنی دییپ شاه فاتحه‌سین    بِریپ دیدی که الله یارینك بولسون
که اُنداُن سونك چقیب شاه‌زاده حمزه    تمام اعضاسی برلا قیلدی لرزه

پشیمان بولدی إتگان ایشیدرن کیم تکه برلا اوروش تشویشیدرن کیم
که أنلا ن سونك دیدی شاه‌ای وزیرلر تونونك اسباب سالار بی‌نظیرلر
برینك خرجی خراجات بی کم کاس قیلنك قورخانه‌نی طوپ بیله سرّاس
اوزادینك کیم أنی بارغان بولیغه معطّل قیلما ن کیم ره‌رویغه
وزیرلر کیم چقیب شاه‌یانیدا ن بس قیلیپ سرّاس توپ قورخانه‌نی بس
چقاردیلار زری خروار برلان قاطرغا اوردیلار اقطار برلان
بنه ماویت انواعی قماش‌لار که یوکلاپ دوبالره کوپ فراش‌لار
که القصه تمام سرتیپ سرهنك نواگا گرکوزیپ شیپور بیله جنك
بورودیپ آلنیبش آلتی توپینی چون بترتیب قیلدیلار صف صفینی چون
دوزاپ شاه‌زاده حمزه کوفی‌لاسین یاساهدورلار أنگا تاالیغ لباسین
منیبان ارغی‌ماغی آسته-آسته یوزیپ سرتیپ سرهنك دسته-دسته
که بکبار توپلاریش آتدیریپ بس جهان‌نی دود بیله جنك توتدیریپ پس
شکوه بیله چقیپ بولدی روانی اوزادیپ کیم وزیرلر غایتدن أنی
نچه منزل مراحل قطعنی ادیپ که مشهد ساریغه چون باردی یتیپ
نچه کونلر دوزاپ کرّ فرّینی یغییان لشکرینك پیش پسینی
ساتغلاپ لشکرینك سانی بس دوزه‌دیپ کیم غوشین اوقامنی بس
غوشین‌سانی که بیل‌یتمیش منك بولدی که مشهد شهرینك اطرافی دولدی
گلیپ خانلار همه سرتیپ سرهنك قیلالی ای شها کیم بولغه آهنك
بیل آخر کیم او بردن انتقالی قیلیپ یوردی مرو شاهی جهانی
یوریپ نچه منازل طی ادیبان باغیس باردی مرو ساری یتیبان

— ۳۵ —

خبرچی باردی یوزین جنك سودیپ    دیدی کفار ایلی کیم گلدی یتیپ
گلر قالدردادیپ کیم توپلارینی    دوزأپ سرتیپ سرهنك صفلارینی
بولونك دورمانك دوروبنك ایش تگزنی    قیلیپ سرّاس ینه رویش تگزنی
دیدی قوشت اول ایل نیننك خانی اردی    دیه قانی بل اولکیم جانی اردی
یغیلسین بو یره نچه دلاور    که بولسون دشمان بیله کیم برابر
که قالغانلار که دوره‌ای قلعه ساری    آلیپ أعلی میالین هر نه باری
قیلیپ کیم چاریجی لار چارنی جراجر    خبر بنوردی کیم ایلگا سراسر
اشتگنلر منیپ چابکسوارین    یتشدیلر دیب ایلاأپ ارغی ماغین
یقیلدیلار او یرده کنوپ جوانلار    همه جنك کورکانٌ صاحب قرانلار
سویت سابا گییپ چون خشلاشیبان    یاراغلانیپ همه لب دیش لیشیبان
بولوپ چون هر بیری آمادهٔ جنك    چقیپ کوهساریدان کیم دود بیله چانك
کوروبان دیدیلر بستك یریگا    بوقیپ چون آت غوبونك دشمان ساریغه
که گلدی کفر ایلی ایلاأپ طلاطم    قیلیبان یر یوزینی دود بیله قم
ایبردی هر طرفغه چاپاویلنی    غوبوپ چون دورت طرفغه غاراوولنی
چقیپ کیم بوسقیدان آت غوبدیلار چون    جهانی قیلدیلار چون آسنین استون
یتشیپ بیر طرفدان نیزه لاشیپ    غشران ایلاأپ زمانی کیم سلواشیپ
نچه لرنی ینه ییجان قیلیپ چون    اُنینك دورت یانیدان کیم اوریلیپ چون
یغیلیپ بیر یره کیم جمعی برلان    یاساو ایلاأپ دوروشوپ تیغی برلان
که کفار ایلی هم پرکنده سیغی    بغیپ چون لشکر بتك پیش پسینی
اوروپ خرگاهٔ خیمه چادرینی    دولا تونی ایکی پارسنك یرینی

نچه گۆنلر یاتیپ اُندان بیل اُنی   گۆچش قیلدی که نیازمات قلعه ساری
توپ آندیریپ قیلیپ چون توپ رانلیغ   توتیپ سرتیپ سرهنك صف رانلیغ
باریپ گیردی او قلعه چون روانی   دۆزه دیپ قلعه‌نی بنگی دِ ن اُنی
نچه گۆنلر یاتیپ چون کُرّفش ایلاپ   اولوغ لارنی یغیپ چون گِنگاش ایلاپ
بار ا ردی اهلی ساریق دان نچه نن   برووردی گِنگاشین آناً فآناً
بیل آخر گِنگاشیننك انتهاسی   اُنی قمساپ دِنك اِتمك دَغرَه غاسی
گیرکوزبپ طبلی‌نی هر دم صداغا   یتردی کیم صداسین نُه رواقا
نواغه گیرکوزبپ شیپور بیله جنك   بوروشغه قیلدیلار یکباره آهنك
همه سرتیپ سرهنك بازوسینی   دوزه دیپ صف لارینك اندازه‌سینی
یوریپ سربازلاری کیم سالانیپ چون   آیاقین دِنك قویوب دِنك گۆتاریپ چون
یوریشلری همه لولی مُزنگدور   یوروردا بیر بیر بگا دِنك به دِنگدور
یورورلر کیم نظام ایلاپ اوروس تِك   سُقال مورتین یولوپ چون اَندلُس تِك
گروهی دور بولار کیم بی‌بصیرت   قیلیپ چون اۆزلرین تغیر صورت
بیل آخر توپلارینی گۆرپارادیپ   یتیپ باردی اول ایلگا شلقاردیپ
باریپ دۆشتی تِکا اۆنك یانیدان بس   خبر تاپدی تِکا مهمانیدان بس
اِ شتیپ تِکه ایلی کیم غاچارلار   قیلیپ مهمانه عزت خان آچارلار
جهت بولدور روافض لار گِلیبان   دۆشیپ چون اۆنگیدِ ن کیم بولدی مهمان
گۆرینك مهمان بیله کیم میزبانین   نچوك بیر میزبان مهمانه نانین
قیلچ نیزه اوجی‌نینك سوی برلان   برورلار نان اُنكا اُندا ن یوغورلان

— ۳۷ —

نه ایش قیلدی کیم اول چون خان قوشت   نکه ایلی نینک اول آگاهی قوشت
که یغدی ایللری نینک خانلارینی   ینه آق سقال سردارلارینی
کنگاش برلا انگا ایلچی ایبرسک   بهانه ایلچی دیپ سینچی ایبرسک
همه خوشلاپ بو سوزنی چاقلادیلار   بهادرلارنی نوردان ساغلادیلار
ایبرور بولدیلار کیم بیر جوانی   بلاغت لیغ ایدی کیم بیلگیل انی
فصاحت لیغ تکلم ایلار اردی   مخاطب خانی چه کیم سوبلار اردی
دیبیرلردی انگا رحمن قلی خان   ایباردیلر نچه سوز تاپشوروبان
یاقین لاپ باردی کفار ایلیگا چون   مناسب بیر یره او توردی اکنون
فهملاب ایلچیک لیک نی کفر ایلی هم   ایبردیلر غارا سرتیپ نی هم
ایکی سی نچه سوزلر سوزلاشیب چون   توروشدیلار او یردن خوشلاشیپ چون
ولیکن سوزلری نینک انتهاسی   اوروش بولدی الارنینک مدعاسی
دیدی کیم خان قوشت ای اولوغلار   تمامی کدخدا بیلگولیک لر
قیلالی بیر ایشی غیری مکرر   اشتگنلر دیسنلر آفرین لار
چقارینک توپلاری طلگا روانی   بولای من یانیدا آندیریپ انی
حضوریمدا ینه بولسون نچه کس   کنگاش لیغ مصلحت لیغ خورددان بس
پیادا سوارا برلا همدست   که دشمان دوریده کیم یورسه پیوست
خدا برلا رسولنی یاد ادینک لر   توکل لیک یولین بنیاد ادینک لر
ینه کیم چهاری یاری باصفانی   که اوتگان انبیا اولیانی
الار ارواحینی ایلاپ توسل   که شاد برگای ظفرلار خالقی کل
که بوزمای نچه گونلر بو رویش نی   قیلینک لار کفر ایلی برلا ساواشنی
که اندان سونک دغی کفار ایلی چون   غازیپ اطرافیغه کیم خنداغی چون

بولوپ آمادهٔ جنك ایکی‌سی هم    یغیپ چون ایکی‌سی پیشُ پَسی هم
نچه کۆن قیلماین کیم اوروشینی    آلیپ چون سوجیُ اودینجی‌سینی
گِنگاش بیله دیدی اُهلی قزیل باش    که قویماس تکه‌لر چقارغالی باش
چقارساق دۆرت توپ بیله مُنك سواری    بوقالی بیر یره بیلدرمان انُی
که تورساق بوقی برده وقتی چاشا    که اُندا ن سونك توقیشالی ساواشا
گیجه‌نینك یاریمیدا منك سوارا    توپ بیله هم چقیب گِیندی روانا
باریپ توخانعنه کیم دۆشدیلر چون    بولوپ پنهان او برده دوردیلار چون
بولوپ آگاه بو ایشدِن مؤمنین‌لار    گِنگاش ایلأپ دیبیپ چونُ چنین‌لار
بیغیلدیلار نچه شهباز جوانلار    همه جنك‌دیدهٔ صاحبقرانلار
روان بولدی بولار دشمان ساریغه    که یعنی کُفر ایلی‌نینك بوسقی‌سیغه
سوروبان آتلارین چون بیخبر تِك    همیشه دستورنچه رهگذر تِك
ولی از روی پنهان چاغرشیبان    قزیل باش بوسقی‌سینی آنگدیشیبان
فَهملاَب بوسقی‌نی ایکی زبردست    ینشیپ کیم کوبی‌گه بولدی پیوست
توفانك‌چی‌لر توفانکین‌ساز ادیپ‌بس    قیلچ نیزه اوجین کیم تیز ادیپ بس
یاقین‌لاپ باردیلار بیلماسگا اوخشاش    اُلارگا آط غویوپ بارماسگا اوخشاش
که یاد ایلأپ خدای لایزالی    ینه کیم انبیاء اولیانی
بولوبان همه‌سی طیار جرّار    دیدیلر تکبری الله اکبر
بیکبار آت‌غویوپ دشمان ساریغه    یتیشیپ باردیلار کیم کفر ایلیگا
قزیل باش‌لاردغی آنگلاپ بو ایشنی    یاراغلانیپ که چاقلانیپ ساواشنی
برابر بولدیلار چون ایکی لشکر    اوروشدیلار زمانی کیم سراسر
که اُندا نچه شهباز بار ایدیلر    همه حَرب‌دیدهٔ سردار ایدیلر
بیری خالی بهادر رستمانه    تهمتن‌لیکده اردی کیم یگانه

اوروپ داغین قزیل باشغه روانی　چپُ راستدان قُلملاپ کیم چنانی
دۆکوپ کفار ایلی نینك غاننی بس　توقفسز آلاردی جاننی بس
اوروپ نیزه قیلج کیم زور برلا　ساواشاردی بسی اغیار برلا
دمیگا دارتیبان کیم اژدری چون　قیلیپ کفار بیله زیرُ زبَر چون
چاپاردی چون بِتیپ چون بِلەسیندِن　چقاریپ جاننی ......* زنیندِن
که چقدی بیر طرفدان نچه شهباز　غونوپ کفار باشیغه برلا پرواز
اُلار دور شاەمرادُ کیم عوض خان　قیلج غاپان بیله کیم محمّد آمان
بیری کجّات بیله بیر ی بهادر　بولار هر قیسیسی چون آژدها دور
قیلج نیزه برلا افسون ایلاُپ　روافض غانیدان کیم جیحون ایلاُپ
اوروپ تیغُ چاپاردیلار سراسر　بولوپ کافر غانیدان لاله نك بِر
سونوپ نیزه قزیل‌باش پهلوسیدان　چقیپ نیزه اوجی غاپورغاسیدان
یقیپ کُفّار ایلینی جرقیر ادیپ　دۆکوپ غانلارینی کیم پرکر ادیپ
ینه بیر یانیدان کیم نچه آرسلان　ینمشتی‌لر فغان بیله دۆکوپ غان .
اُلار بردی نیاز ابنِ اوراز خان　اوتامیش بادراغا باش بولوبان
باسیپ ینجیپ همه یکسان اِدرلر　نچەلار باغرینی کیم غان ادِرلر
اوروپ داغین همه کفار باشیغه　یتیپ تیغی یۆزی آکار غاشیغه
غئران ایلاُپ غئر دیلار دمادم　چِکیب کفار ایلین کیم اژدهادم
فرار ایلاُپ بیل آخر اهلِ کفار　دولاندیلار همه بیردن بیکبار
یوریدیپ توپلارینی قولدرادیپ　مبارزلار قَفاداُن باردی یِتب
اوروب داغین سونوپ نیزه پسیدِن　چقاریب سینهُ پر کینەسیدِن

* پارس دیلینده عایالنّك اویات یری .

خصوصاً بیر بهادر بار ایدی بس     بهادرلیغدا خود تنها ایدی بس
سونوب نیزه ینیپ توپچی پسیدن     اوروپ نیزه که توپچی آرقاسیدان
دوشوروپ آلدی ایکی توپین انی     که توپلار اوستیگا چقدی روانی
دیرلر کیم انینك آتی نپس دور     اوروشورغا زهی کیم بول هوسدور
بیل آخر کفرایلی نینك لشکری چون     قاچیپ باردی کیم اول خنداق ساری چون
باریپ غاچغونچی سی نینك ابتداسی     یتیپ باردی شهیغه انتهاسی
دیدیلر کیم ایا شاهزادهٔ شاه     یوق بولدی لشکرینك چون بولغیل آگاه
اشتیپ بو خبرنی اول شهی دون     غم بیله غصه سی کیم بولدی افزون
غرض آخر بولوپ چونکیم شبی تار     قیلیپ گوندیزگا کیم اوزین اوبار
ییغیپ چون اول شهی کیم خان بکنی     گنگاش بیله آتردی کیم او دانگنی
بیل آخر گنگاشیننك انتهاسی     اوروش ایلاپ آلالی یا برەلی
صداغه گیرگوزیب کیم طبل جنكنی     فغان دارتیب صدای رنگبرنگنی
چالیپ شیپور بیله چنگ رباطین     قیلیپ کیم صفلارینك چون احتیاطین
یوروتدی توپلارین هنگام برلان     یوریپ چون آسته-آسته گام برلان
اوروش میدانیغه گلدی یتیپ بس     توریپ سربازلاری کیم صف تونوپ بس
غارا سرتیپ انگا سرکرده اردی     شجاعتلیغ زهی باکرده اردی
بو یاندان هم تمامی اهلی ایمان     یاساو ایلاپ کەیتدی سوی میدان
بولار هم صفلارینك اندازەسینی     تونوپ بیغدی دغی پیش پسینی
برابر بولدیلار چون ایکی لشکر     سرانجامین دوزەدیب کیم سراسر
کیم اول بادی صبا فراشلیغ ایلاپ     بولوت باغدی کیم اول سقالیغ ایلاپ

بولوپ میدان یۆزی روشن‌نمایان  منّورلیغ که کونگلی اُهلی ایمان
که اُندان سونك غارا سرتیپ بیل‌اُنی  چاقنردی آد توتوبان ای فلانی
گِلینك کیم شاهمیزغا خدمت ایلاُنك  اُنینك الطافی برلا رفعت ایلاُنك
که قیلمانك شاهمیزغا بی‌ادب‌لیك  دگمل دوربی‌ادب‌لیك بخشی گمپ‌لیك
بویاندان هم کیم اول رحمٰن قلی خان  بلند آواز بیله کیم دیدی ای جان
که بیلمای‌سِن مونی کیم نی چلیك دور  که بیلماس شاهنگی ترکمان چلیك دور
بوبوردی توپچی‌لارگا زهری برلا  دیدی کیم غارا سرتیپ قهر برلا
آتینك کیم توپلاری دورمای دِمادَم  چکینك‌لر کیم اول ایلنی اژدهادم
توپ آندی‌توپچی‌لار دورمای زمانی  که دود بیله یالبین توتدی‌جهانی
بویاندان هم کیم اول چون خان قوشت  توپین آندیرغالی بولدی مؤیّد
اولغی کیم اوروشدا کوپ جوانلار  ساواش ایلاُپ دۆکوپ چون نچه قانلار
اُلارنینك آدی‌نی ایلاُپ بیانی  دیبیپ اردیم فلانی کیم فلانی
اُلار میدان آرا کیم عازم ایلاُپ  سِوشنی اۆزلریگه لازم ایلاُپ
ولیکن اهلی ایمان ایچره مردی  شجاعت‌لیغ زهی صاحب نُوردی
کیچك لیکدن روافض ناز ایدی بس  بهادرلار آرا ممتاز ایدی بس
مبارزلار باشی‌نینك باشی اردی  روافض‌نینك که آفت داشی اردی
غازانگفی گیجه‌لرده رهنمالیغ  غنثردی غازی‌لارغا مُقتدالیغ
علم دور کیم اول اُره بیلگیل اُنی  آمان سعید ایدی صاحب قرانی
گییپ آلاتی حربهٔ باشکوهی  دۆکوپ چون لنکرین مانند کوهی
تکاورنی قیلیپ زیرُ زبر تِك  که دشمان ساریغه چون قیلدی آهنك
دلاورلار اُنینك دوریده ای جان  یورشدیلر قیلیپ چون عزم میدان

اتفاق بیله یتیپ میدان ساریغه    اوروشغالی کیم اول دشمان ساریغه
یاساویدا ن چقیپ نچه زبَردَست    که بولدیلار زبَردَستلرگا پیوست
که القصه نچه سرمست جوانلار    باریشدیلار اوشال میدان سراسر
بـربپ چون بیربیریگا غیرتی تیز    اوروشورغا قیلیپ چون نچه انگیز
باریپ دشمان ساریغه حمله برلان    قغاغا غایتیشیپ چون جمله برلان
آمان سعید دیدی کیم ای قزیل باش    گلیپ کیم خانمیزغه اگدرینك باش
قبول ایلأنك ینه کیم دین‌میزنی    توتونك اخلاص بیله آیین‌میزنی
وگرنه‌غارا سرتیپ باشینی چون    کِسیپ ایتلرگه‌تاشلاپ لأشینی چون
سالار میز غاراگوزلر باشنگزگا    جبین لر غوش غونار کیم لأشنگزگا
که اُندا ن سونك خدا برلا رسولنی    که یاد ایلأپ نچه صاحب اُصولنی
دییپ الله اکبر آت غویوبان    که باردیلار سونوپ نیزهٔ یتیبان
باریپ چون اوردیلار سرباز صَفیغا    یاقین باریپ غارا سرتیپ توپیغا
که اندان سونك تمامی اهلی ایمان    پیاداُ سوارا برلا ای جان
بولار هم آت قویوپ بیردن بیکبار    دیدیلر تکبری الله اکبر
غئران بیله توقشتی‌لار زمانی    قیلیپ کفار باشیغه تیغ‌رانی
خروش بیله چکیپ چون تیغ برّان    کیم اول بردی نیازابن اِوراض خان
اوروپ آلاتی حربه طرفه طرقا    بِتیپ طرقا صداسی نُهْ رواقا
نچه‌لارنینك کمربدن توتوبان    آتیپ سوی سماء منگّالادیبان
مُعلّق برلا غایدیپ یر یوزیگه    بولوبان اوستخوانی ریزه ریزه
اوروپ کلّه بکلّه نچه‌لرنی    آقدریپ کِلّه‌سیدن مغز سرنی
قتال ایلأپ اول أر کیم رستمانه    یاقین‌دور کفر ایلی گلگای آمانه
اوشال هنگام آرا ایکی دلاور    قتران ایلأپ قزیل باشدا ن آلیپ سر

نی‌ستان ایچره دۆشگان اوت ایدیلر   اوروشوردا زهی هیأت ایدیلر
طبرزین‌لیك قیلیپ چون شور شَرلر   قیلیبپ کفار ایلین زیرُ زبَرلر
اُلار باش اُردی ایکی منك کشیگا   نظام ایلأپ اُلارنینك رویشیگا
اسامی‌دور اُلارغه بیلگیل اُنی   آقالی، تأچلی، میراب دیبرلر اُنی
که چقدی بیر طرفدان نرّ شیری   شجاعت‌لیغ زهی روشن ضمیری
سالیب‌داغین قزیل‌باشدان دۆکوپ‌ قان   بوبالدی بر بوزی چون مثل ریحان
قتال ایلأپ زهی هنگام برلا   کِسیپ کُفّار باشین قَمْقام برلا
قوریلیپ لشکری کفار ای جان   غلو تافیپ که اُندان اُهلی ایمان
اول اُرنینك اسم ذاتی چون مقیم دور   قتالیده زهی کیم مستقیم دور
که القصه آقیپ دریای غانلار   چقاریپ کفر ابلی دان کۆپ فغانلار
بیل آخر اهلی اسلام کُشته ایلأپ   که کُشته‌دان دغی کیم پُشته ایلأپ
بوزوپ سربازلاری‌نینك صف‌لارینی   قوریپ دولدریپ اجوق‌لارینی
ولیکن بار ایدی صاحب شریعت   سلوك اِتگان طریقت هم حقیقت
اول اُرا ردی اولوس نینك مقتداسی   ایدی اُنگا هم ایل‌نینك اقتداسی
علم دور کیم اول اُره بولغیل آگاه   دیدیلر کیم اُنگا شیخ عبد الله
اوروشورغه اول اُرهم چقدی ای جان   که بیحد مخلصی‌غه باش بولوبان
اوروش هنگامیدا گلدی یتیپ بس   مریدلار برلا دوردی صف توتوپ بس
دُعاغه ال گۆتاردی زار ییغلاپ   مناجات ایله‌دی افکار ییغلاپ
دیدی ای خالقی کونُ مکانی   اِ رورسن بنده‌لرنینك مهربانی
که برگیل کفر ایلینه سن هَزیمت   ترحّم ایله‌بِر اسلامه قوّت
بحقی ذات پاکینك نینك کباری   بحقی هم صفاتینك کردگاری

بحقی کیم حبیبنك چون محمّد　　که قیلدنك انبیالار ایچره سَرمَد
بحقی حضرتی آدم اتا چون　　بحقی نالهٔ حـوّا انه چون
بحقی نوح شبنحی انبیالار　　که گوْردی کفر ایلیدِن کوپ جفالار
بحقی کیم جلیلنك زار قیلدینك　　که نمرود اوْینی گُلزار قیلدینك
بحقی یعقوبُ هجران اوْیدِن　　که کویدی یوسفم دییپ فرقتیدین
بحقی ایّوبُ صابر بلاکش　　چکیپ چون زخم کِرمك باز بیله غمش
بحقی یونسی ذاکر ایا جان　　دیدی بالق ایچیده آنت سبحان
بحقی ذکر یا، یحییاء مرحوم　　رضائی حق بیله اوْنگاردی موسوم
بحقی آل اصحابی محمد　　بحقی هر نه اتباعی محمد
بحقی اول حدیجه جفت احمد　　بحقی فاطمهٔ بنتی محمد
بحقی چون حَسن برلا حُسین کیم　　ایکی‌سی مصطفی‌غا نور عین کیم
اول اُر قیلدی دعاسیننك تامین　　قولین اِلتیپ بوْزیگا دیدی آمین
دعاسیننك اوقین آنی او حالت　　که یعنی بولدی مقرونی اجابت
مریدلار برلا بیردِن هولاشیب بس　　که آت قویدی تامی کورلاشیپ بس
فرار ایلأپ تامی أهلی کفار　　مسلمانلار اوروپ داغین بیکبار
یِتیپ باردی غارا سرتیپ توفینه　　که یعنی کفر ایلی نینك اونك صَفینه
اوشال وقت بولدی پیدا کیم براُر چون　　قزیل باش‌لار بولوبان دَربَدَر چون
بنه باریپ توتوب توپ دستهٔسیدِن　　چقاردی کفر ایلی نینك رستهٔسیدن
بیل آخر اهلی اسلام خیز آتی شیپ　　قیلچ اوجین دغی کیم تیز آتی شیب
اوروپ داغین که کفار بلگاسیدان　　که سالدی خنداقیغه پس پسیدان
[او کفار لشکرینك گرد یاندی　　که کرفی دك دورولدی سِسی باندی]

بولوپ کُفّار ایلی حالی پریشان    گیریپ چون خنداقیدا بولدی پنهان
گؤروپ بو حالتی شاه‌زاده حمزه    گیدیپ هوشی باشیدان توندی لرزه
که اُندان سونك تمامی أهلی اسلام    غایتی‌لار بولوبان شاد خرام
سِن هم از روی شادی ناظمی بس    مُرتّب قیل بو یرده بر مخمّس

(۱)

* شُکرالله تاپدی نُصرت أهلی ایمانلار بو گون *
* چِکدی‌لر کُفّار باشیغه تیغ بُرّانلار بو گون *
* آقدریپ کفار ایلیدِن لأله تك قانلار بو گون *
* قیلدیلار دشمان ایلین کیم برگا یکسان‌لار بو گون *
* مشکل ایش‌لر حل بولوب کیم بولدی آسانلار بو گون *

(۲)

* بِتدی کُلفت رافضی‌گا بولدی حالی واژگون *
* غم ایب حسرت اودیدا ن غُصه‌سی بولدی فزون *
* باش گؤتارگان غیردین‌لار بولدیلار چون سرنگون *
* هیچ پناهی تاپما ن دوشتی باشیغه قارا گون *
* گیتدی بیزدِ ن کُلفتی غم، گِلدی دورانلار بو گون *

(۳)

* ای فلك چون گاهی گاهی آنچنین شاد ا ت منی *
* اؤتگاریپ غم‌لیغ گونین کیم غمدا ن آزاد اَت منی *

— ۴۶ —

* بهروزلیغ قیلغان النگرِن دغی باد ا ت منی *
* دفع ادیپ شرینگنی کیم خیرنگا ارشاد ا ت منی *
* ایلأدینك کامم تمام چون قویمای آرمانلار بو گوّن *

(۴)

* گِلدی‌لر چون رافضی‌لار کرّ فرّ برلا تمام *
* صف توتوپ سرباز سرهنك برلا سرتیپ خاص عام *
* هم شهی شاه‌زاده‌لار چون نچه حالی باکرام *
* بورتیپ آتشکده‌سین آنچه ایلأپ اهتمام *
* بولمادی هیچ قایسی‌سی دردیغه درمانلار بو گوّن *

بیل آخر رافضی‌لار بیلکیل ای‌جان　قمالیب خنداقیدا بولدی پنهان
بیغیلدیلار تمام ارکان دولت　دیدیلر ای شها کیم اوُتدی‌نوبت
که هر کیم‌نینك گهی بیر نوبتی بار　اوُتیپ چون نوبتی‌میز قیلدی اوبار
دیدی شاه کیم ایا سرتیپ سرهنك　که قالدوق ایمدی بیزلر قیلغالی جنك
قیلالی بیز بو یردن انتقالی　بروْلینك چون نیازمأت قلعه ساری
که اُندان سونك بولالی اؤزگاکاری　فلك برسه اگر بیزگا مداری
ولیکن احتیاط برلا نچه گوّن　توقّف ایلایلی موندا اکنون
دیه‌سین بیزلره أهلی اوباش　خواطردان غاچیپ گیتدی قزیل‌باش
نچه ایام دوروپ سِزْ ساقلایلی　که‌یاغدای برلا گتماك چاقلایلی
ولی بار ا ردی بر ارکان دولت　دیدی کیم ای شها چون من بو حالت
ا شتدیم بیر خبر ناخوش ایا شاه　من آیدای اول خبرنی بولغیل آگاه

گلسز ا رمیش آخالدان چون بیل انی     ییغیب لشکر کیم اول نور بیردی خانی
یاقین دور گلمه‌گی‌نینك وعده‌سی چون     بو گوندور یا صبا دور بیلگیل اکنون
که حالا نکه‌ٔ مرو جهانی     آلیپ دور کیم بیز ایلدن اختیاری
اگر گلسه آخالدان کوپ سواری     قوشولسا ایکی‌سی هم هر نه باری
نه بولغای بیزلرینك احوالمز چون     غایتغان وقتدا اقبالیمز چون
که ترك ایله‌بو برنینك سودینی بس     که استه اوزگا یر بهبودینی بس
توقّف قیلما مونده بیر زمانی     روان بول قایدا برسانك سن روانی
اشدیپ بول خبرنی اول شهی دون     غم بیله غصه‌سی چون بولدی افزون
گنگاش برلا کیم اول چون یاریم آقشام     گوچار بولدی بولوبان چون خون آشام
بویوروپ لشکره شاه‌زاده‌سی چون     قئلا رنی بیلبه‌گان غمباده‌سی چون
که تا وقتی سحر اود یاقماسئنلار     یلاپ‌لادیپ که چاقماق چاقماسئنلار
ولی طیّار بولونك وقتی سحردن     قئلا رمیز انتقالی بیز بو یردن
چقیپ چون خنداقدان آسته‌گینه     روان بولساق که یرنینك پستگینه
بوبوردی پوخته‌لیقدین بیلگانینی     مشرّد آنگلاییپ کیم دشمانینی
عقل‌سز ساده چاشغان بدرکی قل     که آنگلاپ نکه ایلی فکرینی بیل
بارا ردی کیم قزیل باش ذگره سیده     تهمتن‌لیك نیچه سرمد رسیده
فهلاپ کیم قزیل باش جنبشینی     که حیله برلا موندان سوشمشینی
ایبردیلر خبرچی‌نی روانی     که دورمای تکه ایلی بیر زمانی
سواراً پیاده دورماین بس     اگر دورغان ایسه او تورماین بس

یتشسینلریاراغلانیپ بولوب ساز    غونوپ کفار باشیغه برلا پرواز
اوروپ کفار باشیغه تیغ نیزه    قلالینک أنلار بیله کوُپ ستیزه
زماندان سونك همه اهلی مسلمان    پیادهٌ سوارا برلا ای جان
آلیپ کفار ایلی نینك دکروسینی    غوشادیلار بیغیپ پیشُ پسینی
ولیکن دیدیلر چون بیر بیر بیگا    که دورسئنلار همه یرلیك-یربگا
که چقسئن رافضی‌لار خنداقدان    که اُندان سونك باریپ چونکیم سونکدن
یسوه‌ش ایلأپ قیلاّرمیز کارزاری    چقارغای‌میز روافضدان دماری
ولیکن غافل اِردی اهلی کفار    قاچان سُنّی گلیپ بیزلرنی غاوشار
اوشال وقت بولدی دنك نینك غرغراسی    که چقدی نچه یردن توپ صداسی
اول اُردی کیم گوُچارگه بیر علامت    بولوپ چون شورشی روزی قیامت
چقیپ سربازلاری کیم دسته-دسته    بارور یولین توتوپ کیم آسته-آسته
ببیل آخر چقدی لشکر انتهاسی    یابلدی عالما صُبحنك ضیاسی
ولی بار ا ردی اُندا بیر اِسرك    د ییمرلردی أنی خانی سفیرك
نچه یل بند زندان ا ردی اول تن    اوُز ایلیدا ایدی صاحب تهمتن
آلیپ گلدی أنی دمساز اوچین بس    که نکه ایلینه پرواز اوچین بس
اوشال وقت کیم اول ا رنی بند ادیبان    دوُیاگه مندریپ چونُ چند اذیبان
که خنداقدا ن چقیپ بولدی روانی    اثر قیلدی غُریب‌لیق دردی اُنی
گوُزی نینك باشی بولدی دُرّغَلطان    دوُزولگان رشته‌گا چون لوُلوُ مرجان
دماغا بولدی مشغول از تهی دل    دماغیدا ن چقیپ چون بوی سُنبل
دیدی ای حضرتی واجب تعالی    فراقیمنی مبدّل قیل وصالا
که برگیل کفر ایلی‌گا سن هَزیمت    ترّحم ایله بر اسلامه قوّت
اوُزینك آشنالارینی بود قیلغیل    کیمی بیگانه دور نابود قیلغیل

که چقماسدان بورون تاکیم حیاتم    که کفار البندرن برگیل نجاتم
قبول بولدی اول اُرنینك چون دعاسی    بتیلدی چون سحردا مُدّعاسی
اوشال وقتی سَحر جون فیض رحمٰن    که تاپدی اول فیضیدرن قوّتی جان
قیلیپ قوّت اوْزیپ زنجیر طنابین    بوشاتدی بندیدرن کیم ال آیاقین
توروپ جُستك بیریندرن اول زبرَدَست    بِتیپ چون رافضیگا بولدی پیوست
اوروب مشتی أنینك چون یله‌سیدرن    آلیبان خنجرین اوردی پسیدن
چکیب خنجر قزیل باشدان دوُکوپ غان    آقزیپ غاننی چون مثل ریحان
بوزوپ کفّار ایلی نینك هستینی بس    بیرالأپ صفلارینك پیوستینی بس
ولی انَدك جراحت‌ناك ایدی بس    اسیرلیکدرن ولی غمناك ایدی بس
که مونچه سست‌لیغ مردکاری    روافضدان چقاریپ چون دماری
بِتشدی لشکری اسلامه کم‌کم    آریپ-آشیپ او یرده توردی اُمم
بیل آخر اهلی اسلام پی‌لاشیب چون    اتفّاق بیله یاراغلار تیزلاشیپ چون
یوریش بولدی که دشمان ساریغه چون    تماشا قیل اُلار کرداریغه چون
ولی چون مرد جنگی بار ایدی پس    شجاعت‌لیغ زَهی سردار ایدی بس
قیلیب اوُزیگا همراه نچه مردی    زبَردست‌لیك زهَی صاحب توردی
بِتیپ کفار ایلینه ایله‌ری چون    که گوُردی بیر بری پستك‌یری چون
باریپ چون اول یره کیم بولدی پنهان    او توردی دشمانینی آنکدشیبان
غیاث سردار ایدی کیم آدی اُنینك    شجاعت‌لیغ ایدی بر آدی اُنینك
اوشال هنگام آرا کیم اُهلی ایمان    یاقینلاپ باردیلار دِنگالانیبان
غیاث‌سردار چقیپ چون بوسقی‌سیدان    که‌آت‌قویدی کیم اول سر باز پسیدین
گوُروپ کفار ایلی حالاتلارینی    بِتبردی توپلاریغه اوتلارینی

— ٥٠ —

پقرلاپ چقدی توپلارنینك صداسی    یتمشدی کیم فلك‌گا گومی راسی
که بیر توپ‌نینك اوقی‌نینك سرعتیدا ن    غیاث سردار ییقلدی هم آتیدا ن
آتی هم گبتدی سوی پهلوسئفا    یتمشدی بر آنینك غاپورغاسئنا
یریدن توردی اول ار چست چالاك    که کفار ایلیدن بولمای وهمناك
روان بولدی آلیپ داغین زبردست    باریپ چون توپچی‌لارغه بولدی پیوست
اوروب داغین قیلیب شوری طلاطم    نچه‌لر آغزینه چون غاپتوریب قم
نچه‌لرگه اوریپ سیخی روانی    چئقاردی جانی کفار دورمای انی
بیل آخر توپچی‌لارنی قیر ادیپ چون    چقیپ توپغه روانی خیز ادیپ چون
که آلدی نچه توپنی اول تهمتن    ییقیپ چون دشمانی گر بولسه بهمن
اوشال هنگام آرا چون مؤمنان کیم    یتمشدی‌لر فغان دارتیپ چنان کیم
اوتیپ چون توپلاری‌نینك اوستیدن بس    یتیپ کیم رافضی‌لار پستیدن بس
بولوپ چون شورشی هنگامهٔ جنك    بولوپ یکتن همه همناموس ننك
قاجارلار هم چکیپ چون تیغ خنجر    نمایتماین ساواشاردی سراسر
مسلمانلار اوروپ چون تیغ نیزه    غثران بیله قنلا ردیلار ستیزه
بولوپ مغلوبهٔ جنك حدن آشا    فلك برلا ملك قیلدی تماشا
سونوپ آلاندی حربهٔ کالنجومی    که بولغاندك شیاطین‌نینك رجومی
اوشال هنگام آرا چون ایکی آرسلان    غثران ایلاپ قزیل‌باشدا ن دوکوپ قان
بیری سلطان بهادر باشکوهی    بیری فاضل بك مانند کوهی
اوروش ایلاپ چنان هنگام برلان    اوروپ کفار ایلین قمقام برلان
اوروپ چون نیمته دنك جثه‌سینی    چقیپ جانی چقارماین سسنی

روان ایلأپ اُلار جانینی ای جان    جهَنم ساری باریب بولدی مهمان
اُلارگا میزبانلیغ ایله‌گان کس    ا رور چون مالکی دوزخ ایا کس
برورلر جامهٔ اوتدا ان چنانی    یاقارلار کیم کوُمور تِك قیلیپ اُنی
ایچورورلر اُلارغا خون زرداب    کؤیار ایچی داشی هم برلا غاییناپ
بیل آخر کیم اوروش بازار بولدی    غئزغئپ بازاری گلزار بولدی
او هنگام آژدری چون بولدی پیدا    بنه سرخوش سرمست ا ردی شیدا
ایمیش محمد شیخ اوغلی بیلگیل اُنی    قیلیپ کفار باشیغه تیغ‌رانی
گهی تیغُ گهی نیزهِ اوروپ چون    قیلیپ کفار ایلین کیم آستین اوٚستوٚن
قیلیپ چون رافضی‌غا شور-شین‌لار    اوروپ داغون قیلیپ کیم سرنگونلار
که قویمای کیم آلاردی انتقامین    قزیلباش‌نینك‌قیلیپ‌چون‌قتلی‌عامین
نیچه‌لرنی یاتوروپ توٚکّه ایلأپ    نیچه‌لرنی زهی کیم چوٚکّه ایلأپ
قیلج نیزهِ برلا غئرغئن ایلأپ    قاجارلار باشئغا سورغین ایلأپ
دوٚکوردی کفر ایلی دِرن لأله تِك غان    قئلاردی کفر ایلینی برگه یکسان
اوشال هنگام آرا چقدی بیر اُر چون    قیلیپ کفار ایلین زیرُ زبَر چون
مبارزلار آرا کیم اُردی سرَمد    دمیرلردی اُنکا بایی قُل آحمد
گوٚزه‌ر گوٚزگا اوٚزی کیم چملیك اُ ردی    اوروشورغا زهَی رستم‌لیك اُ ردی
نیچه‌لرنی اوروپ پیشُ پسیدِ ن    ییقلیپ کُفر ایلی کیم بِنك سه‌سیدِ ن
ساواشئپ کیم اول اُ ر چون رُستمانه    گتریپ کُفر ایلینی الآمانه
که چقدی بیر طرفدا ن نیچه آژدر    اوروب داغون روافضدا ن آلئپ سر
اُلار دور تاجی گوٚك صوفی مِرگان    همه جنك‌دیدهٔ کیم ایش بتِرگان
اوروب داغو ن اُلار کیم دشمانیغه    که باقماین دغی ساغدان سولیغه

قزیل باشدان آلیپ کیم انتقامین قتلاردیلار اُلارنینك قتلی عامین
بولارغا بانا شیبان اوّج زبَردست قیلیب کفار ایلین کیم یر بیله پست
اُلار محمد رضا بـردی بـهادر اوروشـورغا زَهی خـوش اشتـهادر
بیری خوجه نپس بورقاز ایلیدن قـتال ایلاپ بولار کیم اوّلیدن
اوروپ داغین روافض غارنی دان بس چقاریپ تیغ لارین یاغرینیدا ن بس
ساواش ایلاپ بولار بُهرام گور تك غثران ایلاردیلر سُهراب شور تك
بولار هنگامیدا کیم نیچه سرمست ساواش ایلاپ دوکوپ قانلار به پیوست
بیری مخدوم ایلیدن کیم ناظار دور اوروشوردا زهی کیم الحذر دور
بیری کیم قرتی بای آقا جاندور بولار هرغایسی سی صاحب قراندور
بیریدور بابا جانُ ساده وَش دور که یوقدور حیله سی ایشی ساواشدور
ایدی اول تن یازر خانی ایلیدن مکان اصلی اُنکا گوزسزیدن
بولار کیم دهر آرا یکتا ا رور بس مُبـارزلار آرا ممـتاز ا رور بس
که الـقصه تمامی مؤمـنینی سالیب چون رافضی غه غثرغننی
قاچارغا یوز قویوشدی اَهلی کفار که دوشتی اِللاریدن تیغ خنجار
ییغریلیپ توپلانیپ شاه زاده سیغه یتیشتی لر کیم اول غمباده سیغه
گوروپ بو حالتی شاه زاده سی چون دریغا گیتدی دولت بیزدن اکنون
سراسیمه بولوپ حیرانلیغیدا ن دیدی ارکان دولتغه ینگی دن
چاپینگلار خندق دورمای کیم اُنی که شاد بولغای بیز ایلگا بیر پناهی
قازورغا خنداقین کیم قیلدیلار زور مسلمانلار اوروپ تیغ قیلیپ شور
یتیشتی لر فَریب چون اول گروهنی چقاردیلار روافضدا ن غریونی

— ٥٣ —

بیل آخر خندراغا بِتمای تماماً    بِتسردیلر اول ایلنی قتلی عَامَاً
اوشال حالت کیم اول شاه‌زاده‌سی چون    قاراپ اطرافیغه کیم بیلگیل اکنون
دیدی شیپورچی‌سئنا ای فلانی    چاقر شیپور- ذیل بیله اِلآمانی
اوشال هنگام آرا چقدی صدای    چالئپ شیبورچی‌سی صورنای نای
اواردی شیپورین صوری اسرافیل    صدابی گونه-گونه اندران بیل
دیدی شیپور-دبل بیله تکه ایلی    آمان برلا ببیزه بسرگیل سبیلی
گیده‌لی بیز بو بردرن ایشیمز یوق    سزینك برلا اوروش رویشیمز یوق
که هر نه آلسانك آل طِلاً زردِرن    آمان برلا اوتور خوفی گُذردرن
آمان بر ایدی گلدوك الآمانه    که بولدی ببیزلره آخر زمانه
آمان بِر توبه قیلدوق چون نصوحی    امان برلا ببیزه برگیل فتوحی
امان سعید دیدی ای اَهلی شیعه    شیاطین تِك که دوّشدینك تشویشیغه
که آلدینك بویوننگا چون طوقِ لعنت    قبول اولماس سنینك توبانك بو حالت
دیدی شاه کیم، ای خان بیك لر    ینه سرتیپ سرهنك بیلگولیك لر
بو یرده دورماق ایدی کیم ساویق دور    محل‌سز صیحه قیلغان چون تاویق دور
خروس قیلسه محل‌سز صیحه‌نی بس    اورورلار ایل اُنی اوْلدورگالی بس
فلك آخر بیزی بی جان قیلدی    غارا یره اوروپ یکسان قیلدی
سبیل غویدی همه اسباب شاهی    دغی خرگاه چادر بارگاهی
ینه کیم آلتمیش آلتی توپلاریمنی    نچه سرباز سرتیپ صفِلاریمنی
شکست ایلأپ اُلارغا بولدی مالك    اگر ذورباق قیلار بیزنی کَذالِك
بو سوْزلرنی دیدی قیلدی تحرك    دولاندردی آتین مانندِ فرك
فرار ایلأپ اوشول کیم ماجرا چون    نچه تن برله اول ماتم‌سرا چون ،

تـوتوپ دریا کناربن اول شهی بوم — که مردم چشمیدن چون بولدیلارگم
چوبون گیتدیغوبون غالدی باشیغه — مسلمانـلار تـوقشتی غنئش غشیغه
که یتمیش منك دغی سربازلارنی — نچـه خـانُ بـسـكْ ممتـازلارنی
اسیر ایلأپ مسلمانـلار أنی چند — که سالدیلار اُلارنینك بویونغا بند
ایـبــردیـلـر أنی خـیـوق بخـارا — ساتـئـش برلا که قیلدیلار آوارا
بهاسی بولدی اُنلار بیر خری چون — که اُندان هم بولوبان کمتری چون
یـنـه نچـه قاطرلار بـار بـرلان — که یـؤکلانگان زری خروار برلان
کیما دولت غوشی غوندی بیکبار — اوزرلرنی آلیبان قیلدی ادخـار
که یتمیش منك دؤیا اخال‌لارینی — اورولـغـان بی‌بـهـا امـوال‌لاریـنی
قیلیپ قـسمـت أنی اهلی مسلمان — بـولوبان چون نچه شادان خندان
که یوز منك‌دن آشیپ سانی یاراغلار — دؤشوردیـلـر قیلیپ کیم تمتراغلار
نچه منك تیغی‌دم گیر جوهری‌دار — نچـه مـنـك نـیـزهٔ دوروره خـنجـار
نچـه مـنـك پیجاق دنـدان صافلیغ — مخـلـل دسـتـلـیغ طـلا غلاف‌لیغ
نچه منك چاقماق‌چاشنی تؤفانگی — قـوشـا نی‌لیـك طـپـانچـهٔ پـرنگی
نچـه منك قـالغانُ زر قوبّه‌لیق‌نی — سویت سابا چهار آینه جُبه‌لیق‌نی
نچه کیم منك دغی شاغال‌لارنی — نچـه تـوپُ زمـی‌رك بـارلارنی
بـولارنی اُولجه ایلأپ أهلی اسلام — قیلیپ قسمت بولوبان شادُ خَرام
نچه منـك جامهٔ طلّا مطـلّل — چکـیـپ چون دوریگا شیـرازه اَرحَل
نچه نوعی متاعی خوش قماشلار — نچه اطـلـس زربفت‌دن فراشلار

نچه منك جامهٔ ماویت فرنگی    گورونوپ هر بیری کیم نچه رنگی
نچه منك چادری قیمت بهالیغ    که اطلس برلا شملادان بنالیغ
دَعی چندا ن کلام اللّهُ خوش خوان    که طلا زر حِلی طلا زرفَشان
نچه قصّه کتابی خُوش مُجّلد    چکیپ تصویر صورت اُندا یحد
بیل آخر چون آلیپ مالی غَنیمت    که درویش اهلی بولدی اُهلی دِوَلت
غَنی‌لار بولدی ممتازی خلایق    بولوپ چون خانُ بك شالیق‌غا لایق
ولی نچه سعادتلیغ بیل اُنی    شهادت شربتیدِن ایچتی جامی
ا شتیپ بول خبرنی بیل ایا کس    دیدیم اِنّا الیه راجعون بس

تَمّت الکتاب بعون الملك الوهاب والله اعلم بالصواب

* جمشید تختی بسورجی‌ده بای‌غوش اورار هر دم ندا *
* بهرام قصری اوجی‌ده اوْرگنجی ایلاُپ‌دور وطن *
* اشرقت من عکس شمس الکاس انوار الهدا *
* یار عکسین میده گوردیپ جامدان چقدی صدا *

آلهی ناظمی قُلنی بو حالت    ثوابی غازی‌لارغا قیل شراکت
تَمّت    تمام

و ینه موندان اوّل قرّی قُلاغاغاجار جعفر قلی خان غوشون یعنی لشکر چکیپ گلندہ گوگلان خلقی بمونه تکاجاپار آطلی ایبریپ دور بو خبرلاری نور بردی خانا بتگاچ اون مینك لشکر بیله قرّی قلاغا باریپ جعفر قلی خان لشکرینی سیندوردی و ساری توپینی آلدی شول وقتده باملی طائفه‌دان جُرّه بك دیگان آدم بو سوزینی آیدبدور آدینی الله بردی دیپ گنورور ایکان غزل الله بردی بو تورور :

قولاق سالینك قوچ یگیتلر سوزیمه  تانگری نظرسالغان اُردی نور بردی
ایله دولت گلیپ دوشمان سیناندہ  انه‌درن بخت بیلن دوغدی نور بردی
ایران خانی جعغر قلی اسملی  قهر غضب بیلن جایندان توردی

لشکر دارتیپ قرّی قلاغا سوردی  شول زمان آخالدا باردي نور بردی
دوردی خانُ بخشی مرکان بگلری  خبر اشدیپ خوفه دوشدی جانلاری
چاپار آطلی نامه یازیپ گوندردی  احواللار خوش ساعت تکدی نور بردی
خبر گلدی نور بردیگه شول زمان  تمالاتمالا جار چکدوردی بول همان
حکُمین توتیپ کوپ یگتلر خوش الحان  بر زمان اگلانمای سوردی نور بردی
گوگلانك کدخدالاری یشواز چقیپ  کمی گوروشیپ کیم اورتادا یقیلیپ
کیمسه‌لری زار گریان آغلاشیپ  عجایپ احواللار گوردی نور بردی
ساواش بولدی قرّی قلا اوستینده  المدام گزردی کافر قصدینده
شمشیر اوینادوردی کافر دستینده  دونیبان قصد بیلن غتردی نور بردی
یموت گوگلانك تکه بیله باش غوشیپ  اوچ سوپون خان جمع بولیپ سوه‌شیپ
قزل‌باشلار زار گریان آغلاشیپ  آشتردی چندردن ناری نور بردی
دوشمانلار دفع بولدی غملار ساویلدی  شاعرلار[5] نظم ادیپ دستانی یازدی
گوگلانك خلقی عزت اکراملار قیلدی  خوشلاشیپ آخاله سوردی نور بردی
الله بردی سوز اوزاتمه قصر ایله  هر صبح شام یادین اوقیپ ذکر ایله
غایرلا باقیپ اوز اوزینگه فکر ایله  ساری توپ آلیبان یوردی نور بردی

نور بردی خان ایت‌یللی‌ده وجودغا گلیپ اندن توّلد تاپدیلار گوکنپه دعوادان آلتی آی اول هم فنادان بقایه رحلت قیلدیلار [وفات بولاندا آلّی بأش یاشندا بولدی] لو یللی ربیع الآخر آیندا. گوکنپه‌ده بولان فُضلالار فقیر فُقرالار ماتم توتیپ اعزاز اکرام بیله نماز جنازه اوقیپ میدینی گونوربپ ـ گتربپ نور بردی خان کارزینك آرقا طرفندا بولان مزار ستانلیقدا دفن قیلدیلار. حق رحمت اینسیین. اول وقتدا آق مُلّا دیگان ملاسی بو غزلینی اوقیدی ؛

ذات پأکیندن یارانمیش حق سنی نور بردی خان
غایب أرلر هم نظر سالغان سانگا نور بردی خان
صحبتی اهلی سلوك ذکری ثنا نور بردی خان
جمله خلق حیران بولان طوطی‌نوا نور بردی خان
چون مبارك آد آلان عالمده شاه نور بردی خان
آوازۀ عالمه اظهار بولان یزدان ابدی ،
کُلّی کفّار أهلینه لشکر چکن مردان ابدی ،
قوینه چغغان قورت کبی کفر اهلینه غُرّان ابدی ،
نواسندان برگُوك تترار ملك حیران ابدی ،
بو صفت لایق بولان رستم کبی نور بردی خان .
جنك سلاحی إگینده راست قولدا آللاز المدام ،
باشدا تأجی سلطنت اگنینده آطلاز المدام ،
منگانی مثل براغ ایشکده طیّار المدام ،
عاقلی دانا اوُزی خاطردا حاضر المدام .

هم سخنور أهلنینك گفتاری اول نور بردی خان
كوْپ شهر آلدینگدا عاجز هر بانگا قویسانك قدم
شاه نصر الدین بیله ساریق سالور اهلی تُنم
تاجك اوْزبك شاه لارینداان گلسه پیغام صبح شام
اهل هندو هم حبش آرزو قیلارلار دمبدم
وصلینگا محتاج ارور رومی فرنك نور بردی خان

مثلی شیر دیك پنجه‌سی اورغاندا گچدی داشیدان
آج غاریبلار گیچه-گون سیراب بولوردی آشیدان
جمله‌گا مشفق اوْزی هم مهربان اوّل باشیدان
قهر بیله سالسا نظر گورگان گیزر اوْز هوشیدان
هیچ انادن دوغمادی سندیك بر أر نور بردی خان

اصلی نکه منزلی آخالدا حاکم دور اوْزی
بی عقل نادانلارینك جانین جدا قیلدی اوْزی
بعضیلار قورقیپ مطیع بولدی. خداغا دوْیدوزی
شول زماندان دیرگی شهرت تاپیپ هر بر سوْزی
حُسنی خوب لفظی شرین‌نینك باری سن نور بردی خان.

آخری ڤهفه فلك تخت بیله تاجینك نیلادی
تکدی بر بادی خزان عمری نهالینك نیلادی
بی مثال دیپ عاجزی کاتب مثالینك نیلادی
ذوق شوقی جانشا راحت غاریردانینك نیلادی
قیلدی یکسان بو أجل کوپ شاهلاری نور بردی خان

## سوال تکه شاعری

دعا سلامم اغا نیاز بگه سوبون خان‌نی آلپ چیار جوبه گوچسین
آیدینك یغمور بگه عمر خان داغی آرنه‌قلی بیك آلیپ آمی‌دان گیچسین
غالتامانه باس دیپ اوردیلار جاری تکه سرخس یوقدور ساریغه ماری
خیوه یورتنی بر اوی سالان یری آیدینك مقصود خانه خوارزمه گوچسین
برلاقام ایشنه بیلینی غوشان جدلده اولمابان قرق یشلیك باشان
خلیفه‌نینك اوغلی نرس گنگاش ایشان اول باریپ سوونی قروغدان ایچسین
خراسانلی خلقی بر بدلغم ایلدور غانلی بلش‌سن گوچسینك چیار طرفی بوللور
بدنك خلق شول ایشدن گنه‌کارد الدور اول غایدیپ گیلسینده شبرنگ دوشسین
آلاشا بولانی حسابا چیقدی بایراج نینك بولانی ایکی مینك چیقدی
غوشا زنا ایدن حرام خور سقطی جمشیده باش بولوپ داغلاردان آشسین
قل دوان دیر ینگی‌دان سفر قیلسام ایکی سفر قلسام سقطی‌نی آلسام
اونامیش توغتامیش بالغمش بولسام مگر حاصل اینسبم آراما چاشسین

## جوابی ساریق شاعری

بزدن دعا سلام نور بردی خانه　سابری‌سین سابلاسن آخاله گوچسون
آیدینک سفرگه غارا شیگانه　بردی نیازنی آلیپ‌غارشی‌دان گچسون
یارامز سالغده خرج خراجا　یابرولارینگز بابری بیلماز غبراجا
وکیل، بیگی اوراز مراد غاراجا　کلنده دورماسین در کز آشسون
ملّه بر میراندور اونوران اودک　خوجه نپس بورقازاول هم بر ملق
تاج گوک سردار بیله بگمراد گودک　سچمز باش بولوپ کابل‌دان آشسون
اونوروپ فکر ات مسکننک نیره　آغزینک دیلینک یوقدور بزه زاد دیره
طبران نینک‌شاعیندان کوپ الدینک جیره　آیدینک قوشل خانه قزوینه گوچسون
سرخسدا کسلدی نچه بر مینک‌باش　لینک آزان بولسه بنه بر یاناش
اسلیمده اولاننک ال باسده سیناش　دریا چوزغن‌لارینک بادینگا دوشسون
بو نه ننک عمر دور بو نه ننک حالدور　غونگوردا کوله برغوجاق حیالدور
سقطی هم اول ایشدن گنه‌کار دالدور　کونوکدن یالاسین سودیندن ایچسون

غارا اوغلان دیر ایدی آد آلان تکه　شاه‌لارنی سیندریب باد آلان تکه
ساریغی تیرسه‌کلاپ شاد آلان تکه　قوچ مایه بارمانغا ماریدان گوچسون

---

معلوم بولسونکیم قوشیت خان‌نینک دیلیندن آی حمزه مرزه آی‌غارا سرتیپ ای شهزاده سپاپیلار: سیزلری ناصرالدّین شاه غوشونلاربنا باش قیلیپ بر نچه خرجی خراجات چکیپ گلیپ دورورسزلر ایدی هم بر نچه وقتلار-دان‌باری اول کونه خرابه‌دا نه ایش قیلیپ یاتیپ دورورسزلر نه سببدن مونچه وقتغچه خبرلاشمان سوزلشمان کرنای صورنای چکیپ دورورسزلر ایدی سزلر اوروش قیلجاق بولسانگز اندا اوروش قیلالی.




نوربردی خان ۱۸۲٦ ـ نجی یلدا " مکین " اوباسنددا دوغولیار، اول تکهلرینگ توغتامشیره سینینگ وکیل اوروغندان بولوپدر۰ اجهسی نینگ آدی چاغا گول اکن۰ نوربردی ۳۵ یاشنددا آخال ایلاتینا خان سایلانیار۰ اوندان اوزالقی خانلار: غاراجا سردار، صالح سردار، غاری اوغلان اونبگی، آق محمد سردار، عوض صالح سردار، نوربردی ۰

نوربردی خاننگ ۳ عایالی بولوپدر. نار (مخدومقولی خاننگ اجهسی) رابغه، گول جمال (خان) ۰ گول جمال ۱۹۱۳ ـ نجی یلدا (۷۵ یاشنددا) ماری ننگ حاکمی حوکومینده غودراتلی عایال بولوپ یاشاپدر۰

نوربردی خاننگ ۳ سانی مورزهسی (میرزا، کاتب) بولوپدر آق ملا، ملا ـ عوض قاضی، قول مراد قاضی ۰

---

۱ ـ مخدومقولی خان گوک دپه غالاسی ستناندان سونگ، اوروسلار طاراپندان زاکاسپی غا (حاضرکی، تورکمنستانا) حاکم ادیلیپ بللنیار۰ شیله ـ ده مخدومقولی خان تورکمنلر طاراپندان پتربورگ مجلیسینه وکیل بولوپ گیدیپدیر۰

۲ ـ غاری خان تورکمنلر طاراپندان ایلچی بولوپ روس پادشاسننگ یاننا بارپدر۰